**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN**
**DÖWLET UNIWERSITETI**

**ENEGÜL AŞYROWA**

# MEDENIÝETI ÖWRENIŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**2010**

**Aşyrowa  E.**
**Medeniýeti öwreniş.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.–A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
116 sah.

# Giriş

## “Medeniýedi öwreniş”

Bu sapagyň uniwersitetiň okuw maksatnamasyna girizilmeginiň esasy sebäbi Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň durmuşynda medeniýetiň, ruhy-ahlak gözellik medeniýetiniň rolynyň artmagy, talaplaryň güýçlenmeginiň netijesinde geçilýär.

Medeniýeti öwreniş pelsepesi jemgyýetçilik ylymyna girýär we medeniýetiň umumy ösüş kanunlarynyň nämedigini, düzümini, düýn mazmunyna we wezipesini açyp görkezýär. Bu ylym tebigat bilen medeniýetiň, medeniýet bilen diniň milli we umumy adamzat medeniýetini mynasybetli makalalar.

“Medeniýti öwreniş” sakasy medeni mirasy, medeniýetde däp-dessurçylyk we täjirçilik meselelerine filosofiki-nukdaýnazargan çemeleşýär. Onuň garap geçýän başga bir düýpli meselesi medeni gymmatlyklar we kadalar ulgamy hem-de olaryň şahsyýeti medeniýetleşdirip ähmiýetinden ybaratdyr.

“Medeniýeti öwreniş” sapagy galyňlaryň medeniýetiň nazaryýeti taryhyny öwrenmekde gadymdan gelýän medeniýet baradaky taglymaty esas edinýär. Ruhy pikirleniş meselesinde ýüz berýär.

“Medeniýeti öwreniş” sapagynyň bilim ulgamyndaky orny, onuň talyp ýaşlara medeniýetiň ähli düzüm pudaklaryna jemgyýetçilik aňynyň ähli görnüşleriniň garaşsyzlyk syýasatynyň, hukugynyň, ahlagynyň, gözelliginiň, ylym-biliminiň, edebiýatyň, sungatyň düýp mazmunyna we wezipesine doly düşündirmeginden ybaratdyr. Sapaklarda bu dersiň

öwrenilnegi Garaşsyz Türkmenistanyň adamlarynyň raýatlyk we ahlaklylyk häsiýetlerini borçlaryny we wezipelerini kämillleşdirmekde, watançylyk ynsançylyk duýgularyny ösdürmekde iňňän uly ähmiýete eýedir.

Dünýä medeniýetiniň taryhyny öwrenmegiň her bir aýry medeniýetiň ösmegi, aýry medeniýetleriň her bir milli medeniýete täsiriniň etmekliginiň oňaýlydygy, akyl ýetirmekde, kämilleşmekde uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek bolar.

Bize diňe öz milli medeniýetimizi, milli ruhy, ahlak, gözellik gymmatlyklarymyň bilmek ýeterlik däldir. Dünýäniň gadymy halklarynyň Müsüriň, Hytaýyň, Hindistanyň, Orta asyr arap, Eýran we beýleki halklaryň medeniýetini öwrenmek hem ähmiýetlidir. Ozaly bilen san arassa medeniýet ýok. Her bir milli medeniýete beýleki halklaryň medeniýeti öz täsirini ýetirýär. Milli medeniýet bilen umumy-adamzat medeniýeti ösüp özgerip dünýä Beýleki ýurtlarda we olaryň halklary-da inçe ýollaryň dowamynda dürli maddy we ruhy gymmatlyklary, kadalary toplaýar. Şol tejribeleriň öwrenilmegi we olaryň öz medeniýetini ösdürmek üçin peýdalanmagyň medeni ösüşi hereketlendirýär. Ine, medeniýetiň taryhyny öwrenmek bize şu mümkinçilikleri berýär.

## Galkynyş eýýamynyň  medeniýet baradaky taglymaty

"Medeniýet" diýen söz hemmelere belli, giňden ulanylýan, hemmeleriň dilindäki söz. Bu söz möhüm döwlet resminamalarynda-da, gazet-žurnallarda-da, radio-telewidenýede-de, syýasatçylaryň, alymlaryň, sungat işgärleriň çykyşlarynda hem bir syhly ulanyp gelinýär.

Bütin adamzat jemgyýetçilik pikirlerinde "medeniýet" diýen söz oňaryp-bejermek, gowulandyrmak, kämilleşdirmek, ýagny topragy, mellegi, adamy oňaryp-bejermegi, adamy kämilleşdirmegi aňladypdyr. Medeniýetiň uly "adamdöredijilik", "adamy adamlaşdyryş" wezipesi we borjy mydama-da has hem biziň günlerimizde uly ähmiýete eýe boldy.

Medeniýetiň gelip çykyşy, ösüşi, many-mazmuny, jemgyýetçilik wezipeleri baradaky mesele dürli zamanlaryň akyldarlarynyň, alymlarynyň, edebiýat we sungat işgärleriniň ünsüni özüne çekip gelipdir.

Elbetde, bu meseläniň gapdalyndan türkmen klassyk medeniýeti-de biperwaý geçip bilmändir. Halk medeniýeti, Andalyp, Azady, Magtymguly we beýleki akyldarlarymyz "medeniýet" sözüni ulanmadyk hem bolsalar, olarda ol düşünje "çyn adam", "kämil", "bakyp-bejermek" ýaly adalgalar arkaly berilipdir. Degşirip göreliň: "Adam bol", "Çyn adama her wagt adamlyk derkar", "Adam bolup adam gadryn bilmeýen, ondan-ki otlap ýören mal ýagşy", "Kämil tapsaň, goý ýolunda başyny, är ýanynda gezseň, är dek bolar sen" diýen Beýik Magtymgulynyň setirleri doly tassyklaýarlar.

Garaşsyzlyk we Baky Bitaraplyk zamanynda "Beýik maksady dünýä edebiýatynda nusgalyk keşbi gözlenýän ruhybelent, beýik maksatly, gaýduwsyz naýbaşy ynsany ýetişdirmekden ybarat bolan" täze döreýän Garaşsyzlyk medeniýetiniň ähmiýeti barha, gitdigiçe artýar.

Garaşsyzlyk eýýamynda medeniýetiň artmagy, ozaly bilen, adamlaryň aňynyň, ruhynyň üýtgedilmegi, her bir türkmeniň milletiň taryhy ykbalyna, milli döwletine, jemgyýetine, onuň bütewligine, agzybirligine, jogapkärli

çemeleşmegi, biziň her birimiziň türkmeniň geçen ýoluny, şu günki döwrüni deňişdirmäni başarmagymyz, türkmeniň geljegini, milletiň bähbidiniň her bir adamyň bähbidine baglydygyny bilmegimiz bilen baglydyr. Adamyň ruhy azatlygyny-da gazanmaly, SSSR-den galan ruhy göýdükliklerden we ýasama, howaýy aňdanam saplamalydyrys.

Jemgyýetde parahatlylygy, asudalygy, agzybirligi saklamakda, nogsanlyklary ýoga çykarmakda, içki tertip-düzgüni kadalaşdyrmakda esasy ygtybarly serişdäniň medeniýetdigini hem belläp geçmelidiris. "Ylymdyr bilim, medeniýet bilen ahlak terbiýesi XXI asyrda türkmen jemgyýetini ösdürmegiň esasy ugurlarydyr... Şu babatda medeni-ruhy ýörelgeler biziň üçin has möhümdir"

Ykdysady materializmdan ugur alan sosialistik medeniýetiň döreden ruhy gymmatlyklarynyň aglabasy garaşsyzlyk medeniýetiniň kemala getiren ruhy baýlyklaryna bap gelmeýär. Beýleki bir tarapdan, ýaňy-ýakyna çenli-de gündogar medeni gymmatlyklaryny we tejribesini äsgermedik günbataryň öz bimamylydygyna düşünip, nukdaýnazaryny üýtgetmäge mejbur bolmagy-da häzirki wagtda medeniýetiň wajyplaşmagynyň sebäpleriniň biridir.

Garaşsyzlyk zamanynda aýgytlaýjy üns millilige, öz-özüňe düşünmäge, medeni gözbaşyňa dolanmaga, milli medeniýetiň dikeldilmegine, medeni miras meselesine berilýär. SSSR döwründe milli medeniýet özüniň baý, many-mazmunly dini-pelsepewi mirasyndan üzňeleşdirildi. Iki medeniýet nazaryýetinden ugur alynyp, ahlaky-ruhy mazmunly yslam medeniýeti, klassyk medeniýetimiziň dini mazmunly eserleri medeniýetden kowlup çykaryldy. Hakykatda bolsa milli-dini pelsepewi

pikiri türkmeniň hem içki, hem daşky dünýäsini kadalaşdyryjy, çelgileýji usulydyr. Ol pikir durmuşyň manysyna we maksadyna düşünmäni öwredýän pikirdir. Şunuň esasynda türkmen dünýewligi, erkinpikirligi, ruhanylaryň jemgyýetde syýasy, ykdysady we medeni agalygyna ymtylyşyna garşy nazaryýet döräpdi. Şunuň üçin-de Garaşsyzlyk zamany milli medeniýetiň nazaryýetini we taryhyny hakyky, täzeçe, ylmy nukdaýnazardan işläp düzmegi talap edýär.

Medeniýetiň üns merkezinde bolmagynyň sebäbiniň biri şundan ybaratdyr: Türkmeniň durmuş tärine, häsiýetine ýat bolan buržuaz köpçülikleýin medeniýeti dürli ýollar arkaly: tele-radio, köçe edebiýaty, gorkunç, elheder, wejera, utanç-haýasyz sungat "eserleri" zynjyr-demerli. eleşan sallam-saç eşikli aýdymçy sazandarlaryň "konsertleri" arkaly biziň ýaşlarymyzyň aň-düşünjesine, kalbyna ruhysyzlygy aralaşdyrmaga, çalyşýar.

Häzirki döwürde medeniýete iňňän üns berilmegi global meseleler we olaryň çözgüdi bilen baglydyr. Diňe, ýeke bir ýurduň däl-de, eýsem ähli halklaryň, bütin adamzadyň ýaşaýyş bähbidini we howupsyzlyk kynçylyklaryny çözüş meseleler toplumy dürli döwletleriň we dünýä bilelişiginiň tagallasyny talap edýär. Türkmenistan global meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygyna işeňňir gatnaşýar. Parahatçylygy gorap saklamakda mätäçlik çekýän ýurtlary azyk, energiýa, çig mal baýlyklary bilen üpjün etmäge gatnaşjakdygyny, beýleki halklaryň medeniýetine, däp-dessurlaryna, ahlak gymmatlyklaryna hormat goýýandygyny yglan etdi.

Ine şu getirilen sebäpler garaşsyzlyga çykylandan soň medeniýete, onuň ýagdaýyna sagdyn çemeleşmäge we

ylmy nukdaýnazardan garamaga wagtyň ýetendigini görkezdi.

Garaşsyzlyk we Baky Bitaraplyk eýýamy şertlerinde türkmen döwletiniň umumy, baş maksady ýurtda dünýewi, hukuk, demokratiki döwleti döretmekden, adalat jemgyýetini kemala getirmekden, täze milli ruhyýeti berkar etmekden ybaratdyr.

Garaşsyzlyk eýýamynyň öňe süren bu wajyp meseleleri medeni wezipeler, maksatlardyr hem. Çünki ol maksatlaryň berjaý edilmegi zähmetkeşleriň ruhy-ahlak düşünjesiniň, zähmet tejribesiniň, ukyplarynyň ösüş derejesi bilen aýrylmaz baglanşykdadyr.

Biziň jemgyýetimizde kemala getirilýän medeniýetiň esasy wezipesi - jemgyýeti ruhy babatdan düýpli täzelemek, adamlaryň içki ruhy dünýäsini, "Menini" üýtgedip gurmak, döredijilik ukybyny oýarmak, şahsyýeti ýokary derejede işeňňirleşdirmekdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Garaşsyzlyk medeniýetiniň wezipelerini we talaplaryny takyklap, şeýle kesgitleýär: "Häzirki pursatda diňe bir döwlet gurujylyk däl, eýsem milleti döredijilik işi talap edilýär. Çünki millete has uzaga gidýän ruhy ýörelgeler we gözükmeler zerurdyr. Döwür näçe çylşyrymly bolsa, şonça-da has uzaga seretmeli we has uzakdan görmeli bolýar. Şeýle görüş bolsa diňe düýpli ruhy iş arkaly, diňe taryhy-ruhy pelsepe arkaly mümkindir".

Şeýlelik bilen, türkmen milli medeniýetine hakyky suratda gyzyklanma we hakyky üns garaşsyzlyga eýe bolunandan soň berilip başlandy. Bu üns milli öz-özüne düşünmegiň ösmegi, milletiň taryhy geçmişine umumy gyzyklanmanyň güýjemegi bilen baglydyr.

Garaşsyzlygyň alynmagy, täze medeni gymmatlyklaryň kemala gelip başlanmagy, milli türkmen medeniýetiniň taryhyna gyzyklanma medeniýete täzeçe çemeleşmegi, şonuň esasynda bolsa milli medeniýetiň nazaryýetiniň we taryhynyň ylmy nukdaýnazardan işlenip düzülmegini talap etdi. Bu talap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan milli medeniýetiň we onuň gazananlarynyň esasynda işlenip düzüldi. Biz oňa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymaty diýýäris. Milli medeniýeti saklamakda we ýaýratmakda diliň, diniň orny ulydyr. SSSR-iň ýöreden ateistik taglymaty asyrlar boýy utgaşykly ösüp gelen milli medeniýet bilen sowetler döwründäki medeniýetiň arasyny üzdi, ýagny mirasgeçirijiligi ýola çykardy. Ateistik palta milli medeniýetiň, pelsepäniň, taryhyň, ata-baba dini ygtykatlarymyzyň köküne urdy. Şeýdibem medeniýeti, ruhyýeti saklamakda we ösdürmekde wajyp serişde bolan din derkarsyz, medeniýetde dahyly ýok, ruhysyzlygy döredýän güýç kimin medeniýet meýdanyndan kowuldy.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň dini syýasatynyň, wyždan azatlygy kanunynyň örän uly medeni ähmiýeti bar. Diniň taryhyna ylmy jähetden çemeleşmegi, yslamyň türkmeniň taryhyna, çeper edebiýatyna, däp-dessuryna, dünýägaraýşyna täsirini dogruçyl açyp görkezmegi maslahat berýär. Ol türkmen üçin yslam dininiň medeni ähmiýetiniň uludygy mälimdir. Biziň halkymyzyň, medeniýetimiziň taryhy yslamyň taryhy bilen ençeme asyrlaryň dowamynda utgaşyp gidýär. Yslamyň taryhyny, onuň mukaddes kitaby Gurhanyň mazmunyny bilmezden, türkmen halkynyň taryhyna, onuň medeniýetine we sungatyna göz ýetirmek mümkin däl."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň dini medeniýetiň wajyp pudagynyň biri hasaplamagy, yglan eden din baradaky syýasaty, wyždan azatlygy kanuny, diniň dikeldilmegi ýurduň dini durmuşyny düýpli özgertdi. Köpçülikleýin aňda döwlet ýolbaşçysynyň abraýyny arşa göterdi, ruhanylaryň terbiýeçilik babatynda işeňňirlegini güýçlendirdi. Şunuň bilen birlikde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy din, buthana, ruhanylar barada her bir çykyşynda diniň döwletiň syýasatyna, ykdysadyýetine, bilim işine gatnaşmagy hökmünde garalmaly däldigini birsyhly ýatladyp gelýär.

Türkmenistanda Garaşsyzlygyň gazanylan ilkinji gününden başlap, türkmen halkynyň taryhynda täze many-mazmunly Garaşsyzlyk milli medeniýeti kemala geldi we ösüp başlady. Jemgyýetiň durmuşyny özgerdýän bu täze, medeniýeti döretmegiň, saklamagyň, ýaýratmagyň, alyş-çalyş etmegiň düýpgöter täze görnüşidir.

Geliň indi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky pikirlerine garap geçiliň.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymaty türkmen medeniýetiniň taryhyny we nazaryýetini öwrenmekde wajyp usulyýet ähmiýete eýedir. Onuň bu meselä degişli işlerinde medeniýetiň ösüş kanunlary, taryhy döwürleri, türkmenleriň dünýä medeniýetine nämeleri berendigi we ondan nämeleri alandygy, türkmen jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri we olaryň häsiýetli alamatlary, milli medeniýetiň dürli gatlaklary, medeni miras we ş.m. beýlekilere garalyp geçilýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy esasy ünsi kemala gelýän Garaşsyzlyk medeniýetine, onuň mazmunyna, düzüm böleklerine, wezipesine, döwletiň medeni syýasatyna berýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy milli medeniýet barada pikir ýöredende etniki degişliligiň we özboluşlylygyň medeniýetiň esasy tarapynyň biridigini, emma milli medeniýetiň beýleki halklaryň medeniýetinden üzňe ösüp bilmeýändigini, olaryň özara täsirlidigini nygtaýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň belleýşi ýaly, milli medeniýet ençeme gatlaklardan: halk medneiýetinden, ýokary saýlantgy medeniýetden, köpçülikleýin medeniýetden ybaratdyr. Medeniýetiň şu gatlaklarynyň hemmesi adamlaryň we ýurduň medeni derejesini ýokarlandyrmaga, ruhybelent şahsyýeti kemala getirmäge, "adamy adamylaşdyrmaga" işjeň gatnaşýarlar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özünde ata-babalaryň toplan tejribesini medeni miras, däp-dessurlar, adat görnüşlerinde saklan we nesilden nesile geçirip gelýän halk, köpçülikleýin medeniýetine şeýle-kesgitleme berýär: "Köpçülikleýin halk medeniýeti hem aýratyn ähmiýete eýe bolup, medeni mirasyň möhüm bölegidir. Ol halk bilen bir jan-bir ten bolansoň, ölmez-ýitmezdir. Weýran ediji basybalyjylykly çozuşlar hem, uly sarsgynlyklara getiren syýasy özgerişlikler hem onuň, öňüne doly döwlet bolup bilmeýär."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň milli medeniýetiň ýokary gatlagy we onuň wekilleriniň medeniýeti ösdürmekdäki ähmiýeti barada hem gyzykly pikirleri orta atýar. Bu medeni gatlaga öňde barýan medeniýet we ony döredijiler girýär. Onuň wekilleri ylymda, edebiýatda, sungatda işleýän, medeniýetiň şu ugurlary bilen ýörite meşgullanýan, medeniýetiň naýbaşy eserlerini döredýän iň zehinli şahslardyr. Olaryň öz edebi, sungat, ylmy mekdepleri, ussahanalary bolup, has ýokary

medeniýeti işläp düzýärler. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy köplenç halatlarda medeniýetiň şu gatlagynyň döredijileri Jelaletdin Rumy, Ýunus Emre, Baýramhan, Andalyp, Azady, Magtymguly, Oraz Salyr, Magtymguly Garly we başgalar barada ýatlap geçýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "medeniýet" düşünjesine garaýşyna seredeliň. Medeniýet, ruh durmuşyň ähli pudaklaryna çuň aralaşýan zatdyr. Umuman, adamlaryň arasynda medeniýete giň we dar manylarda düşünilýär. "Medeniýet-owadan geplemekdir, owadan geýinmekdir, özüňi owadan alyp barmakdyr", "Medeniýet-diňe ruhy medeniýetdir", "Medeniýet sowatlylykdyr, bilimlilikdir, akyllylykdyr" diýen ýaly düşünjeler medeniýete dar manyda düşünmegiň mysalydyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň işlerinde medeniýete giň manyda medeniýet diňe bir owadan geýinmekde, geplemekde, ruhy medeniýetde däl. Medeniýet her bir we hemme ýerdedir, herki zadyň öz medeniýeti bardyr. "Tebigatyňam, jemgyýetiňem, şahsyýetiňem içki herekete getirýän güýji ruhdyr. Ruh bolmasa, ýaşaýyş ýokdur. Ruh ýaşaýyşyň içki maňzydyr".

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeniýetiň çäksiz, göwrümli, jemgyýetiň ähli taraplaryna girýän hadysasydygyndan ugur alyp, medeniýet baradaky düşünjesini kesgitleýär. Eger Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýete degişli aýdanlaryny bir ýere ýygnasak onda olardan medeniýetiň nämedigi we onuň kesgitlenişi baradaky ençeme çeşmelerden saýgyrylýar.

Medeniýet-içine zähmet, önümçilik, durmuş gatnaşyklaryny alýan maddy we dili, dini, edebiýaty, syýasy, hukuk, ahlak, gözellik, pelsepewi pikirlerdir garaýyşlary düzýän ruhy medeniýetden durýandyr.

Medeniýet-adamyň gursagyndaky özgerişlerdir we gözelleşmedir, medeniýet ilki bilen adamyň kalbynda bolmalydyr, şahsyýetiň kämilligi, onuň ruhy, ahlak, gözellik, paýhas ösüş derejesi bilen baglanyşdyrylmalydyr.

Medeniýet-adamy haýwandan, halaly haramdan tapawutlandyrmakdyr.

Medeniýet-milli däp-dessurdyr.

Medeniýet-adamlary edim-gylymly edýän, olaryň özlerini alyp barşyny kadalaşdyrýan, ýola salýan serişdedir.

Medeniýet diňe bir owadan geýinmek, daşky owadanlyk däldir. Medeniýet diýmek işiňi sazlaşykly, ýokary derejede ýerine ýetirmekdir, ýakymly işleri etmek, arassa kalply bolup, özüňi ruhy, ahlak, pähim tarapyndan baýatmakdyr, gözelleşdirmekdir. Şeýlelik bilen, sarpaly Serdarymyzyň medeniýet baradaky ýokardaky pikirlerini bütewi bir ulgama toplasak, onda medeniýetiň aşaky umumy kesgitlemesi gelip çykýar: medeniýet-bu milletiň müňýyllyklaryň dowamynda kemala getiren maddy we ruhy gymmatlyklarynyň we kadalarynyň toplumy bolup, geçen zamanyň nesilleriniň soňky eýýamyň nesillerine özlerini ruhy-ahlak jähetden ösdürmekleri we kämilleşdirmekleri üçin ozalkylaryň jemgyýetçilik, önümçilik zähmet tejribelerini, medeni mirasyny peýdalanmakdyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeniýetiň ýaşaýyş görnüşlerine garaýyşlarynda onuň içki we daşky, ýagny maddylaýyn we şahsylaýyn görnüşlerden duryandygyny aýdýar. Adamlar tarapyndan döredilen maddy we ruhy baýlyklar medeniýetiň daşky ýaşaýyş görnüşini, şol maddy we ruhy medeniýetiň oňarlyp-

bejerilişiniň gidişinde oňaryp-bejerýäniň özüniň oňarylyp-bejerilmegi medeniýetiň düýp mazmunyny-adamyň hut öz içki dünýäsiniň ösmegini, ruhy-ahlak jähetden kämilleşmegini, medeniýetiň içki şahslaýyn görnüşini emele getirýär. Başgaça aýdylanda adam oňarylyp bejerilýän zady döretmän, eýsem bejerilýän zadam adamyny döredýändir. Meselem, ädikçi tikýän ädigini tä başdan ahyryna çenli "taýyny beýtsem, bu taýyňy eýtsem gowy bolar" diýip bejerýän zady bilen gepleşip geçirýär. Ädigem saňa: "howa", "ýok" diýýän ýaly. Şeýdip saňa täze bilimleri, garaýyşlary, tejribäni berýär. Ine şu-da onuň seni döredýänligidir. Eseriň kämilliginde ussadyň kämilligi aýan bolýar. Eseriň kämilliginiň ölçegi-ussadyň Hudaý beren zehininiň we eseriň döredilmegine sarp edilen beden hem ruhy gujuryň hem hyjuwyň ölçegidir", diýip Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada tassyklaýar.

Bulardan başga-da ruhyň ýaşaýyş serişdeleri-de kesgitlenýär. Olar üçdir: zehin, akyl, hakyda. Muny düşündirmek üçin, şahsyýetiň medeniýetiniň kemala gelmeginiň iki uly topara-birinjisi adamyň entek öz-özüni bilmeýän döwrüne we özüni bilip başlan zamanyna bölýar, birinji döwre zehin bilen akyl, ikinji döwre bolsa hakyda degişli hasaplanylýar.

Täze garaşsyzlyk jemgyýeti medeni gymmatlyklaryň we kadalaryň täze ulgamyny kemala getirdi we mäkämleşdirdi. Ol medeni gymmatlyklar we kadalar garaşsyz döwletiň adamlarynyň ruhy ösüşiniň kämilleşiş çeşmesidir. Garaşsyzlyk ruhy gymmatlyklarynyň düzümine täze kemala gelen aňyýet, raýatlyk, adamperwerlik, watanperwerlik, adalatly döwlet kanunlary, täze syýasy, hukuk, ahlak, gözellik, dini,

pelsepewi pikirler we garaýyşlar, şadyýan dünýägaraýyş-ýagty geljege, oňatlyga, üstünlige ynanmak girýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy gymmatlyklaryň iňňän uly medeniýetleşdiriji ähmiýete eýedigini belläp, olaryň adamlara sosial, zähmet, önümçilik, ruhy-ahlak tejribesini, dürli ugurlar boýunça bilimleri, maglumatlary berýändigini, hadysa dogry baha bermegi öwredýändigini, şularyň esasynda bolsa täze medeni gymmatlyklary we kadalary döretmäge ýardam edýändigini belleýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "Dünýäde Adamdan beýik keramat ýokdur. Adamyň mertebesi Allatagalanyň münberidir", diýip Garaşsyz Türkmenistanyň esasy medeni gymmatlygynyň adamdygyny, adam ykbalydygyny, onuň jemgyýeti baýlaşdyrýan zähmetdigini görkezýär.

Medeni gymmatlyklar adamlaryň arasyndaky mazmunlaýyn güýjüň alyşylyp-çalşylmagynyň araçysy, serişdesi hökmünde çykyş edip gelýär. Ol ýa beýleki gymmatlygyň medeniýete girýändigi ýa-da girmeýändigi onuň jemgyýetiň wajyp wezipelerini çözmäge gatnaşygy, dünýäni özleşdirmekdäki we üýtgetmekdäki, şahsyýetiň içki dünýäsini täzelemekdäki orny bilen kesgitlenýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy gymmatlygyň baş ölçegini anyklap, ol ölçegiň kämillikden we gaýtalanmazlykdan ybaratdygyny belleýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeni gymmatlyklaryň diňe bir jemgyýeti we adamlary özgertmek işi bilen çäklenmän, eýsem medeni kadalar hökmünde düzeltme, ýola salma, ugrukdyryjy roly oýnaýandygyny hem aýdýar. Medeniýetiň ugrukdyryjy tarapy adamyň ruhy dünýäsine, özüni alyp barşyna degişli talaplarynyň giň toparyny öz içine alýar.

Biz SSSR-iň düzümindäki milli gymmatlyk düşünjämize we nazaryýetimize, döredijilik ukybymyza biperwaý, göwniýetmezçilik, niglistik nukdaýnazaryndan garalyp gelindi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada bu şowenistik garaýşyň mazmunyny şeýle suratlandyrýar. "Geçen ýetmiş bäş ýylyň köplere duýulmaýan aýylgançlygy-türkmeni tas gymmatlyklary döretmäge ukypsyz millete öwripdi. Çünki maddy babatda omm tebigatyndan diňe çig maly öndürmegi ýola goýluşy ýaly, ruhy babatda ony diňe gymmatlygy daşyndan almaga ukyply etmäge çalşdylar."

Mukaddes Ruhnamada maddy we ruhy medeniýetiň tapawutly hem anyklanylýar.

Maddy isleglerde çäklik, ruhy isleglerde çäksizlik bar. Başgaça aýdylanda maddy gymmatlyklardan doýup bolýar (nandan, suwdan doýulansoň ol aňryk gidenok), ruhy gymmatlyklardan doýup bolmaýar (bilimden, dünýä akyl ýetirmekden, gözellikden doýulmaýar).

Maddy mätäçlik bilen oňuşsa bolýar, emma ruhy gahatlyk, ruhy mätäçlik bilen oňuşyp bolmaýar.

Maddy ýetmezçilik maddany-da, ýagny adamyň bedenini-de ynjydyp biler, emma ruh diňe ruhy garyplykdan, ruhy ýörelgeleriň gowşaklygyndan ynjap biler.

Adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklary, olaryň özlerini alyp baryşlary, edip ýören işleri kadanyň we nusganyň kömegi arkaly ugrukdyrylýar we ýola salynýar. Kada adamlardan bir topar ahlak-ruhy düzgün-tertipleriň amal edilmegini we özleşdirilmegini talap edýär. Diýmek, kada ähli köpçülikden talap edilýän özüňi alyp baryş möçber çägidir. Nusga-da özüňi alyp baryş medeniýetiniň düzgünleşdiriş we kadalaşdyryş serişdesidir. Nusga

kadadan tapawutly hemmelere degişli özüňi alyp baryş ýörelgesi däl-de özüňi alyp baryş düzgünininiň iň ýokary derejesine, kämillere hakaýyllara we hanaýyllara mahsus özüňi alyp baryşdyr, şol kämil kişilere künjek bolunmakdyr, şolara deňleşmäge çalyşmakdyr. Diýmek, nusga kada kimin hemmelere däl-de, jemgyýetiň saýlantgy adamlaryna degişli özüňi alyp baryş medeniýetdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Garaşsyz Türkmenistanyň ruhy durmuşynda milli däp-dessurlaryň orny baradaky meselede çuň derňew geçirip, olaryň wajyp kadalaşdyryjy, adamlaryň özüňi alyp barşynda düzgün-tertipleşdiriji işi ýerine ýetirýändigini belläp geçýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öwretmegine görä ozaldan -dessurlar täze şertlerde ozalky häsiýetlerini saklap, täze mazmuna eýe bolup, garaşsyzlyk medeniýetine goşulýarlar, milli öz-özüňe düşünmäge, ynsanperwerlik, watanperwerlik, milli guwanç duýgularynyň mäkämleşmegine ýardam edýärler.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynda däp-dessurlaryň medeniýetleşdiriji hyzmaty kesgitlenýär, olary öwrenmegiň we özleşdirmegiň bize geçmişiň baý zähmet, önümçilik, ruhy, jemgyýetçilik tejribesini geçirýändigi nygtalýar.

Ýene bir dykgat bererlik pikir. Däp-dessurlaryň oňyn we tersin görnüşleri bolýar. Şolar saýgarylmalydyrlar. Şoňa görä däp-dessurlaryň hemmesi galkynşa degişli däldir. Olaryň tersin görnüşleriniň dikeldilmegi garaşsyz jemgyýetiň syýasy, ruhy, ahlak gymmatlyklaryna şikest ýetirip bilerler.

Beýik Sapamyrat Türkmenbaşy tarapyndan medeniýetde däp-dessurçylyk we täzeçillik mynasybiýetine uly ylmy goşant edildi. Medeniýetiň

ilerlemegi geçmişiň gymmatlyklaryny saklanmagyň we olary döredijilikli ösdürmegiň bir-birinden aýrylmazlygy kanunynyň esasynda geçýär. Şunda geçen zamanyň tejribesiniň, gazananlarynyň saklanmagy we özleşdirmegi däp-dessurçylyga degişli edilse, olary kabul etmek we mundan buýana döredijilikli ösdürmek, kämilleşdirmek täzeçilligiň paýydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatyna görä millisiz, milli ruhusyz maddy medeniýet-de, ruhy medeniýet-de ösüp bilmez. Emma her bir täze jemgyýet, täze durmuş ozalky jemgyýetiň, ozalky nesilleriň öňde goýmadyk meselelerini we wezipelerini gün tertibine goýýar. Meselem, garaşsyz we bitarap Türkmenistanyň şertlerinde dünýewi, hukuk, demokratik döwleti gurmak, adalat jemgyýetini kemala getirmek, Altyn asyry berkarar etmek, Ruhnamanyň kanunlarynyň esasynda täze, päk kalyply, ata-baba ruhy-ahlakly kämil şahsyýeti taýýarlamak işleri öňe sürülýär. Bu wezipeler däp-dessurlaryň tärleri bilen birlikde ozalkylara belli bolmadyk täze usullaryň we serişdeleriň ulanylmagyny talap edýär.

Mertebeli Prezidentimiz tarapyndan medeniýetiň wezipeler toplumy, olaryň ýerine ýetirilmeli işleri barada aýdylyp, olaryň her biriniň borjy häsiýetlendirilýär.

Medeniýetiň esasy, iň wajyp wezipesi ynsanperwerlik, adamsöýjilik wezipesidir. Medeniýetiň bu wezipesiniň esasy maksady garaşsyzlyk aňyýetli, ruhy-ahlakly, ýagşyzada, kämil kişini oňaryp bejermekdir, kemala getirmekdir.

Dünýä akyl ýetiriliş medeniýetiň beýleki bir wajyp wezipesidir. Müňýyllyklaryň dowamynda milli medeniýetde tebigatyň we jemgyýetiň zatdyr-hadysalaryna

akyl ýetiriş garaýyşlary we usullary ulgamy toplanýar. Olar adamlary tebigatyň we jemgyýetiň hadysalaryna dogry düşünmäge we özleşdirmäge ýardam edýär. Medeniýetiň bu wezipesi milletiň, adamlaryň özüni bilmegine-de, özüne akyl ýetirmegine-de täsir edýär.

Medeniýetiň mirasgeçirijilik wezipesi geçen nesilleriň toplan zähmet, önümçilik, jemgyýetçilik tejribelerini medeni miras, hakyda esasynda nesilden nesile geçirmek işi bilen meşgullanýar. Geçen nesiller tarapyndan zatlaşdyrylan medeniýet täze nesil tarapyndan kabul edilip hem özleşdirilip medeniýetiň zatlaşdyryl-mazlygyna sezewar edilýär.

Galybersede, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan medeniýetiň kadalaşdyryş ugrukdyryş wezipesini ýetirip, jemgyýeti ahlaklaşdyrýar, adamlarý gözelleşdirýär. Medeniýetiň kadalaşdyryş wezipesi ahlak we hukuk kadalaşdyryş serişdelerine esaslanýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynda medeniýetde köne bilen täzäniň mynasybiýetine, ýagny miras geçirijilige we medeni miras gatnaşyklaryna aýratyn orun berilýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň bu meselä bagyşlanan işleri, ylaýtada "Medeni mirasymyzy aýawly saklamak biziň taryhy borjumyzdyr we döwlet zerurlygydyr" diýen Türkmenistanyň medeni mirasy: gadymy çeşmeler we häzirki zaman mümkinçilikleri" atly Halkara ylmy konferensiýadaky çykyşy nazaryýet we amalyýet nukdaýnazaryndan medeni miras meselesiniň düýpli işlenilen barlagdygyny doly tassyklaýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeni mirasa kesgitleme bermekde uly açyşlyk etdi. Medeni miras düşünjesine, düzüm ulgamyna, many-mazmunyna, ruhy -

medeni ähmiýetine XXI - nji asyryň başynda klassyk kesgitleme berdi: "Medeni miras munuň özi halkyň taryhynyň möhüm bölegidir, onuň buýsanjydyr, aň-düşünjesidir we öz-özüni ykrar etmesidir."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeni mirasyň adamzat jemgyýetiniň dürli eýýamlarynda döredilip, nesilden-nesile geçirilip gelinen maddy we ruhy gymmatlyklaryň we kadalaryň toplumy, jemidigini belleýär. Medeniýetiň däp-dessurçylyk we täzeçillik meselesine garap, medeni mirasa nesilleriň ruhy ösüşiniň gönezligi hökmünde garaýar. Kemala gelýän garaşsyzlyk zamanynyň täze medeniýetiniň geçen eýýamlaryň medeniýetinden üzňe däldigini öwredýär. Medeni mirassyz täze jemgyýetiň gurulyp bilinmejekdigini nygtaýar, täze jemgyýetiň her bir raýatynyň şu mirasy, gymmatlyklary we kadalary özleşdirmeginiň baý mazmunlaýyn güýçli täze adamy kemala getirmegiň wajyp şertdigini belleýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeni mirasa garaýyşda iki çemeleniş tärinden ugur alynmagy talap edilýär. Olaryň biri geçen medeniýetden nämeleri almaly? usulydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mirasgeçirijilik we medeni miras meselesine "dikleýin" geçen nesilleriň döreden medeni gymmatlyklaryny häzirki nesillere gowşurmak hem-de "ýanynlaýyn" häzirki döwürdäki ýaşap ýören nesilleriň we dürli ýurtlar bilen halklaryň arasyndaky medeni alyş-çalyş edilmegi nukdaýnazardan çemeleşýändigi görünýär.

Birinji usuly düşündirende geçen zamanlaryň medeni gymmatlyklaryndan biziň ykdysadyýetimizi, syýasatymyzy, medeniýetimizi, ruhy-ahlak pikirlerimizi

ösdürmäge we kämilleşdirmäge ýardam edip biljek gymmatlyklaryň kabul edilmegi we özleşdirmegi göz öňünde tutulýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ikinji usulyň mazmunyny açyp berip, döwrüň medeni mirasa gatnaşygynyň aýratynlygyna ýamandan ýagşyny saýgaryp bilmek, olardan has gymmatlylaryny saklap galmalydygyny, munuň üçin "türkmen halkynyň baý geçmişini çuňňur paýhas eleginden geçirmelidigini" zerurlygyny öwredýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň işlerinde türkmen milli medeniýetiniň baý we buýsanyçly taryhyna uly orun berilýär. Beýik Serdarymyz medeniýetiň taryhynyň öwrenilmeginiň wajyplygyny nygtap, halkyň öz taryhyny we medeniýetini, dünýä medeniýetiniň gazananlaryny, ylym-bilimde häzirki gazanylan üstünlikleri düýpli bilmelidigini aýratyn belläp geçýär. Milli medeniýet öz taryhy ösüşinde çylşyrymly, çarkandakly, kyn ýoly geçipdir. Türkmen milli medeniýetiniň taryhy diňe bir gazanylanlaryň däl-de, eýsem ýitirlenleriň hem taryhydyr. Emma türkmen milli medeniýetine elmydam öňe dyzamak, ilerlemek, galkynmak häsiýeti mahsus bolupdyr. Ol iň bir kyn pursatlaram kaknus guş kimin otdan-külden silkinip çykyp, ýaňadan janlanypdyr. "Türkmen halky iň gadymy dünýä medeniýetiniň gös-göni mirasdüşerleri bolup durýar, hem-de dartgynlyklardan, rowaçlyklardan we pajygaly wakalardan püre-pür öz taryhynyň uzak ýüzýyllyklarynyň dowamynda egsilmez ruhy baýlyk toplady hem-de öz milli özboluşlylygyny saklap galdy".

Sekiz ýüz müň ýyl mundan öň biziň mekanymyz ekerançylar we maldarlar, halk binaçylygynyň esasyny

düzýän palçykdan salnan nlkinji jaýlar sebiti bolupdyr. Bu ýerde belli Altyndepe, Parfiýa, Margiana, türkmen-oguz, türkmen-seljuk siwilizasiýalary emele gelipdir. Türkmenleriň "ynsanyýet durmuşynyň ençeme ugurlaryny öz içine alýan, medeniýete, ylma, bilime, syýasata, döwlet gurluşyna dahylly", ýagny ruhy medeniýetiň dürli görnüşlerine degişli meseleler boýunça-da öňe çykan zamanasy bolupdyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy medeniýetiň ösüş döwürlerini kesgitlemekde hem täzeçillik edýär. Ol türkmen medeniýetiniň kemala geliş taryhyny we ösüşini düşündirende foromassion we siwilizasion nukdaýnazardan çemeleşmän taryhy eýýamlara bölüş usulyndan ugur alýar. Umuman türkmen ruhy medeniýetiniň ösüşi bäş eýýama bölünýär.

B.e.ö. V müňýyllykdan b.e.650-nji ýylyna çenli aralygy içine alýan türkmen ruhunyň birinji eýýamyna dyzmaçylyk, mertlik, jepakeşlik, erklik medeniýeti mahsus bolupdyr.

B.e. 650-nji ýylyndan başlanýan türkmen ruhynyň ikinji eýýamy Türkmenistanda yslam medeniýetiniň kabul edilen, Gorkut atanyň pelsepesiniň we ahlak medeniýeti täze gymmatlyklarynyň işlenip-düzülen eýýamydyr.

X-XVI asyrlary içine alýan üçünji gahrymançylyk medeniýeti türkmen milli medeniýetiniň dünýä ýaýylan döwridir.

Türkmen ruhynyň dördünji eýýamyny emele getirýän XVII-XX asyrlar ruhyň taryhy-işjeňlik taýdan iň gowşan zamanydyr.

1991-nji ýylyň 27-nji garaşsyzlyk aýyndan başlanýan bäşinji eýýamy-garaşsyzlyk eýýamy türkmen ruhy medeniýetiniň kämillik eýýamydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynyň özenini Mukaddes Ruhnama - ruh, ruhylyk garaýşlary tutýar. Mukaddes Ruhnama bütün lükgeligi bilen medeniýet milli medeniýetiň ösüş kanunalaýyklyklarynyň milli medeniýetiň düýp mazmuny açyp görkezýän, Garaşsyzlyk medeniýetiniň kemala gelmeginiň we ösüşiniň, döwletiň medeni syýasatynyň, medeni gurluş çäreleriniň durmuşa geçiriliş ýörelgeler taglymatdyr.

Ruh, ruhylyk hemme taraplaýyn hadysa bolup, adam bar ýerinde bardyr. Ol her bir adama, her bir öýe, her bir maşgala, bütin jemgyýete aralaşyp, olaryň ruhyny göterýär, galkyndyrýar, dürs ugur alyş çelgisi bolup hyzmat edýär.

Külli türkmeniň baş ýörelgisi, yüzüniň we kalbynyň tuwagy bolan Mukaddes Ruhnama pelsepewi, ahlak, gözellik çelgisi hökmünde biziň jemgyýetimiziň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Onuň bu güýji şahsyýetiň ähli pikirleniş tärini, dünýägaraýşyny, ruhy nazaryýetini başgaça, täzeden gurýar. Ýaşlarda watanperwerlik we ynsanperwerlik ruhyny, ene topraga, ata watana söýgi duýgusyny kemala getirýär. Mukaddes Ruhnama baran ýerinde köňülleri ruhlandyrýar, galkyndyrýar, şeýdibem adamlaryň içki "MENINI" baýlaşdyrýar, içki ruhy dünýäsine aralaşyp, olaryň aň-düşünjesine medeniýeti ornaşdyrýar.

Mälim bolşy ýaly, has çylşyrymly, köptaraplaýyn düzümli jemgyýetçilik hadysalaryna kesgitleme bermek kyn zat. Şeýle jemgyýetçilik hadysanyň biri-de ruh, Ruhnama düşünjesini anyklamakdyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu meseläniň hötdesinden aňry ýany bilen gelip bilipdir. Ine ol klassyky kesgitleme:

"Meniň baş taglymatym - Ruhnamadyr. Dünýägaraýşyň ulgamy bolan Ruhnama meniň öňe süren ähli syýasy ýörelgelerimiň, ykdysady

Mälim bolşy ýaly, adamyň öz içine, kalbyna ornaşdyrýan oňyn ýa-da tersin ahlak häsiýetleri, edim-gylymlary onuň daşky özüni alyp barşynda ýüze çykýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy içki ornaşyklar we olaryň daşky beýanyny görkezýär. "Tämiz ahlak sypatlary ýüregiň adamyň daş keşbinde çykýan nurly şöhlesidir. Bu nurly şöhle watansöýüjilik, dostluk, mähir-muhabbet, agzybirlik, halallyk, adyllyk, rehim-şepagat, ynsaplylyk, kanagatlylyk, mertlik, edermenlik ýaly birnäçe tämiz ahlak sypatlaryndan kemala gelendir."

Garaşsyz Türkmenistana şeýle belent ruhly, sagdyn ahlakly jemgyýet gerek. Şeýle ahlak gymmatlyklaryny kemala getirmekde esasy orun terbiýä degişlidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy terbiýäniň ähmiýetini kesgitläp, arassa ahlakly, ruhy taýdan güýçli, süňňi halal, dogruçyl adamyny terbiýeläp ýetişdirilmelidigini, oňat görelde bilen kemala getirilmelidigini talap edýär. Onsoňam, bu meseläniň, ylaýtada ýaşlara degişlidigini belleýär. "Pederlerimizden miras galan ahlak sypatlaryny özünde terbiýelemek her bir ýaş ýigidiň we gyzyň mukaddes borjudyr."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynda ähmiýetli orun gözellik medeniýetine degişlidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň pikiriçe gözellik diňe bir edebiýat, sungat, döredijilik bilen çäklenmeýär. Oňa bütin älem-jahan gözelligi girýär. Gözellik-tebigat, jemgyýetçilik, adam owadanlygy hem-de şol gözelligi özleşdiriş taglymatydyr. Sarpaly Serdarymyz gözelligiň nämedigini

şeýle kesgitleýär: "Gözellik diýmek, işiňi sazlaşykly, ýokary derejede ýerine ýetirmekdir. Adamlaryň ýüregine ýakamly işleri etmek gözellikdir. Ýüregiň arassa bolup, özüňi baýatmak gözellikdir."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy gözelligiň düzümini, asyl manysyny açyp, owadanlygyň hemmetaraplaýyndygyny adamyň egin-başynyňam, öý-içersiniňem, edýän işiniňem, gözel bolmagydyr. Iň esasy zadyň bolsa adamyň kalbynyň, päli-niýetiniň, oý-pikiriniň hem owadan, gözel we tämiz bolmagydyr.

Dürli taryhy döwürlerde dünýäniň görnükli akyldarlary durmuşda gözlelligiň ägirt özgerdiji, halasgär güýçdigini görkezipdirler. Bir wagtlar görnükli nemes şahyry I.F.Şiller "dünýäni ýamanlykdan gözellik halas edýär" diýen şygyry göýberen bolsa, onda XXI asyrda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy dünýäni ruh, ruhy kämillik halas edýär, diýen pikiri orta atdy.

Garaşsylyk gözellik medeniýeti diýlende garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň ýurdumyzda dörän täze garaşsyzlyk gözellik. gymmatlyklarynyň jemine, olary kemala getirmegiň, saklamagyň, paýlamagyň usullaryna düşünilýär. Garaşsyzlyk gözellik medeniýetiniň iň ähmiýetli, wajyp tarapy, düýp mazmuny milli gözellik esasynda garaşsyzlyk zamananynyň özüniň döreden täze gözellik gymmatlyklardan, owadanlyklardan, iň gowy binalaryň diňe bir biziň şäherlerimizde we obalarymyzda däl-de kalbymyzda, gursagymyzda gurlanlygyndan ybaratdyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "owadanlyk", "kalbyň gözel binalary", "paýhas gözi", "jan gözi" ýaly adalgalary tapyp, olary ylmy dolanşyga girizdi. Bu gözler näme üçin gerek? Garaşsyzlyk gözellik gymmatlyklaryny görmek üçin.

Garaşsyzlyk gözellik medeniýeti çeper medeniýetiň sungatyň, döredijilik işgärleriň ugur alyş nokady bolup, usulyýet ýörelgesidir we gollanmasydyr. Bu taglymat adamlarda sungata höwes, gyzyklanma döredýär, olaryň ruhy isleglerini giňeldýär, çeper döredijilik zehinleriniň we döredijilik ukyplarynyň açylmagyna we joşmagyna ýol açýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda zenan medeniýeti beýan edilýär. Mälim bolşy ýaly, her bir halkyň medeni ösüş derejesi şol halkyň aýal-gyzlara garaýşy, ýurduň zenan meselesini çözüşi bilen kesgitlenýär. Ähli zamanlarda türkmen jemgyýetiniň zenan medeniýetiňde ýeten derejesini we gazananlaryny çugdamlap açyp görkezmek üçin X asyr taryhçysy Ibn Fadlanyň kitabyndan enaýy bir parçany getirýär. "Türkmenler goňşy halklary ýaly aýal-gyzlarynyň ýüzlerini ýapdyrmaýarlar, olaryň zenanlary has erkin, ýöne şol bir wagtda hem olar azgynlyk diýen zady asla bilmeýärler."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu aýdylanlaryny jemläp, ondan şeýle netijäni çykarýar: Türkmen gelin-gyzlary ähli zamanlarda hem türkmeniň ar-namysynyň buýsançly baýdagy bolupdyr."

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen zenan medeniýetini, onuň aýratynlyklaryny özüniň dürli işlerinde örän jaýdar we ynandyryjy görkezip bilipdir. Zenan medeniýetini beýan etmekde ol dürli döwürleriň taryhy çeşmelerinden we maglumatlaryndan peýdalanýar, dürli jemgyýetçilik taglymlaryň we dini garaýyşlaryň nazaryýetini degşirip, türkmen zenan medeniýetiniň olardan hem görnüş, hem mazmun taýdan düýpli tapawutlanýandygyny yzarlaýar. Meselem, otparazlyk

dinini üýtgedip emläk, baýlyk, hatda aýal-gyzlary hem ortak etjek bolan Manyň we Mazdagyň taglymyna sygyşmaýandygyny duşmanlar tarapyndan ýesir alynan Boýy uzyn Burla hatynyň namysyna degmek üçin, ony tanap bilmän beýleki ýesir düşen gelin-gyzlardan: ""Kim Burla hatyn?" diýip gygyranda gyzlaryň kyrkysynyňam birden: "Men Burla hatyn!" diýip" beren jogaplary esasynda türkmen zenan medeniýetine şeýle pikirleriň ýatdygyny tassyklaýar.

Garaşsyzlyk aýallary okuw-bilime, ylyma, medeniýetiň ähli baýlyklaryna çekdi, olaryň döredijilik işleri bilen giňden meşgullanmagy üçin zerur şertleri döretdi. Muňa jogap edip garaşsyzlyk zamanynyň zenanlary garaşsyzlygyň talap edýän täze jemgyýetini, täze adamsyny, kämil şahsyýetini kemala getirmäge işjeň gatnaşýarlar.

Garaşsyzlyk zamananyň zenanlary maşgalada, jemgyýetde, döwletde ýokary ruhy-ahlak hoşlugy, sagdynlygy, gözelligi döredýärler, duýgy, joşgun medeniýetini terbiýeleýärler, adamlaryň gündelik durmuşyny ýokary ruhy many-mazmun bilen doldurýarlar we besleýärler.

Mukaddes Ruhnamada Garaşsyzlyk jemgyýetiniň aýal-gyzlarynyň ruhy orny aýdyň berilipdir: "Aýal – öýüň şasydyr", "Zenan öýüň hudaýydyr", "Söwer ýarlarynyň mylaýymlygy, mähremligi erkek kişileri ganatlandyrýar".

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen zenan medeniýetiniň düýp mazmunyny açyp görkezmek üçin "atasyz ýetim, enesiz ýesir" diýen belli türkmen atalar sözüni getirýär. Şunda bu nakyla pelsepewi çemelenişip, onuň manysy düşündirilýär: türkmende "ýetim" sözi

maddy mätäçligi, horlugy aňlatsa "ýesir" söz ruhy ýalňyzlygy, daýançsyzlygy aňladýar. Diýmek, "ýesir" düşünjesine ruhy medeniýet, ýagny kalp, mähir duýgy nyşany hökmünde garalýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynda sarp ediş medeniýetine uly ähmiýet berilýär. Maksady ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň görkezijilerine laýyklykda ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokary galmagyny üpjün etmekden ybarat bolan Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň durmuş-üpjünçilik syýasaty ýurduň her bir raýatynyň bol-elinlikde ýaşamagyna şertler döretdi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş hal-ýagdaýlary, maddy we medeni üpçünjiligi görülip-eşidilmedik derejä ýetip, olaryň sarp ediş mümkinçiligini artdyrdy.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň sarp ediş medeniýeti özüniň many-mazmuny, maksady we wezipesi boýunça "iý, iç, guç"; "bäş gündir, döwran sür!", "Durmuşyň maksady keýpi-sapadyr, lezzetdir" diýen gedonist garaýyşdan-da, keýpi-sapadan el çekmegi ündeýän tarykaty sopuçylyk ündewlerinden düýpli tapawutlanýandyr.

Dünýä gelen adam ogly keýpi-sapanam, lezzetem bilmeli. Emma gymmatlygyň medeniýete geçmedik halatynda ol entek hakyky medeni gymmatlyk däldir. Bu gymmatlygyň medeniýete öwrülmegi üçin şahsyýetiň içki ruhy dünýäsini bozman, dargatman, eýsem adam, "MENINI", kalbyny şasylaýyn güýjüni ösdürmelidir, kämilleşdirmelidir.

hem durmuşy, medeni häsiýetli maksatnamalarynyň taglymat esasydyr, onuň jemgyýetiň dürli ugurlarynda amal edilşiniň usulydyr"

Medeniýetde üns merkezinde durýan mesele-ol ýa-da beýleki halkyň dünýä medeniýetine nämeleri berendigi we ondan nämeleri alandygy baradaky meseledir. Türkmen medeniýetiniň taryhynda şu meseläni ilkinji bolup, ylmy nazaryýetinden aýdyň görkezip bilen älym Beýik Saparmyrat Türkmenbaşydyr. Ol türkmeniň kämilligiň iň ýokary derejesine ýeten sap gymmatlyklary döreden halkdygyny, şol gymmatlyklaryň bolsa bir eýýam adamzat gymmatlygyna geçendigini ýazýar. Şol gymmatlyklar iki tarapda uly medeni peýda getiripdir. Mukaddes Ruhnamada türkmenler tarapyndan dünýä medeniýetinden kabul edilen tejribäniň milli medeni-ruhy we ahlak gymmatlyklaryny baýlaşdyrmaga getirendigi görkezilýär.

Şol bir wagtyň özünde türkmen medeniýeti-de dünýä medeniýetiniň ösmegine täsirini ýetiripdir. Türkmen topragy adamzada dünýä derejeli, dünýä tanymal şahslary-danalary, akyldarlary, ruhanylary, alymlary, şahyrlary, syýasy işgärleri beripdir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň işlerinde bular atma-at hakyky maglumatlar esasynda görkezilýär. Türkmenler yslam dininiň dünýä ýaýramagyna, sebitdäki halklaryň emele gelmegine, döwletleriň döremegine hem uly täsirini ýetiripdirler, dünýä taryhynyň syýasy we ruhy durmuşynda-da belli bir rol oýnapdyrlar.

Üstesine özümizden goýup aýtsak, beýik rus şahyry A.S.Puşkine: "mongollar Orsýete näme getirdiler?" diýip soranlarynda olaryň ýurda ne algebrany, ne-de Aristoteli getirendigini gynanç bilen aýdypdyr. Şu sorag türkmenlere

berilse türkmen topragynyň dünýä algebrany, ol ylymy döreden al - Horezmini durmuşynyň we döredijiliginiň ençeme ýyllaryny türkmen topragyndaky ylmy akademiýalarda we merkezlerde geçiren bütin Orta Aziýa halklarynyň alymy "Ikinji mugallym" (ýagny Aristotelden soň, ikinji akyldar) lakamy göteren beýik Farabini berendigini uly guwanç bilen aýdyp bilerdiler.

Galybersede, türkmenler Ýewropany, onuň baý medeniýetini mongol basypalyjylaryndan, medeniýeti ýykyp - ýumryjylardan halas etmek işine-de belli bir goşant goşan halkdyr. Muny mongol hanlarynyň biri Mahmyt Gazan aşakdaky ýazgysynda tassyklaýar: "Eger-de türkmenler bilen gazmanlar bolmadyk bolsalardy onda mongol atlylary güniň batan ýerine çenli çapyp barardy."

Garaşsyzlyk ahlak medeniýeti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynyň möhüm düzümidir. Garaşsyzlyk ahlak medeniýeti türkmeniň asyrlar boýy döreden milli we umumyadamzat ahlak gymmatlyklaryny öz içine alýar. Beýik Sapamyrat Türkmenbaşy türkmen imanyň ahlak medeniýetiniň gözbaşynyň hudaýylykdandygyny, hut Taňrynyň özüniň türkmene iki esasy ahlak häsiýeti ruhybelentlik bilen gaýduwsyzlygy berendigini, hem-de mazmuny "ahlak arassalygyndan" ybarat bolan Nuh pygamberiň edep düzgünlerinden gaýdýanlygyny belleýär.

"Ahlak" düşünjesi özüňi alyp barmak, häsiýet, edim-gylym, -adat diýen manylary aňladyp, onuň esasy hereket meýdany jemgyýetde, özüňi alyp baryş medeniýetinde maşgala durmuş zähmet edim-gylym, öwüt-nesihat giňişliklerinde bolup geçýär.

Adamlar özlerini alyp barşyny kadalaşdyrmak, edim-gylymlaryny ahlaky talaplara laýyk ýagdaýda alyp

barmak üçin ýagşylyk-ýamanlyk, haýyr-şer, borç, wyždan, adalatlyk-adalatsyzlyk ýaly has umumy ahlak düşünjelerden we garaýyşlardan ugur alýarlar. Şol düşünjeler we garaýyşlar ugrukdyryjy, ýola salyjy serişde hökmünde adamlaryň boluşyna, dürli hereketlerine täsir edip, ýamanlyk ýa ýagşylyk, şer ýa haýyr, adalatlyk ýol-ýodasyna salýar, ugrukdyrýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniň asyrlar boýy döredip, saklap, kämilleşdirip gelen milli ahlak-gymmatlyklaryny häsiýetlendirýär; türkmen sada, gapysy-dý, kalby-da gulpsyz halk, arassa kalply, zor bilen almaýan, goýmadygyny götermeýän halal bilen harama serhet çeken millet. Türkmen dönükligi iň pes, galplygy iň bir ýek häsiýet hasaplaýar. Ol namys-aryny saklap we gorap geldi. Mert, edermen, tüýs watançy halk. Kiçigöwünlilik, pespällik, sabyr-kanagatlylyk, rehimdarlyk türkmeniň asyl häsiýetidir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy garaşsyzlyk ahlak medeniýetiniň haýsy kysymly ahlak gymmatlyklaryny kemala getirmelidigini takyklaýar. "Sowet agalygynyň döwründe ruhy dünýäsi boş galan türkmen ata-babalaryndan arasy üzülip, öz aslyny unudan türkmen indi öz şahsyýetiniň mazmunyny milli gymmatlyklar bilen doldurmalydyr. Şahsyýetiň köňlünde esasy duýgy milli buýsanç duýgusy, şahsyýetiň aňynda baş pikir dünýäni türkmençe görüş pikiri, şahsyýetiň ahlagynda baş gymmatlyk türkmen ahlaklylygy şahsyýetiň gylyk-häsiýetinde milli häsiýetler, şahsyýetiň ruhy ynançlarynda baş ynanç türkmen halk ynançlary bolmalydyr. Bir söz bilen aýdylanda, şahsyýetiň kysymyny milli ölçegler kesgitlemelidir."

Mukaddes Ruhnamada garaşsyzlyk ahlak medeniýetiniň esasy ýörelgesi baş sypaty kämillik bolan, her bir şahsyýetiň ruhy-ahlak sypatynyň çäginde Watan diýip urýan ýürekli şahsy Watan üçin diýip işleýän akyllary türkmen türkmene dostdyr-dogandyr diýen umumy milli ahlak gymmatlyklary kemala getirmekdir hem-de olary durmuşa ornaşdyrmakdyr.

Keýpi-sapa, lezzete, baýlyga çakly-çenli, sagdyn pikirli, oýlanyşykly, milli ahlak kanunlaryna, halal zähmete we girdejä laýyk garalmalydyr.

Bu meseläniň örän çylşyrymlygy we wajyplygy sebäpli Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "Baýlygy sarp etmäniň medeniýetini" has düýpli öwrenmegi maslahat berýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň sarp ediş medeniýetini kesgitleýşi we häsiýetlendirişi haýrana galdyrýar. "Gazandyňmy, özüňe, maşgalaňa we iliňe haýyr ýetirer ýaly sarp et! Ruhyňy öňküdenem baýatmaga, adamçylyk mertebäňi ýokary götermäge, bilimiňi, paýhasyňy artdyrmaga sarp et!.. Türkmeniň maddy baýlyklara bolan garaýşy özboluşly we täsindir. Türkmen maddy baýlygy ýekirýär, emma oňa bütinleý oňyn garaýan halatlary hem bar... Maddy baýlyga bütinleý berilmek adamy harsydünýälige eltýär, ony bütinleý inkär etmek bolsa terkidünýälige getirýär. Bu ýerde ikisiniň arlagyny tapmak maksadalaýykdyr. Ýöne ony tapmak üçin baýlyk barada öz ruhy-ahlak ýörelgäň, öz pelsepäň bolmaly...Ol pelsepe baýlygy ruhlaşdyrmakdan ybarat", diýip Mukaddes Ruhnamada belleýär. Ölçegsiz, çensiz-çäksiz, oýlanşyksyz, haram islegi talaplaryň howuply tarapy bar. Olar adamlarda zada, para kowalaşmak, harsydünýälik, haramlyk, ogry-jümrülik, azmak, özgäniň rysgyndan kakylyp alynan haram baýlygy toplamak, jemgyýeti

opurmak ýaly biahlak sypatlary döredip, ençeme halatlarda jenaýata getirýär.

Şeýlelik bilen, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň baýlyga, maddy we ruhy isleglere akylly-başly çemeleşmäge çagyryp, keselden, tukatlykdan, maddy we ruhy garyplykdan halas edýän halal zähmetden başlanýan, halal ahlaga, halal gözellige, hakyky pelsepä getirýän sagdyn, aň-düşünjeli sarp ediş medeniýetini kemala getirýän, terbiýeleýän we mäkämleşdirýän sarp ediş medeniýetiniň göterijisi bolmalydygyny ündeýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň medeniýet baradaky taglymatynda medeni gahrymanlar meselesine hem degilip geçilýär. Ylymda medeni gahrymanlar diýlip, haýsam bolsa bir zady ilkinji bolugtapan, döreden adama ýa-da halka aýdylýar. Ilkinji bolup ody kim tapypdyr, jaýy kim gurupdyr, tohumy kim sepipdir, pili, oragy kim ýasapdyr? Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň işlerinde milli we dünýä medeni gahrymanlary barada gyzykly maglumatlar we tymsallar getirilýär. Ol türkmen medeni gahrymanlary meselesinde açyş etdi. Görülip oturylsa dünýäde ilkinji bolup arabany, eýeri oýlap tapanlar, ak bugdaýy ekenler, magdan alanlar, ilkinji halylary, keteni, sowsany matalary dokanlar türkmenler ekenler. Türkmen rowaýatlaryna görä ekin-dikin Babadaýhandan, aýdym-saz Babagambardyr Aşykaýdyňdan gaýdýar. Milli medeni gahrymanlara ylymda Horezmi, Habaş, as-Samani; edebiýatda Jelaleddin Rumy, Hoja Ahmet Ýasawy, Magtymguly Pyragy; sungatda Oraz Salyr, Mylly Täçmyrat, Magtymguly Garly we beýlekiler girýärler.

Medeni gahrymanlaryň hataryna diňe bir syýasatyň, döwletiň, ylmyň, edebiýatyň, sungatyň men-men diýän ärleri däl-de eýsem durmuşda özüniň taryha

dahyllydygyny aňýan her bir "kiçijik" adam-da degişlidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle gahrymanlara çekýän zähmetleri bilen özleriniň jemgyýete gerekdigine düşünýän şahslaryň girýändigini belleýär. Ol bir rowaýaty tymsal getirýär: metjidiň gurluşynda daş çekýän üç sany galtakçy işleýän eken. Olaryň her birinden näme edýändigini soranlarynda

—Gözüň görmi, göreňokmy daş çekip ýörün ahyry, diýip olaryň birinjisi jogap beripdir.

—Maşgalamy ekleýän, inim, diýip ikinjisi uludan demini alypdyr.

—Men metjit gurmaga gatnaşýan, metjit. Täze metjit kalbymyzy päklär, şäherimize gözel görk berer, diýip üçünjisi uly buýsanç we begenç bilen gürläpdir.

Galtakçylaryň üçünjisi durmuşda öz ornuny bilýär, özüniň jemgyýetçilik, halk işine dahyllydygyna gözi ýetýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şu tymsaly getirmek bilen biziň her birimiz tabşyrylan işe şu gatlakçy ýaly düşünsek her haýsymyzyň Altyn asyry ýakynlaşdyrmak, adalat jemgyýetini we onuň täze medeniýetini kemala getirmek işine hususy goşandymyz boljakdygyny, hut "kiçijik" adamlaryň-da medeni gahrymanlaryň hataryny düzýändiklerini tassyklaýar.

## *Medeniýetiň gelip çykyşyna we many-mazmunyna umumy nazar.*

Medeniýet baradaky edebiýatlarda ýüzlerçe kesgitlemelere we garaýyşlara düşülýär. Olar dürli toparlara bölünip, medeniýetiň ol ýa-da beýleki wajyp taraplaryny belleýärler.

Ozaly bilen, medeniýet sözüniň nämäni aňladýandygyna garap geçeliň. "Medeniýet" diýen söz gadymy zamanlarda emele gelipdir. Bu söz ilki-ilkiler haýsam bolsa bir zady ýasap-bejermek, kämilleşdirmek, gözegçilik etmek manylarynda peýdalanylyp, adam işi netijesinde, ýeri (mellegi), ekin-dikini oňaryp-bejermegi aňladypdyr. Soňa baka bu söz hut adamyň oňatylyp-bejerilmegini, onuň kämilleşmegini, akyl-paýhasynyň ösmegini, okuw-bilimliligini, terbiýeliligini alamatlandyrypdyr. Baryp b.e.ö. 45-nji ýylda belli Rim akyldary we Suhanweri Siseron "Tuskulan söhbetleri" diýen kitabynda "ruh, akyl medeniýeti bu pelsepedir" diýipdir. Onuň pikirine görä medeniýetiň esasy wezipesi adam ruhyny we akyl-paýhasyny ösdürmekdir. olary oňaryp-bejermekdir. Edil daýhanyň öz mellegini oňaryp-bejerişi ýaly, akyldar hem adam akylyny, kalbyny oňaryp-bejermelidir diýip ol nygtapdyr. Şeýle pikirlere türkmen medeniýetiniň taryhynda-da gabat gelinýär. Meselem, "Şasenem-Garyp" türkmen dessanynda "Bir garyş oglandym bakdyň-bejerdiň" diýlip, diňe bir ekin-dikiniň, mal-garanyň oňarylyp, bakylyp-bejerilmän, eýsem adamyň-da bakylyp bejerilýändigi, ýagny ynsan ruhynyň, kalbynyň, ahlagynyň iýmitlendirilýändigi, kämil şahsyýetiň kemala getirilýändigi bellenýär.

Medeniýet diýlende edeplilik, sowatlylyk diýlen düşünjeler häzirler hem adamlaryň arasynda agdyklyk edýär. Häzirki zaman ylmy edebiýatlarynda medeniýet düşünjesi iň bir ýörgünli we köp ulanylýan adalga bolup, ol iki esasy: dar we giň manylarda peýdalanylýar. **Medeniýete dar manyda** düşünmek diýlende adaty adamlaryň mazmunlaýyn güýjüniň ösüş derejesini ýüze çykarýan ruhy medeniýet - ylmyň gazananlary, magaryf,

ahlak, gözellik, sosial-syýasy gymmatlyklar girizilýär. **Medeniýete giň manyda** düşünmek diýlende, onda onuň çägine adamlaryň jemgyýetçilik işiniň ähli maddylaýyn we ruhylaýyn taraplary salynýar. Medeniýet düşünjesi iňňän çylşyrymly, köptaraply we giň göwrümli jemgyýetçilik hadysasydyr. Çünki medeniýet her bir we hemme ýerdedir. Adamyň, onuň işi-zähmetiniň ähli taraplaryny: önümçiligi, zähmeti, durmuşy, ylmy, bilimi, terbiýäni we ş.m. içine alýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň aýdyşy ýaly herki zadyň öz medeniýeti bardyr. Medeniýetiň hemme ýerdedigini "maddy medeniýet", "ruhy medeniýet", "şahslaýyn medeniýet", "önümçilik medeniýeti", "söwda medeniýeti", gazet-žurnallarda, radiodyr telewideniýede "syýasy medeniýet", "hukuk medeniýeti", "ahlak medeniýeti", "gözellik medeniýet" alymlar tarapyndan öwrenilýän "Parfiýa medeniýeti", "Jeýtun medeniýeti", "Maşady-Missirian medeniýoti" sözleriň ulanylmagy tassyklaýar. Oba hojalygynda, seleksion işlcrde pagta, ýorunja, buýan, waharman gawun, saryja sortly goýunlar, ahalteke atlary medeniýeti barada aýdylyp, olaryň ösdürilip ýetişdi-rilmegi we peýdalanmagy baradaky bilimleriň, usullaryň, tejribäniň ähli ulgamy göz öňünde tutulýar.

Medeniýet diýlende adaty adam, onuň işi, zähmeti we akyl-paýhasy netijesinde döredilenler, gaýtadan işlenen, adamlaşdyrylan tebigata düşünilýär. Medeniýet adamy haýwandan, jemgyýeti bolsa tebigatdan tapawutjandyrýar. Medeniýete "ikinji tebigat" hem diýilýär. Tebigat tehniki we hojalyk desgalaryny, önümçilik, aragatnaşyk, ulag serişdelerini, dili, dini, ylmy-tehniki bilimleri, sungat eserlerini, ahlak kadalaryny,

pelsepewi we hukuk ulgamlaryny we ş.m. döredip bilmeýär.

"Birinji" we "ikinji" tebigat barada ýagny tebigatyň we medeniýetiň mynasybiýeti hakynda gürrüň gozgalanda, "birinji" tebigata ýaradan ene, ikinji tebigaty öndürenligi hökmünde düşünilse, onda "ikinji tebigat" diýlip "birinji tebigatyň" perzendi we uzak ýyllaryň geçmesi netijesinde kem-kemden enesinden aýrybaşgalaşmasy we özbaşdak ýola düşmesi aňlanýar. Emma aýrybaşgalaşmak olaryň arasyndaky baglanşygyny aýyrmaýar.

Medeniýet diňe bir adaty däl-de, eýsem möhüm nazary ähmiýetli ylmy düşünjedir hem. Häzirki wagtda jemgyýetçilik we ençeme beýleki ylymlar medeniýet meselesine uly gyzyklanma bilen ýapyşyp, medeniýet meseleleri baradaky bir-birine gabat gelmeýän dürli-dürli pikirleri orta atýarlar, ylmy çekeleşige, jedellere girýärler. Şeýle çekeleşikli meseleleriň biri-de medeniýetiň kesgitlemesine degişli meseledir.

Alymlaryň bellemegine görä, çylşyrymly we köptaraplaýyn sosial hadysalara kesgitleme bermek juda kyn. Şeýle çylşyrymly jemgyýetçilik hadysalarynyň biri-de medeniýetdir. Entek hiç bir başga düşünje medeniýet babatyndaky ýaly ummasyz sanly kesgitleme çykarmaga duçar bolan däldir. Amerikaly alymlar A. Kreber we K. Klakhon baryp 1960-njy ýylda onuň sanynyň 250-den aşyp gidendigini görkezýärler. Häzir onuň sany has hem artandyr.

Medeniýeti dürli takyk we jemgyýetçilik ylymlar öwrenýärler we medeniýete öz hususy nukdaýnazaryndan çemeleşýärler, kesgitleme berýärler. Meselem, arheologiýa gazyp-agtaryş işleri netijesinde ol ýa-da beýleki halkyň geçmişini tapylan maddy zatlar boýunça öwrenýärler we

şol esasda halkyň medeni gazananlaryny kesgitleýär. Etnografiýa halkyň gelip çykyşyny (etnogenezi) taryhy ýerleşişini, beýleki etniki toparlar bilen medeni-taryhy gatnaşygyny, etnoslaryň maddy-ruhy medeniýetini, milli däp-dessurlary, folklory, iýmiti, geýimi, oýunlary, şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryny öwrenýän ylymdyr.
Medeniýet meselesi bilen medeniýetiň taglymy ylmy-da, pelsepede meşgullanýarlar. Pelsepe barada aýdylanda ol ýokardaky takyk ylymlar ýaly medeniýetiň belli-belli taraplaryny öwrenmän eýsem ony çylşyrymly jemgyýetçilik hadysasy hökmünde, onuň umumy ösüş kanunlaryny, jemgyýetdäki rolydyr ornuny umumylaşdyrylan suratda beýan edýär. Şeýlelik bilen, medeniýet düşünjesine ozaly bilen, ekarançylyk bilen meşgullanmak, ýeri göwnejaý bejermek, ekarançylyk işinde tebigatda bolmadyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek, işiň gidişinde adamlaryň tebigata täsir edip, ikinji tebigaty - emeli tebigaty - jaýlary, abzallary, maşynlary, egin-eşikleri we ş.m.-leri döretmek nukdaýnazaryndan düşünilýär.

Emma medeniýete ylmy, giň tarapdan düşünmek, onuň kesgitlemesini takyklamak jemgyýetçilik taryhy işdir zähmediň netijesinde döredilen maddy we ruhy baýlyklar bilen çäklenmek bolmaz. Mundan başga medeniýet düşünjesine şol medeni gymmatlyklary saklamagyň, ýaýratmagyň, alyş-çalyş etmegiň we sarp etmegiň usullary-da girýär.
"Doňan", "Gatap galan" medeniýetden, işden başga-da zatlary oňaryp-bejermegiň häzirki pursatda geçip duran, hereketdäki iş-zähmeti içine alýan "janly iş", "janly döredijilik işi" hem bar.

Ine, medeniýete şeýle, ýagny medeniýet adamlar tarapyndan döredilen maddy we ruhy gymmatlyklarynyň jemidir, barlygyň we aňyň ähli çäklerinde şol gymmatlyklary döredýän adamyň döredijilik işidir diýen giň pelsepewi manysyndan çemeleşilmegi, onuň ähli köptaraplylygy we çylşyrymlylygy göz öňünde tutulanda onuň kesgitlemesi dogry çykýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň pikirine laýyklykda medeniýet ynsan işiniň, pähim-paýhasynyň netijesinde kemala gelen we ösen maddylaşdyrylan bilimdir, garaýyşlardyr, tejribedir, belent ruhy-ahlakly, päk, gözel kalply kämil, dünýä nusgalyk şahsyň oňarylyp-bejerilmegidir.

^**Medeniýetiň ýaşaýyş görnüşleri.** Medeniýet iki - *zatlaýyn we şahslaýyn* görnüşlerde ýaşaýar. Medeniýetiň ýaşaýyş görnüşleri özara pugta baglanşykda bolup, biri-birini şertlendirýärler. Medeniýetiň zatlaýyn ýaşaýyş görnüşi barada gürrüň edilende, zatlaýyn gymmatlyklar göz öňünde tutulýar. Adamlar öz ýaşaýyşlary üçin zerur maddy nygmatlary öndürýärler. Şolary öndürmek üçin olar tebigata täsir edip, onuň çig zatlaryndan peýdalanyp, olary täzeden işleýärler we tebigatyň bize taýynlap berip bilmeýän zatlaryny — stanoklary, maşynlary, jaýlary, geýimleri, iýmitleri, kitaplary, sungat eserlerini we ş.m. ýaly dürli-dürli birgiden zatlary döredýärler. Ine, şu adamlaryň zähmeti, akyl-paýhasy, eli arkaly tebigatyň üýtgedilmegi we özgerdilmegi netijesinde adamlaryň durmuş, tehniki, ahlaky, gözellik we beýleki isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilen maddy zatlar medeniýetiň maddalaýyn ýaşaýyş görnüşini emele getirýär.

Diýmek, medeniýet ozaly bilen adam işidir zähmetiniň netijesi görnüşinde ýaşaýar. Onuň häsiýetli

tarapy medeniýetiň ýaşaýşynyň daşky keşbini alamatlandyrýanlygydyr.
Medeniýetiň şahslaýyn görnüşde ýaşamagy diýen düşünje adamyň öz işu-zähmetiniň gidişinde onuň hut özeniň ösüşidir, kämilleşmegidir, onuň döredijilik garaýyşlarynyň özgerişidir. Adam ol ýa-da beýleki zady oňaryp-bejerýän wagty diňe bir özi tarapyndan ýasalan zady döretmän, eýsem özini-de oňaryp-bejerýär. Zadyň ýasalyşy wagtynda adam oňarylyp bejerilýän zat bilen aragatnaşykda bolup, onuň bilen "gepleşýär", "maslahatlaşýar", özüniň döredijilik işine zerur bolan gerekli tejribäni, bilimi toplaýar, endiklerini, ukyplaryny ösdürýär. Diýmek, adam diňe bir oňaryp-bejerýän zatlaryny döretmän, eýsem oňarylyp-bejerilýän zatlar-da adamy döredýär, medeniýetleşdirýär.

Medeniýetiň maddalaýyn we şahslaýyn ýaşaýyşy görnüşleriniň mynasybiýetinde onuň şahslaýyn tarapy düýp mazmunyna eýe bolup, aýgytlaýjy, esasy görnüşi bolup çykyş edýär. Medeniýetiň kesgitlemesiniň köpdürliligi ýaly **işiň häsiýetlendirilişi** hem biri-birine çapraz gelýän birgiden garaýyşlardan ybaratdyr. Ozaly bilen işiň nämedigine garap geçeliň/ Pelsepewi tarapdan **iş düşünjesi** düýpli düşünjeleriň biri bolup, medeniýetiň adam işi bilen aýrylmaz baglanşyklydygyny aňladýar. Tebigatda bolup geçýän üýtgeşmeler pikirleniş, aň-düşünje bilen baglanşykly hereketler däldirler. Tersine, adamzat jemgyýetinde alnyp barylýan işler aň-düşünjeli, adam pikirlenişine daýanýan ýagdaýdyr. Adam entek işiň başyny tutmanka *ö/.* öňünde maksady goýýar. Maksat - bu işlenýän zada ýetmäge ugrukdyrylan hereketiň netijesini öňünden aňda duýmakdyr, entek ýok, emma onuň

barlygyna ýetmäge çalyşmakdyr. Şu ýerden görnüşi ýaly özi iki — maddy we ruhy taraplaryň bütewligidir.
Iş pelsepewi nukdaýnazardan düşünmek dünýä hadysalaryna özboluşly adam gatnaşyklarynyň usuly, adama tebigy döredijilikli özgerdiji hökmünde garamagy aňladýar.

Iş bilen medeniýet mynasybiýeti barada aýdylanda häzirki medeniýete degişli edebiýatlarda dürli-dürli garaýyşlaryň barlygyny aýtmalydyr. Garaýyşlaryň ählisi medeniýetiň iş bilen gönüden-göni baglanşygyny gürrüňsiz ykrar edýärler. Şonuň bilen birlikde işiň ol ýa-da beýleki görnüşleri dürli nukdaýnazarlardan düşündirilýär. Şeýlelik bilen, medeniýet bilen iş özara aýrylmaz bagly eken, medeniýet işsiz, zähmetsiz ýok, ýagny bolup bilmeýän zat eken, oladam işine garaşly, oňa tabyn ekeni, ýöne medeniýetiň işe garaşly bolmagy entäk her bir edilýän işiň medeniýetdigini asla aňlatmaýar. Iş bar iş bar. Işiň iňden parhy kän. Şonuň üçin medeniýete ähli edilýän iş girýän däldir. Döredilen gymmatlyklaryň ählisiniň, meselem, duşmançylyk, il bähbidini äsgerilmezlik medeniýete girmeýär. Häzir biziň içimizde aýal - maşgalany zorlaýan näkeslerem, adam janyna kast edýänlerem bar. Şol "işleri" edýänler-de "zähmetem çekýärler", "işleýärlerem", ýa-da gelnaljyny keseklemegem, çagany bäbekhanada taşlap gaýtmagam, tire-taýpa arasyna tow salmagam "işdir". Emma şeýle "işler" medeniýet däl-de nadanlykdyr, medeniýeti ösdürmän, tersine, onuň ösüşini togtatmakdyr. Onda haýsy iş medeniýete öwrülip bilýär? Munuň şertleri, ölçegi bar. Eger edilýän iş diňe maddy we ruhy zatlary döretman, eýsem köpçülige, jemgyýete ähmiýetli iş bolmalydyr. Adamlaryň arasynda mazmunlaýyn güýjüň alşylyp-

çalşylmagy geçýär. Nesilleriň janly işi zatlaryň döredilmeginde, aýdaly öýüň, arabanyň bejerilmeginde, kitabyň ýazylmagynda, suratyň çekilmeginde öz beýanyny tapýar we şol kaddyndan doňan medeniýete öwrülip galýar.

Emma getirilen şular ýaly gymmatlyklar adamlar tarapyndan özleşdirilmäge, zatlaşdyrylmaga degişlidir.

Şu babatda medeniýeti "zatlaşdyrmak" we "zatlaşdyrmazlyk" düşünjeleri ýüze çykýar. Ol nämäni aňladýar? Medeniýetiň "zatlaşdyrylmazlygy" diýip dörcdilcn zatlaryň adamlar tarapyndan özleşdirilmegine, medeniýetiň maddalaýyn görnüşiniň şahslaýyn görnüşe geçmegine, ýagny geçmiş medeni ösüşiniň jemleriniň, şahsyýetiň içki, ruhy baýlygyna siňmegine we kabul edilen medeni mirasy täze medeniýeti döretmek üçin peýdalanmagyna aýdylýar.

**Medeniýetiň zatlaşdyrylmagy** diýlende adam işiniň dürli gymmatlyk-larda, kadalarda, däp-dessurlarda we ş.m.-lerde zatlaşdyrylan netijesine, medeniýetiň şahslaýyn görnüşinden maddalaýyn görnüşine geçmegine, ýagny adamlaryň öz bilimlerini, garaýyşlaryny, endikdir ukyplaryny, edip duran işiniň netijesinde amala aşyrýanlygyna düşünilýär.

Jemgyýetçilik pelsepewi edebiýatlarda "medeniýet" düşünjesi bilen "siwilizasiýa" düşünjesi hem ulanylýar. Adamlaryň gadyr-gymmatyny bilýän, olaryft mertebesini saklaýan, hak-hukuklaryny sylaýan her bir ösen jemgyýet bir tarapdan döwletden adamzadyň kabul eden öňde barýan hukuk we ahlak kada-kanunlaryny goldamagy, ikinji bir tarapdan bolsa öz raýatlaryndan ýurtda ýöräp duran hukuk we ahlak kadalaryny berjaý etmegi talap

edýär. Ine jemgyýetçilik durmuşynyň şu tarapyny "siwilizasiýa" düşünjesi şöhlendirilýar.
"Siwilizasiýa" düşünjesi hem edil "medeniýet" düşünjesi ýaly çylşyrymly, köptaraplaýyndyr. Onuň entek gutarnykly kesgitlemesi-de ýok.

Ylmy edebiýatlarda raýatlyk, jemgyýetçilik, döwlet manylaryny aňladýan "siwilizasiýa" sözüniň üç aňlatmadan durýanlygy görkezilýär. Birinjiden, onuň medeniýet bilen manydaşlygy mynasybyýetinde; ikinjiden, maddy hem ruhy medeniýetiň ösüş derejesi we basgançaklary (antik medeniýet, buržuaz medeniýeti) hökmünde; üçünjiden, ilkidurmuş, wagşylyk döwründen soňraky jemgyýetçilik ösüşiniň serejesi (synplaryň, döwletiň emele gelmegi, urbanizasiýa, hat-ýazuw döremegi) babatynda alynýar.

Görnüşi ýaly, medeniýet bilen siwilizasiýa bir häsiýetli jemgyýetçilik hadysasyny emele getirýär. Emma beýle diýildigi bularyň arasynda tapawut ýok diýildigi däldir. Eger medeniýet adamyň içki, ruhy ösüşini aňladýan bolsa, onda siwilizasiýa senagatyň, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, maddy we ruhy baýlyklaryň ösmegini alamatlandyrýandyr. Diýmek, siwilizasiýa düşünjesi adaty adam tarapyndan özgerdilen dünýä, ylmy-tehniki ösüş bilen baglanyşdyrylsa, onda medeniýet düşünjesi ruhy ösüş bilen baglanyşdyrylýar. Häzirki türkmen jemgyýeti taryhy ähmiýetli (sosial-ykdysady meseleleri çözmek, demokratik, dünýewi, hukuk döwletini gurmaga girişmek bilen) täze siwilizasiýa tarap barýar.

Biziň jemgyýetimiziň siwilizlenmegi mundan buýana medeni ösüşiň, ylmyň, tehnikanyň we adamperwerligiň hyzmatdaşlygynyň birleşmegini talap edýär. Pelsepesiz, dünýägaraýyşsyz tehnika, biologiýa,

medisina howply we rehimsiz bolýar. Adamperwerlikden çetleşen tehnika we edaralardyr guramalar adamzat gymmatlyklarynyň, medeni däp-dessurlaryň ýok edilmegine, ruhysyzlyga, adamkärçiliksizlige alyp barýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň adamlarynyň, ylaýta-da ýaş ösdürilmeleriň aň-düşünjesinde ylmy dünýägaraýşy, hakyky ahlaklylygy kemala getirmekde, ynsanperwerlik medeniýetiniň bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bardyr. Hut şu nukdaýnazardan ýaşlary hususan-da talyp ýaşlary adamsöýüjilik ruhunda terbiýelemäge üns güýçlendirilmelidir.

## MEDENIÝETIŇ DÜZÜMI

Medeniýetiň düzüm ulgamy we esasy wezipeleri baryp gadymy zamanlarda akyldarlar dünýäde sansyz köp görnüşli zatlaryň bardygyny seljerip, ýekeleýin zadyň we umumy zadyň mynasybiýeti barada pikir ýöredipdirler. Olar dünýädäki hadysalar, zatlar bulam-bujar, dagynlyk, tertipsizlik ýagdaýdamy ýa-da bütewi bir ulgama salynan, düzgünleşdirilen haldamy? - diýen soragyň hem üstünde kelle döwüpdirler.

Kem-kemden ulgamlaýyn düşünjesi kemala gelmäge başlap, dünýäniň zatlarydyr hadysalaryna ulgamlaýyn çemeleniş nazaryýeti peýda bolýar. Bu mesele bilen hususan pelsepe ylmy meşgullanyp başlaýar. Pelsepe ähli önümçilikde adamlar aýry-aýry, biri-birinden üzneleşdirilen hadysalar bilen däl-de biri-biri bilen özara baglanşykly, bütewi bir ulgam bilen iş salyşýandyklaryny düşündiripdir. we zatlara ulgamlaýyn utgaşygyny - bölümçe, bölüm, düzüm, umumy düşünjeler hataryny işläp düzüpdir.

Ulgamlaýyn çemeleşiş diýlende biri-biri bilen aýrylmaz özara baglaşygy we özara täsiri bolan haýsam bolsa bütewi bir umumylygy emele getirýän belli bir tertip-düzgüne, ulgama salynan çylşyrymly düzüm toplumyna düşünýärler. Ulgamyň mazmunyna düşünmek üçin ýönekeýje mysallara ýüzleneliň. Jaý guruljak ýere agdarylan kerpiçler tertipsiz, garym-gatym üýşmek bolup ýatyrlar. Emma şol tertipsiz ýatan kerpiçlerden biri-birine jebis getirilip örülen kerpiçler salynýan jaýyň ganatlaryny emele getirenlerinde tertipsiz, bulam-bujar görnüşde däl-de belli bir tertip-düzgüne möndürilen, ulgama salynan toplumyna öwrülýär.

Düzüm diýlip ol ýa-da beýleki zadyň gurluşyna, özüni düzýän taraplarynyň we bölekleriniň goýulyşyna, ýerleşişine, biri-biri bilen özara baglanyşygyna aýdylýar.
Ulgamyň çäginde düzümiň öz aýratyn orny bardyr. Ulgam zatlaryň böleklerini biri-biri bilen baglanyşdyrýar, olary özgerdýär, olara bütewi bir umumylyk berýär.
Her bir bütewi ulgam aýry-aýry bölümçelerden düzülýär. Meselem, ruhy medeniýetiň bölümçeleri bolup jemgyýetçilik pikirleri, kadalary, ahlak düzgünleri hyzmat edýär.

Ozaldan bilşimiz ýaly, medeniýete adam işi we akyly netijesinde oňarylyp-bejerilýän zatlaryň bary girýär. Geýim-gejim, jaýlar, ýollar, stanoklar, ulag we aragatnaşyk serişdeleri, garaýyşlar, pikirler, kitap, edebiýat, sungat eserleri - bularyň hemmesi medeniýetdir. Edil kerpiçlerdenlar adamzat gymmatlyklarynyň, medeni däp-dessurlaryň ýok edilmegine, ruhysyzlyga, adamkärçiliksizlige alyp barýar.
Garaşsyz Türkmenistanyň adamlarynyň, ylaýta-da ýaş ösdürilmeleriň aň-düşünjesinde ylmy dünýägaraýşy,

hakyky ahlaklylygy kemala getirmekde, ynsanperwerlik medeniýetiniň bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bardyr. Hut şu nukdaýnazardan ýaşlary hususan-da talyp ýaşlary adamsöýüjilik ruhunda terbiýelemäge üns güýçlendirilmelidir.

## MEDENIÝETIŇ DÜZÜMI

Medeniýetiň düzüm ulgamy we esasy wezipeleri baryp gadymy zamanlarda akyldarlar dünýäde sansyz köp görnüşli zatlaryň bardygyny seljerip, ýekeleýin zadyň we umumy zadyň mynasybiýeti barada pikir ýöredipdirler. Olar dünýädäki hadysalar, zatlar bulam-bujar, dagynlyk, tertipsizlik ýagdaýdamy ýa-da bütewi bir ulgama salynan, düzgünleşdirilen haldamy? - diýen soragyň hem üstünde kelle döwüpdirler.

Kem-kemden ulgamlaýyn düşünjesi kemala gelmäge başlap, dünýäniň zatlarydyr hadysalaryna ulgamlaýyn çemeleniş nazaryýeti peýda bolýar. Bu mesele bilen hususan pelsepe ylmy meşgullanyp başlaýar. Pelsepe ähli önümçilikde adamlar aýry-aýry, biri-birinden üzneleşdirilen hadysalar bilen däl-de biri-biri bilen özara baglanşykly, bütewi bir ulgam bilen iş salyşýandyklaryny düşündiripdir. we zatlara ulgamlaýyn utgaşygyny - bölümçe, bölüm, düzüm, umumy düşünjeler hataryny işläp düzüpdir.

Ulgamlaýyn çemeleşiş diýlende biri-biri bilen aýrylmaz özara baglaşygy we özara täsiri bolan haýsam bolsa bütewi bir umumylygy emele getirýän belli bir tertip-düzgüne, ulgama salynan çylşyrymly düzüm toplumyna düşünýärler. Ulgamyň mazmunyna düşünmek üçin ýönekeýje mysallara ýüzleneliň. Jaý guruljak ýere

agdarylan kerpiçler tertipsiz, garym-gatym üýşmek bolup ýatyrlar. Emma şol tertipsiz ýatan kerpiçlerden biri-birine jebis getirilip örülen kerpiçler salynýan jaýyň ganatlaryny emele getirenlerinde tertipsiz, bulam-bujar görnüşde däl-de belli bir tertip-düzgüne mündürilen, ulgama salynan toplumyna öwrülýär.

Düzüm diýlip ol ýa-da beýleki zadyň gurluşyna, özüni düzýän taraplarynyň we bölekleriniň goýulyşyna, ýerleşişine, biri-biri bilen özara baglanyşygyna aýdylýar.

Ulgamyň çäginde düzümiň öz aýratyn orny bardyr. Ulgam zatlaryň böleklerini biri-biri bilen baglanyşdyrýar, olary özgerdýär, olara bütewi bir umumylyk berýär.

Her bir bütewi ulgam aýry-aýry bölümçelerden düzülýär. Meselem, ruhy medeniýetiň bölümçeleri bolup jemgyýetçilik pikirleri, kadalary, ahlak düzgünleri hyzmat edýär.

Ozaldan bilşimiz ýaly, medeniýete adam işi we akyly netijesinde oňarylyp-bejerilýän zatlaryň bary girýär. Geýim-gejim, jaýlar, ýollar, stanoklar, ulag we aragatnaşyk serişdeleri, garaýyşlar, pikirler, kitap, edebiýat, sungat eserleri - bularyň hemmesi medeniýetdir. Edil kerpiçlerden getirilen mysallar ýaly medeniýetiň şu bölümçeleri hem edil atom, molekula, organizm, jemgyýetçilik gurluşy ýaly öz biri-birleri bilen özara durnukly baglanşykdadyrlar.

Medeniýetiň ulgamlaýyn, onuň bölekleriniň özara baglanşykdadygyny aşakdaky mysallar aýdyň suratlandyrýarlar. Baryp biziň eramyzyň 3-nji asyrynyň aýaklarynda ýegsan bolan gadymy Parfiýa döwletiniň paýtagty bolan Nusaýda gazyp-agtaryş işlerini geçiren arheologlar tapylyp alynan ýek-tük zatlar boýunça ähli Nusaý medeniýetini galdyrdylar, janlandyrdylar.

Tebigat bilen medeniýetiň hem arasynda aýrylmaz baglanyşyk bardyr. Havwanat we ösümlik dünýäsiniň, topragyň häsiýetine baglylykda ol ýa-da beýleki halkyň toýlary, oýunlary, däp-dessurlary, geýim-gejimleri, jaýlary, ulaglary emele gelýär. Tebigat bilen çeper medeniýetiň arasynda-da göni baglanyşyklar saklanýar. Tebigat ýazyjylara, kompozitorlara, suratçylara diňe bir ylham bermän, eýsem olaryň döredijilikli işine, ýazýan eserlerine hem gerekli keşpleri hödürleýär. Tebigatyň zatlary halkyň etniki simwoly hökmünde hem çykyş edýär. Meselem, dünýäniň ähli ýerinde "Garagum" düşünjesi Türkmenistany, türkmenleri aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, ol ýa-da beýleki halkyň hojalygy, ykdysadyýeti, ilatynyň käri, işi-pişesi tebigata-da baglydyr. Tokaýyň içinde oturýan ilat tokaý hojalygy, ýagny agaç ekmek, kesmek, umuman tagta öndürmek işleri bilen meşgullansa, deňiz ýakasynda ýaşaýan ilat balyk tutmak olary bejermek käri, balyk öndüriş kärhanalaryny ýola goýmak işi bilen bolýar. Hojalygyň belli bir görnüşi bilen dindarlygyň, terbiýeçilik meseleleriniň arasynda-da özara täsirler saýgarylýar.

Şeýlelik bilen, medeniýetiň düzüm bölümleriniň arasyndaky dürli-dürli içerki özara baglanşyklar we gatnaşyklar medeniýetiň ulgamlaýynlygyny aňladýan eken.

Adamlar tarapyndan ähli jemgyýetçilik ulgamynda amal edilýän işler, zähmet maddy we ruhy önümçiligiň çäklerinde geçirilýär. Adam işidir-zähmediniň iki esasy şahasyna we adamlaryň hakykaty medeniýetleşdiriji usullaryna, ýagny fiziki we akyl zähmetine laýyklykda medeniýeti iki uly topara - maddy we ruhy toparlara bölýärler. Medeniýetiň şu iki toparlarynyň her biri

çylşyrymly we köptaraplaýyn düzümden ybaratdyr. Maddy medeniýetiň diizümi barada aýdylanda onda onuň düzümine zähmet medeniýeti (adamlaryň zähmet çekmäge bolan başarjaňlygyny we ukyplaryny ösdürmek; işdir-zähmete bolan isleglerini we endiklerini emele gctirmek); önümçilik medeniýeti (önümçiligi tehniki tarapdan enjamlaşdyrmak, işgärleriň ussatlyk derejesini ýokarlandyrmak); durmuş medeniýeti (adam öndürilişiniň, nesliň dowam etdirilişiniň alnyp barylyşy, maddy we ruhy nygmatlaryň,eşretleriň sarp etdirilişiniň, iýmitden, geýimden, jaýdan kanagatlanmanyň, çagalaryň mazmunlaýyn güýjini kemala getirme-giň, dynç alyşy, saglygy saklamanyň tärleri) ekologiki medeniýet (adamlaryň tebigata gatnaşygy) girýär.

•*" Maddy medeniýetiň, mazmunyna we düzümine düşünmek meselesi pelsepe we medeniýeti öwreniş ylymlarynda maddy medeniýetiň maddy önümçilik. maddy durmuş bilen mynasybiýetiniň takyklanmagyny talap edýär. Şu çylşyrymly we kyn meseläni çözmekde ençeme ylmy garaýyşlar we pikirler peýda boldular. Şol garaýyşlaryň wekilleriniň birleriniň pikirlerine görä maddy medeniýet bilen maddy önümçilik, maddy medeniýet bilen adamlaryň jemgyýetçilik maddy durmuşy aýny bir zat diýip düşündirildi. Bu nukdaýnazaryň medeniýeti ykdysady gatnaşyklar bilen bir zat diýip hasaplaýanlygy üçin ol garaýyş ylalaşyp bolunmajak garaýyşdyr. Garaýyşlaryň ikinji birine görä maddy medeniýet önümçilik medeniýetine, esasan-da maddy - özgerdiliş işine syrykdyrylýar. Şu nukdaýnazardan "medeniýet" we "önümçilik" çäklendirilýär, medeniýet adamlaryň işi, zähmet netijesi bilen baglanyşdyrylýar. Bu pikir meseläniň ylmy

çözgüdine ýakynlaşýan pikirdir. Emma muňa garamazdan bu pikiri hem dolulygyna goldap bolmax, çünki bu ýerde-de maddy medeniýet diňe önümçilik bilen çäklendirilýär.
Onda maddy medeniýetiň häsiýetli aýratynlyklary nämeler bilen tapawutlandyrylýar? Elbetde, maddy medeniýet jemgyýetiň maddy durmuşy bilen-de, maddy önümçiligi bilen-de aýny bir zat däldir. Şeýle-de maddy medeniýet maddy - özgerdiliş bilen hem bir zat hasaplanyp bilinmez. Maddy medeniýet ozaly bilen adamyň mazmunlaýyn güýjüniň ölçegi hökmünde çykyş edip, hut şol maddy - özgeridiji işiň, zähmetiň şahsyýetiň ösüşine, ruhy tarapdan kämilleşmegine nä derejede täsir edip bilýänligi, adamlar tarapyndan döredilen maddy we ruhy gymmatlyklarda şol adamlaryň bilimleriniň, endikleriniň, zehinleriniň, sosial tejribeleriniň zatlaşdyrylýanly-gy, durmuşa geçirilendigi bilen häsiýetlendirýär.

Adamlar diňe bir maddy gymmatlyklary döretmek bilen çäklenmeýärler. Olar ruhy gymmatlyklary-da, ýagny dürli pelsepewi ulgamlary, ahlak kada-kanunlary, sungat eserlerini, ylmy işleri, dili, dini taglymatlary hem öndürýärler.

Edil maddy medeniýetde bolşy ýaly ruhy medeniýet hem köp basgançakly, çylşyrymly düzümi emele getirýär. Onuň düzümine akyl ýetiriş medeniýeti ýagny bilim we ylym ulgamy, syýasy medeniýet, hukuk medeniýeti, ahlak medeniýeti, gözellik medeniýeti, aňyýet medeniýeti, pelsepewi medeniýet we şuňa meňzeş ruhy medeniýetiň beýleki bölekleri girýärler. Ruhy medeniýet öz içine ruhy gymmatlyklary döredýän, saklaýan, paýlaýan, alyş-çalyş edýän medeni edaralar ulgamyny hem alýar.

Maddy medeniýetiň özboluşly häsiýetlerini düşündirmekdäki ýaly alymlaryň arasyndaky çapraz

pikirler, ylmy jedeller ruhy medeniýeti häsiýetlendirmekde hem gabat gelýär. Mysallara ýüzleneliň: Alymlaryň bir topary ruhy medeniýeti jemgyýetçüik aňynyň görnüşleri bilen birmeňzeşdir diýen nukdaýnazaryň tarapdary bolup çykyş edýärler. Dogrudan-da, ruhy medeniýet öz içine jemgyýetçilik aňynyň görnüşlerini alýar. Emma bu ýagdaý entek olaryň birmeňzeşligini tassyklamaýar. Aňyň dürli görnüşleri entek öz-özlerindäkiler medeniýet däldirler. Ol görnüşler zatlaşanlaryndan soň, ýagny haçanda ruhy gymmatlyklara we kadalara öwrülenlerinden soň medeniýet bolup bilerler.

Ruhy medeniýeti jemgyýetiň ruhy durmuşy bilen aýny bir zat edip görkezjek bolýan barlagçylar hem bar. Ruhy medeniýet bilen ruhy durmuşyň mynasybiýeti barada aýdylanda ruhy durmuş öz göwrümi we çägi boýunça has giňdir. Ähli ruhyýet, ruhy medeniýet. ruhy aň, ruhy durmuşyň belli-belli böleklerini emele getirýär.
Şeýlelik bilen, medeniýet öz esasy düzümi boýunça iki uly şaha - maddy we ruhy medeniýete bölünýän eken. Emma medeniýeti şeýle iki uly görnüşe bölmek şertli häsiýetdedir. Sap arassa, goşant-garnawsuz ne maddy, ne-de ruhy medeniýet bardyr, çünki maddy medeniýet ruhy tarapsyz, ýagny aňyň, paýhasyň gatnaşnaşmazlygynda döräbem, ýaşabam bilmez. Hatda adamlaryň ýönekeýje zähmet we önümçilik gatnaşyklarynda-da maddylaýynlyk we ruhyýynlyk arassa görnüşde, özbaşdaklykda ýaşamaýar. Meselem, dutarçy ýa-da kümüşçi ussa saz guralyny ýa-da şaý-sepleri ýasanda oňaryp-bejerýän zatlaryna diňe bir öz fiziki güýçlerini sarp etmän, eýsem ozaly bilen akyl zähmetini, ýagny bilimini, aň-düşünjesini, iş, önümçilik tejribesini, ukypdyr-endiklerini hem siňdirýär.

Şeýle bölünşigiň şertlidigini häzirki zamanky ylmy-tehniki ösüşiň şert-lerinde maddy we ruhy medeniýetiň barha, gitdigiçe şol medeniýetleriň bö-lekleriniň bir bütewlige öwrülip barmagy hem tassyklaýar. Muňa mysal hök-münde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň - metbugatyň, radionyň, telewi-deniýanyň tehniki tarapdan ýaýbaňlanmagyny, wideo, telewizor, magnitofon ýaly medeniýetiň hojalykda, maşgalada sarp ediş serişdeleriniň barha artyp barmagyny görkezse bolar. Ilkinji bir tarapdan bolsa maddy medeniýetde ruhy medeniýetiň roly ýokarlanýar (önümçiligiň ylymlaşdyrmagy).

Medeniýetiň esasyny we düýp mazmunyny emele getirýän düzüm bölekleri. Medeniýetiň düzümine onuň esaslaryny we köküni, hamyr maýasyny düzýän çygyrlary hem girýärler. Ozaly bilen medeniýetiň esaslary, köki bilen tanyşyp geçeliň. Medeniýetiň esaslary, düýp köki diýip, adamlaryň mazmunlaýyn güýjüniň medeniýetiň gymmatlyklarynda we kadalarynda zatlaşdyrmagyna aýdylýar. Şu ýerde mälim bolşy ýaly, medeni gymmatlyklar adamlaryň mazmunlaýyn güýjüniň medeniýetiň gymmatlyklarynda we kadalarynda zatlaşdyrmagyna aýdylýar. Şu ýerde mälim bolşy ýaly, medeni gymmatlyklar adamlaryň mazmunlaýyn güýji bilen aýrylmaz baglanşykda durýar.

Indi bolsa "medeni gymmatlyklar", "adamlaryň mazmunlaýyn güýji" diýen düşünjeleriň nämedigine garap geçeliň. Pelsepäniň taryhyna görä taryhda dürli gymmatlyklar taglymaty işlenip düzülipdir. Gymmatlyklar baradaky bu pelsepewi taglymata aksiologoýa diýilýär. Ol taglymatlar öz "gymmatlyk" ,"baha beriş", "gymmatlyk çelgiler" düşünjelerini işläp taýýarlapdyrlar. Olaryň birleri, meselem, dini taglymat hakyky gymmatlygy ol dünýäden

gözläpdir. Asketizm diýen akym zemin lezzetlerinden el çekmegi esasy gymmatlyk diýip öwredipdir.Gedonistik dünýägaraýyş bolsa ähli zemin eşretlerinden, näz-nygmatlaryndan bol-elin lezzetlenmegi iň belent gymmatlykdyr diýip tassyklapdyr.

Aksiologiki meselelere XVIII-XIX asyrlar türkmen jemgyýetçilik pikiri hem degip geçipdir. Ol jemgyýetçilik pikiri öz ildeşlerini belent jemgyýetçi-lik pikirlere ugrukdyrypdyr. Onuň şöhratly wekilleriniň, aýratyn-da akyldar şahyrlar Nurmuhammet Andalybyň, Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly - Pyragynyň, Keminäniň, Mollanepesiň, Zeliliniň we başgalaryň eserlerinde gymmatlyk, çelgi meseleleri uly orun tutýar. Olaryň sosial çelgi pikirine umumyadamzat ähmiýetli gymmatlyklar topary girizilipdir. Türkmen akyldarlary il-ýurt bähbidini, dünýäni, zemin eşretlerini hakyky gymmat-lyklar diýip ündäpdirler. Bu pikir Magtymgulynyň "Zat ýagşy" goşgusynda şeýle berilýär:

Mollalar ahyret sözün söýlärler:
"Müňkür olma, geljek işdir, eýlärler".
Kim biler ki ahyretde neýlärler,-
lýip, içip, minip, guçup öt ýagşy!

Gymmatlyklar taryhy häsiýetdedirler, ýagny olar hemişe üýtgäp, özgerdip bir görnüşden, ähmiýetlilikden başga birlerine geçip durýandyrlar. Düýnki gymmatlyklar, zatlar, aňyýet ertir gymmatsyzlanýarlar. SSSR döwründe dini gymmatlyklar, ençeme milli däp-dessurlarymyz gymmatlyk hasaplanmadyk bolsa, onda Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soň din-yslam adamzat gymmatlyklarynyň biri, Nowruz, Gurban baýram bolsa milli baýramlar diýlip yglan edildi. Häzirki Garaşsyz Türkmenistanda döredilýan gymmatlyklar toplumy

adamyň aňynyň düýpli özgerdilmegine, demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň emele getirilmegine we ösmegine ugrukdyrýar.

Indi aksiologiýa - gymmatlyklar, olaryň jemgyýetdäki ornuny öwrenýän pelsepewi taglymatynyň üstünde az-kem togtap geçeliň. Aksiologiýa (grekçe "axios" - gymmatlyk we "logiýa" - taglymat) - özünde üç sany esasy düşünjeleri "gymmatlyk", "baha beriş", "gymmatyk çelgisi" düşünjelerini birleşdirýän gymmatlykar hakyndaky ylymdyr. Bu adalgalaryň mynasybiýeti barada aýdylanda olaryň hemmesi gymmatlyk meselesi bilen baglydyr. Şonuň bilen birlikde olar biri-birinden tapawutlanýarlar. "Gymmatlyk" düşünjesi öz manysy boýunça "bähbit", "peýdalylyk", "isleg-talap" düşünjelerine ýakyn hem bolsa olar bilen birmeňzeş düşünje däldir. "Gymmatlyk" düşünjesi medeni, ylmy, ahlak, gözellik gatnaşyklardaky adam üçin oňyn ähmiýetliligi bellemek ýa-da alamatlandyrmak üçin ulanylýar. Emma ähmiýetlilik her bir halatda gymmatlyk bolup bilmez. Ol ýa-da beýleki zadyň ähmiýetliligi onuň sosial hyzmaty, ýagny adamlaryň, adamzadyň, jemgyýetiň durmuşyny kämilleşdirmäge gatnaşygy boýunça ölçelýändir. Ine hut şonuň üçin gymmatlyk diýlende hut oňyn ähmiýetliligi düşünilýär.

"Baha beriş" düşünjesi zatlaryň we hadysalaryň kämillik derejesini, medeni ähmiýetliligini kesgitleýji usuldyr. Baha berişde - baha berilýän zadyň ähli tarapy şöhlelenmän, onuň diňe ähmiýetli alamaty şekillenýär. "Gymmatlyk çelgisi" diýlende adamyň durmuşdan sosial ähmiýetli gymmatlyklary erkin saýlap almagyna, şol ileri tutulan gymmatlyklara görä hereket etmäge düşünilýär. Eger saýlanyp alynan gymmatlyklar çyn, hakyky

gymmatlyklar bolmasa onda olar adamyň ruhyny kämilleşdinnäge we ösdürmäge ýardam etmeýär. Umumyadainzat gymmatlyklary (ynsan durmuşy, adamyň raýatlyk we ahlak mertebesi, zähmet, erkinlik, söýgi, enelik, nesil öndürmek, adalat, adamkärçilik, ýagşylyk we ş.m.) - munuň özi külli adamzadyň ruhy tejribesini şöhlelendirýän uniwersal dünýägaraýyş hökümli pikirler we ahlak kadalarydyr. Umumyadamzat gymmatlyklary şahslaýyn we sosial — toparlaýyn gymmatlyklardan üzňe ýaşamaýar. Umumyadamzat gymmatlyk-lary halklaryň we milletleriň gazananlarynyň esasynda kemala gelip, olaryň iň oňyn ösen taraplaryny özünde jemleýär. Umumyadamzat medeni gymmatlyklary medeniýeti, siwilizasiýany zaýalanmakdan we dargamakdan halas etmegi, tebigaty, ýaşaýşy ekologiki bela-beterlerden, ynsanyýeti ölüm-ýitim howpundan, gorap saklamagy öz hemişelik wezipesi saýýar.

Maddy we ruhy gymmatlyklaryň iňňän uly medeniýetleşdiriň roly bardyr. Adamlar gymmatlyklary özleşdirmek arkaly özleriniň mazmunlaýyn güýçlerini ösdürýärler. Başga bir söz bilen aýdylanda adam dürli maglumatlary alyp, öz bilimlerini artdyrýar, ukyplaryny kämilleşdirýär, dünýä halklarynyň önümçilik tejribesini alýar. Şeýlelik bilen, bolsa ruhy jähtden ösýär. Ençeme medeniýeti öwreniji alymlaryň dogry belläp geçişleri ýaly medeni gymmatlyklar adamlar arasynda mazmunlaýyn güýjiň alyş-çalyş serişdesidir. Nesilleri biri-biri bilen baglanyşdyryjy, duşuryjy, araçy hökmünde çykyş edýändir. Emma bu duşuşyk geçen zamanlarynyň nesilleriniň ol ýa-da beýleki wekili bilen ýüzbe-ýüz, janly duşuşyk ýa-da söhbetdeşlik däldir. Bizi, häzirki zaman nesillerini olar ýagny geçen zaman adamlary bilen

duşurýan, tanyşdyrýan zat.- bu olaryň bize goýup giden medeni gymmatlyklarydyr, medeni miraslarydyr.
Diýmek, häzirki nesiller tarapyndan geçen nesilleriň goýup giden medeniýetiniň işjeň peýdalanmagy häzirki zaman medeniýetiniň kemala gelmegine, adamyň ruhynyň kämilleşmegine ýardam edýän özeni eken. Ine araçynyň medeni mazmuny hem şundan ybaratdyr.

Indi **"adam mazmunlaýyn güýji"** diýen düşünjäniň nämäni aňladýan-dygyna garap geçeliň. Ýadyňyzda bolsa ozalam bu barada ýüz ugruna agzap geçipdik. Adamlaryň döredijilikli işidir-zähmeti üçin zerur bolan bilimler, ukypdyr başarjaňlyklar, garaýyşlar, pikirler, sosial tejribeler toplumyna mazmunlaýyn güýç diýilýär. Bu güýç öz beýanyny adamlaryň alyp barýan işidir zähmetinde tapýar. Adam özüniň edýän iş-zähmetiniň netijesinde gurşap alýan dünýäni özgerdip, öz öndüren önümlerinde özüni, öz mazmunlaýyn güýjüni şekillendirýär, oňaryp bejeren gymmatlyklarynda şahslaýyn güýjüni zatlaşdyrýar.
**Medeniýetiň ýerine ýetirýän işlerini düzýän bölüm.** Adamlaryň maddy we önümçilik çäklerinde dünýäni özgertmek üçin alyp barýan döredi-jilikli işiniň barşynda jemgyýetçilik ähmiýetli maddalaýyn we ruhlaýyn gymmatlyklar öndürilýär, saklanylýar, paýlanylýar, alşylyp-çalşylýar we sarp edilýär. Ine şu bäş hatardan ybarat durýan bitewi ulgam medeniýetiň ýerine ýetirýän işleriniň toplumyny düzýär. Medeniýet şu toplumy düzümsiz ýaşap bilmez. Bu alynyp barylýan işleriň esasy wezipesi adamlara dünýä medeniýetiň tejribesini ele alyp, umumyadamzat medeni genji-hazynasyny baýlaşdyryp, gözelligi pislikden, haýry şerden tapawutlandyryp,

jemgyýetiň bähbidini arap biljek şahsyýeti kemala getirmekden ybaratdyr.

Medeniýetiň amal edýän işleriniň düzüminde ilkinji orun adamy oňaryp-bejermek wezipesi bilen meşgullanýan medeniýeti öndüriş işine degişlidir. Medeniýeti saklamak, paýlamak, alyş-çalyş we we sarp etmek üçin ozaly bilen medeniýetiň özüniň bar bolmagy gerekdir, medeniýetiň öndürilmegi hökmandyr. Ýok zatsyz, öndürilmedik, bolmadyk zatsyz medeniýeti saklamak, ýaýratmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek hakynda gürrüň hem bolup bilmez.

" Medeniýetiň amala aşyrýan işleriniň gidişinde ruhy gymmatlyklar: ylmyň gazananlary, edebiýat we sungat eserleri jemgyýetçilik pikirleri, ahlak kadalary, syýasat, hukuk, din ýaly garaýyşlar öndürilýär.

Ruhy medeni gymmatlyklary öndürmekde onlarça ýörite edaralar işleýärler. Olara kinoteatrlar, teatrlar, döredijilik birleşmeleri, halk döredijilik toparlary we ş.m. degişlidir.

Adamlaryň döredijilik işini zatlaşdyrýan ruhy medeniýetiň önümleri adamlary jemgyýetleşdirýärler, alymdyr-ýazyjynyň pikirini, suratçynyň dünýägaraýşyny, akyldaryň oýlanmalaryny, kitaba, surata, pelsepewi düşünjelere öwrüp, zatlaýyn görnüşe getirýär, başga bir söz bilen aýdylanda medeniýeti medeni zatlara öwürýär. Diýmek, şahyryň, alymyň, fizigiň, akyldaryň kitaplary, eserleri, suraty ýöne bir zat şekilinde bolman, eýsem olaryň döredijiligi siňdirilen ruhy gymmatlyklarydyr. Döredilen ruhy gymmatlyklaryň medeni mazmuny, manysy - bu olaryň üsti bilen adamlaryň bilimleri, tejribeleri toplamagydyr, medeniýeti döredijiler bilen medeniýeti sarp edijiler arasynda ysnyşykly arabaglanşygyň ýola goýulmagydyr.

Medeniýeti üç adam - alym, hakgaş, işçi döredýär diýýärler. Emma her bir jemgyýetde akyl, esasan-da çylşyrymly döredijilik işleri bilen hünärmen jähetden ýörite meşgullanýan adamlar topary bolan intelegensiýa bar. Jemgyýetiň bu adamlarynyň esasy işi, käri galapyn medeni iş bilen, medeniýeti ilertletmek wezipesi bilen baglanşyklydyr. Ylmyň, tehnikanyň, sungatyň, magaryfyň ösüp öňe gidişi ruhy gymmatlyklaryň öndürilişi, saklanmagy, paýlanmagy, alyp-çalşylmagy we sarp edilmegi, mahlasy jemgyýetiň ähli ruhy durmuşynyň özgeriş derejesi intelegensiýanyň işine baglydyr. Emma beýle diýmek ruhy medeniýeti ösdürmek işi diňe intelegensiýanyň paýyna düşýär diýlldigi däldir. Bu işde medeniýetiň öndürijileri bolan işçiler synpynyň-da daýhanlar synpynyň-da hyzmaty uludyr.

Medeni gymmatlyklaryň döredilmegi bilen ruhy önümçilik işi tamamlan-maýar. BLI ulgamyň düzümindäki indiki nobat gymmatlyklary, medeniýeti sarp edijilere, ýetirmek wezipesidir. Medeniýetiň bu işini amala aşyrmak üçin ozaly bilen öndürilen baýlyklary, medeni mirasy gorap saklamak işi zerurdyr. Bu zerurlyk bilen ýörite iş salyşýan edaralar topary bolup, olar özünde taryhy, ylmy maglumatlary, sungat we çeper edebiýatdan eserleri, halk hojalyk pudaklary boýunça maglumatlary, görnükli alymlaryň, suratkeşleriň şahsy golýazmalaryny, salam hatlaryny, foto, magnit ýazgylaryny, dürli edaralardyr guramalardan tabşyrylan resminamalaryny saklaýan we wagz edýän arhiwler, muzeýler, golýazmalar, sungat, saz eserleriniň ýazgylary bilen ilata ruhy taýdan hyzmat edýän kitaphanalar girýärler.

Emma bu edaralaryň alyp barýan işi diňe medeni gymmatlyklary gorap saklamak işi bilen çäklenmeýär. Ol

medeni edaralar şol bir wagtyň özünde döredijilik, ylmy-barlag, magaryfçylyk işleri bilen-de meşgullanýarlar. Meselem, kitaphana ýa-da golýazma institutynyň işgärleri ýerlere ylmy ekspedisiýalary gurap taryhy we medeni ýadygärlikleriň gözlegine çykýarlar, tapylan zatlary öwrenýärler, degşirýärler, rejeleýärler. Meselem: ele salynan "Zöhre-Tahyr" dessanynyň tapylan täze nusgasyny ozalkylar bilen deňeşdirip, onuň dürli görnüşleriniň barlygy esasynda ozalky dessanyň ol ýa-da beýleki ýerleri takyklanýar, ýetmez ýerleri doldurylýar, şeýdibem, asyl nusga golaýlaşylýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň hökümeti medeniýeti gorap saklaýjy edaralar ulgamyna uly üns berýär. Tehniki tarapdan enjamlaşdyrylan häzirki wagt talaplaryna laýyk gelýän kitaphanalar, muzeýler, arhiwler, golýazmalar institutlary gurulýar. Alymlar, medeniýet we magaryf işgärleri Türkmenistanyň taryhyna we medeniýetine degişli beýleki ýurtlarda saklanylýan maglumatlary tapyp getirmäge ylmy iş saparlaryna ýollanýarlar. Şu jähetden döwlet serişde gaýgyrmaýar.

Ruhy gymmatlyklar bilen ençeme edaralaryň meşgullanyşy ýaly medeni maýlyklary paýlamak we ýaýratmak işi bilen hem ýurduň bir topar medeni edaralary meşgullanýarlar. Ol toparlar üçe bölünip, birinji topara bilim ulgamy (mekdebe çenli çagalar edaralary, sowat we bilim berýän mekdepler, ýörite orta we ýokary bilim berýän okuw mekdepleri), ikinji topara köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamy (metbugat, kino, radio, telewideniýe), üçünji topara medeni aň-bilim edaralary (teatrlar, muzeýler, kitaphanalar, klublar, parklar) girýärler.

Garaşsyz Türkmenistanyň täze medeni, bilim, ylym, metbugat syýasatyna daýanyp, öz gündelik, işlerini alyp barýan şu sosial-medeni edaralar jemgyýetiň toplan we döredýän ruhy gymmatlyklaryny medeniýeti sarp edijilere - ilata ýetirýärler. Täze medeni syýasat ruhy nygmatlaryň paýlanyşynyň, oňyn hem-de tersin görnüşleriniň bardygyny nazarda tutup, şol edaralardan ýurduň ilatyny medeniýetini sarp etmäge ugrukdyrmagyň ýollaryny tapyp bermegi talap edýär.

Jemgyýeti, adamlary medeni, ruhy babatdan kämilleşdirmekde we ösdürmekde uly rol oýnaýan serişdeleriň başga biri - ruhy gymmatlyklarynyň alşylyp-çalşylmagydyr, ýagny adamlaryň, halklaryň. ýurtlaryň medeni aragatnaşygydyr.

Her bir halkyň, ýurduň, jemgyýetiň ylymda, sungatda, tehnikada. mcdisinada, bilim, terbiýeçilik işinde gazananlaryny, toplan önümçilik, zähmct tejribesi bolýar. Mundan hem başga jemgyýetiň sosial toparlarynyň her agzasy biri-biriniň döreden önümine mätäç ýagdaýdadyrlar. Meselem, telekeçi öz işini üstünlikli alyp barmak üçin tejribeli täjiriň ýa-da ykdysatçynyň maslahatydyr-kömegine mätäçdir. Suratçy, hakgaş Döwletmämmet Azadynyň suratyny döretmek üçin taryhçynyň, edebiýatçynyň şahyr barasynda ýazan işleri bilen tanyşmalydyr, aýdym-sazy küýseýän işçi, daýhan, gullukçy gulagynyň posuny açmak üçin aýdym-saz diňläsi gelýär. Diýmek, medeni alyş-çalyş, ýagny adamlar arasyndaky ruhy aragatnaşyk olaryň syýasy, ylmy, ahlak gözellik we beýleki ruhy jähetlerden ösmegini üpjün edip bilýän serişde bolup hyzmat edýän ekeni.

Medeniýetiň ýerine ýetiriji bölümleriniň hatary medeni gymmatlyklary sarp ediş işi bilen tamamlanýar. Eger

maddy gymmatlyklarynyň sarp edilişinde önüm, meselem, iýilýän nan ýa-da içilýän suw bir saparlyk möhletli, fiziki tarapdan hem ýogalýan bolsa, onda ruhy gymmatlyklar köpsaparlyk ulanylyşly häsiýetdedir. Adamlaryň medeni gymmatlyklary sarp edişi olaryň ruhy ösüş, derejesine hem-de isleglerine baglydyr.

Ine, gysgaldylyp aýdylanda, umuman, medeniýetiň amala aşvn/an işleriniň mazmuny we häsiýetleri şu aýdylanlardan ybaratdyr.

**Medeniýetiň jemgyýetçilik wezipeleri.** Medeniýetiň, şol sanda runy medeniýetiň hem, jemgyýetçilik durmuşynda amal edýän işi, sosial roly, özüne mahsus bolan wezipesi bar. Şoňa görä medeniýet jemgyýetiň, adamlaryň ýaşamagy, ösmegi we kämilleşmegi üçin ençeme sosial wezipeleri ýerine ýetirýär. Şolar arkaly biz tebigata, jemgyýete, taryha, häzirki zamana akyl ýetirmek mümkinçiligini alýarys, ruhy jähetden terbiýelenýäris.

Mälim bolşy ýaly, medeniýet durmuşyň ähli çäklerine aralaşýar. Hut şu babatdan medeniýetiň köp sanly wezipeler toplumy emele gelip, olar ähli jemgyýetçilik çäklerine ýaýraýarlar.

Medeniýetiň düzüminiň takyk bölümçelerini düzýän wezipeleri bir-birinden özleriniň şöhlelendiriş ýagdaýy boýunça tapawutlanýarlar.

Medeniýetiň wezipeler ulgamynda ilkinji orun adamdöredijlik, ýagny adamlaryň hut özleriniň oňarylyp-bejerilmegini, onuň hususy güýjüni we gatnaşyklaryny kemala getirmek wezipesine degişlidir. Şu wezipäniň esasy maksady medeniýetiň esasy wezipesi bolan jemgyýetiň bähbidini araýan adamy ösdürip ýetişdirmek işi bilen baglydyr. Bu wezipe medeniýetiň wezipeleriniň

arasynda aýgytlaýjy orunda durýanlygy sebäpli oňa medeniýetiň hemme beýleki wezipeleri tabyn ýagdaýdadyrlar.

Medeniýetiň adamdöredijilik wezipesi Garaşsyz Türkmenistanyň şertlerinde uly gerim alyp, töwerekdäki dünýäni özgerdiji sosial tarapdan, döredijilik işjeňli şahsyýeti terbiýelemäge ýardam edýär.

Medeniýetiň ähmiýetli wezipeleriniň beýleki biri akylýetirijilik wezipesidir. Ol dünýägaraýyş meselesi bilen bagly bolup, dünýäniň, jemgyýetiň, adamyň nämedigine, adamyň dünýäde tutýan ornuna düşünmek, tebigatyň we jemgyýetiň zatlarydyr hadysalarynyň ösüş kanunlaryna akyl ýetirmek, ýagşyny, ýamany saýgarmak, amal edilýän işiň mazmunyny we netijesini aňlamak, ynsanyň edim-gylymyny kesgitlemek ýaly işler bilen meşgullanýar.

Bilim hemmelere - daýhanlara-da, maldarlara-da, senetgäre-de, işçä-de, syýasatça-da, sazanda-da, alyma-da gerek. Biziň gündelik durmuşymyzda, syýasy-jemgyýetçilik, hojalyk, medeni, harby işlerimizde sowatsyz, bilimsiz işlemek mümkin däl. Eger daýhan topragy, agrotehnikany, maldar weterinariýany, hojalyk ýolbaşçylary adamlary, önümçiligi, işgärleriň talapdyr-isleglerini ýeterlik derejede bilmeseler olar öňde goýulan wezipeleri çözüp bilmezler. Adam fiziki tarapdan näçe güýçli-de bolsa durmuşyň, önümçiligiň, adamlar arasyndaky gatnaşygyň gizlin syrlaryna akyl ýetirmäge ejiz gelýär. "Bilegi ýogyn birini ýykar, bilimi ýogyn müňüni" diýen halk nakyly ylymdyr-bilimiň adamyň jemgyýetiň durmuşyndaky ornuny görkez-ýär.

Ilcr bir avratyn halkyň, zamananyň, taryhy jemgyýetiň dünýä akyl ýetiriş na/aryýeti bar. Şu babatda giçki orta

asyrlar Türkmenistanynda peýda bolan "Sary öküz" folklor eserine garap geçeliň.

Ýeri götergen sary öküz, bilmen näçe ýaşyndadyr,
Dört müň, dört ýüz aýagy bar, hemmejesem döşündedir,
Guýrugy dünýäniň ýary, göwresi dünýäniň bary.
Magrypdan Maşryga sary, Horasanyň duşundadyr.

Netijede adamlara dogry maglumat berlip, olar ruhy taýdan ylmy kämilleşdirilse, ösüşe sezewar edilýär. Bu ýerde "Sary öküz" Ýeri öz çekiç güýjünde saklap duran Güne, "bilmen niçe ýaşyndadyr" wagt hasabynda, Günüň haçan emele gelendiginiň näbellidigine, "dört müň, dört ýüz aýagy bar, hemmejesem döşündedir" - Günüň älem-jahana millionlarça şöhle goýberýändigine halk köpçüliginiň medeniýetiniň akyl ýetirendigi tassyklanýar.

Ruhy medeniýet ähli özüne degişli wezipeleriň kömegi arkaly dünýäni, bütewi bir ýagdaýda ylmy, çeper tarapdan şöhlelendirip bilmegi bilen tapawutlanýar.

Mundan başga ruhy medeniýetiň akyl ýetirijilik wezipesi adamlaryň, jemgyýetçilik toparlaryň, milletleriň öz-özüne düşünmegini, şahsyýetiň özüni alyp barşyny, edim-gylymyny, ahlak ynançlaryny, baha berlişi ýaly meseleleri hem öz içine alýar.

Şunda , ýagny adamlar medeniýete, öz ahlaky hereketlerine baha berenlerinde öz-özlerine düşünýärler, öz islegi-bähbitlerine, beýleki halklardyr-ýurtlaryň medeniýetine, ruhy baýlyklaryna akyl ýetirýärler, kabul edilip alynan medeni gymmatlyklarynyň medeni mazmunyny hususy kämilleşmegi üçin özleşdirmäge çalyşýarlar.

Medeniýetiň akyl ýetirijilik wezipesi bilen onuň kadalaşdyryş, ugrukdyryjylyk wezipesi ysnyşykly baglanşykdadyr. Medeniýet adamlaryň özlerini alyp

barşyny ugrukdyryjy, adamlaryň işini, halkyň, jemgyýetiň islegi-talaplaryna tabyn edýän köp sanly medeni kadalardyr-gymmatlyklar toplumyny döredýär. Adamlar şol ulgama eýerip ýaşaýarlar we işleýärler. Şol kadalaryň birleri döwlet tarapyndan düzülýär we goralýar. Olara hukuk kadalary diýýärler. Bularyň kanuny güýje eýedigi sebäpli olar hökmany berjaý edilmeli. Başga birtopar kadalar adamlaryň özüni alyp barşyny endige daýanmak, jemgyýetçilik pikiriniň üsti arkaly ugrukdyrýar. Bulara ahlak kadalary diýýärler. Medeniýetiň kadalaşdyryş wezipesi adamyň özüni alyp barşyny durmuşyň ähli çäklerinde hojalykda-da, syýasatda-da, ylymda-da, maşgalada-da kadalaşdyrýar we ugrukdyrýar, şeýle-de şol kadalar arkaly jynslar we nesiller arasyndaky gatnaşyklar ýola goýulýar. Bu kadalaryň aýratynlygy barada gürrüň gidende onda ahlagyň hereket ediş çägi hukugyň-kydan has giň möçberli bellenilmelidir. Eger "adalat", "borç", "mertebe" ýaly düşünjeler olaryň ikisi üçin hem umumy bolýan bolsa, onda ol düşünjelerden başga-da, hukukda ulanylmaýan "haýyr-sahawat", "wyždan", "namys-ar", "ýagşylyk-ýamanlyk", "adamkärçilik"' kimin düşünjeler mahsusdyr.

Adamlaryň özlerini alyp barşy, ahlagy-edebi diňe bir kada bilen çäklenmän nusga arkaly hem kadalaşdyrýar. Şeýlelik bilen, medeniýetiň ähli jemgyýetçilik wezipeleri aýrylmaz arabaglanyşykda bolup, olaryň hemmesi bir maksada - Garaşsyz Türkmenistanda demokratik, dünýewi, hukuk döwletini gurýan, täze şahsyýeti kemala getirmäge hyzmat edýär.

## TÜRKMEN JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY PIKRINDE RUH, RUHULYK MESELESINIŇ BEÝANY.

Mälim bolşy ýaly, her bir halkyň ýüzi, ruhy onuň dünýä medeniýetine goşandy bilen kesgitlenýär. Şol goşandy ölçemek üçin ozaly bilen türkmeniň ruhy köküni, emer-damaryny, ahlak gönezligini, halk Ruhnamasyny halk döredijiligini pelsepewi we jemgyýetçilik-syýasy pikirini, klassyk edebiýa-tyny, ruhy ata-babalaryny bilmeli. Çünki olar bütin türkmen durmuşyny toplap, şöhlelendirip, türkmen milli aňyýetini, ruhyýetini, häsiýetini nazary nukdaýnazardan işläp düzüp, onuň many-mazmunyna ozaly bilen Oguz türkmenlere, soňra bolsa ähli Söýünhan iliniň kalbyna ornaşdyrypdyr. Türkmeniň ýene-de kimdigini, milli ruhyny, ruhyýetiniň gözbaşynyň nireden çykanlygyny, ýurduny, Watanyny bilmeli. Şeýle-de türkmen ruhynyň, milli häsiýetiniň we aňyýetiniň kemala gelmeginiň tebigy-geografiki şertlerine, durmuş-ykdysady köklerine, nazaryýet çeşmelerine ýüzlenmeli. Eýsem, takyk suratda, türkmen ruhynyň, milli häsiýetiniň kemala gelmegine we ösmegine nähili ýagdaýlar täsir edipdir?

-" Türkmen ruhyýeti, häsiýeti tarapdan emele gelen tötänleýin zat däldir. Onuti emele gelmegi kanuny hadysa bolup, türkmeniň ata-baba bütin durmuşynyň miwesidir, onuň ýaşaýan tebigatynyň, jemgyýetçilik-ykdysady durmuşynyň, özge halklaryň medeni täsiriniň netijesidir.
Ol ýagdaýlar, ozaly bilen daşky tebigy-geografiki çäk girýär. Ýurduň hojalygy, ykdysadyýeti onuň tebigatyna görädir. Ýurduň tebigy baýlyklary, toprak düzümi, ösümlik we haýwanat dünýäsi oba hojalygynyň,

kärhanalaryň, ulag we aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegine getiripdir. Geýim-gejim, hojalykda ulanylýan gurallaryň aýratynlygyny kesgitläpdir. Şu ýagdaý türkmen ruhuna-da, häsiýetine-de, çeper medeniýetine-de täsir edipdir. Dürli däp-dessurlar, baýramlar şol esasda emele gelipdir. Tebigat şahyrlaryň, ýazyjylaryň, alymlaryň, hünärmentleriň çeper we ylmy döredijiligine keşpleri beripdir. Türkmen tebigaty bütin dünýäniň adamlarynyň aňynda "türkmen mekany", türkmene degişlilik simwolyny, "Garagum" diýlende "türkmen" diýen manyny aňladýan düşünjäni döredipdir. Hatda türkmen tebigatynyň gazaply, ýowuz howa şertleri bolan juda gyzgynlygy, suwuň ýetmezçiligi we öri meýdanlarynyň guraksylygy türkmende çydamlylyk, kanagatlylyk, sabyr-takatlyk ýaly häsiýetleri emele getiripdir.

- Türkmen milli ruhyýetiniň kemala gelmegine we ösmegine goňşy ýurtlar we halklar arasynda ýola goýlan syýasy, ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň täsiri köp bolupdyr, goňşulary bilen halkara jedelli meseleleri parahatçylykly, özara bähbitli ýol bilen çözmäniň tarapdary bolup çykyş edipdir.

Emma köplenç halatda soňky 300-400 ýylda goňşular tarapyndan jogapsyz galdyrylypdyr. Türkmenlere garşy ululy-kiçili uruşlary alyp baryp, türkmeni bir günem arkaýyn oturtmandyrlar. Olar şeýdip, türkmen ruhyny syndyrjak, milli häiýetini üýtgetjek boldular. Emma olaryň bu etmişleri psihologiýasyny has-da güýçlendirdi. Dyngysyz çozuşlar, ýaragly söweşler

## GARAŞSYZ HEM BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ AHLAK MEDENIÝETI

Ahlak medeniýeti jemgyýetiň hem şahsyýetiň ruhy durmuşynyň ayrvlma/ dü/üminiň bir bölegidir. Ahlak garaýyşy adamlaryň özara gatnaşygyny sazlap duran ahlak ýörelgelerine hem-de kadalaryna daýanýar. Adamlar tarapyndan özleşdirilmegi netijesinde ahlak ýörelgeleri we kadalary olaryň ynamyna hem ahlak häsiýetine öwrülýär. Jemgyýetde ahlak ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykdaky hereketler esasyndaky durnukly ahlak ynamy öz-özüňe gözegçilik ukybyny güýçlendirýär, şol ahlak çärelerinden we kadalaryndan gyşarmazlygyň öňüni alýar. Ine şeýdip, adamyň ahlak medeniýetiniň esasy häsiýetleri kemala gelip başlaýar.

Ahlak adam döräli bäri dowam edip gelýär. Ol adamyň şahsy hem toparlaýyn durmuşyny kesgitleýän, tertipleşdirýän, kadalaşdyrýan düzgündir. Ahlak her bir adamyň durmuşynda, özara gatnaşygynda ýüze çykýar. Adamlar ýaşaýan jemgyýetiniň islegine, talabyna görä ahlak düzgünlerini özünde jemleýär. Jemgyýet bir duran ýerinde togtaman, mydama ösüşde bolýar. Jemgyýet ösdügiçe ahlak kadalar hem ösýär hem-de pugtalanýar. Diýmek, ahlak kada-kanunlaryň her bir jemgyýetiň tebigatyna laýyklykda üýtgäp durýar. Emma ahlak taryhy hadysa bolmak bilen ol haýsy jemgyýetdigine garamazdan üýtgewsiz dowam edýär.

Türkmenistan Garaşsyz hem baky Bitarap ýurt bolansoň, adamlaryň durmuşynda we aňynda häzire çenli dowam edip gelen ahlak kada-kanunlaryna şu günüň täze talaplaryna, öňde duran wezipelerine laýyklykda garalyp başlandy. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň öňe çykaran

ýörelgelerinden ugur alnyp, ahlak kada-kanunlaryna-da täze garaýyş döredi. Ýurduň Baştutany Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda nygtap belleýşi ýaly, "Täze durmuş-ahlak çelgileri, Watan, borç^watanparazlyk, raýatlyk garaýşy, ynam ýaly baky düşünjelere täzeçe garaýyşlary özünde, öz dünýägaraýşynda kemala getirmek zerur. Şol çelgiler joäçe çalt kemala getirildigiçe, döwlet gurluşy şonça-da netijeli bolar, milli däplere, häsiýetlere, adamkärçilikli gymmatlyklara daýanýan jemgyýeti döretmek şonça-da netijeli bolar".

Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň pugta binýadyny gurmak, ony dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak esasan her bir şahsyýetiň zähmetine bagly. Ýokary ahlak sypatlary päk adamlar jemgyýete köp peýda getirip bilýärler. Biri-birine düşünilip çekilýän zähmet ahlak gymmatlyklaryny döredýär. Şonuň üçinem ýurdumyzda her bir adamda, esasanam ýaşlarda ýokary ahlak sypatlaryny kemala getirmek barada yzygiderli alada edilýär.

Häzire çenli toplanan ähli ahlak sypatlary, esasan hem biziň öz ata-babalarymyzdan miras galan tämiz ahlak sypatlary özüne siňdirmek Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň her bir ýaş ýigidiniň we gyzynyň mukaddes borjy bolup durýar. Ata-babalarymyzyň aňyndan, päk kalbyndan syzylyp çykýan watansöýüjilik, dostluk, mähir-muhabbet, agzybirlik, halallyk, adyllyk, rehim-şepagat, ynam, kanagat, mertlik, edermenlik ýaly ahlak sypatlary milli öwüşgünligi bilen kopleriň ünsüni çekýär.

Ýurdumyzyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Garaşsyz ýurduň binýadynyň ilkinji kerpijini goýan gününden beýläk her bir adamda

ahlak sypatlary ösdürmegiň hem-de kämilleşdirmegiň zerurdygyny nygtady. Yurt Garaşsyzlygyny alansoň, gadagan edilen edebi hem taryhy mirasymyza gaýdyp gelindi. Pederlerimiziň müňýyllyklarynyň dowamynda pikir hem paýhas eleginden geçirip miras goýup giden ahlak kadalary ýüze çykarylyp, halka ýetirilip başlandy. Diňe bir öz Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzda däl, eýsem dünýä ýüzüne ýaýran edebi hem taryhy mirasymyzy bir ýere jemläp halka ýetirmekde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hyzmaty örän uly.

Watansöýüjilik ýokary ahlak sypatlarynyň biridir. Watansöýüjilik Watanyňy söýmek, oňa wepaly bolmak bähbitlerine hyzmat etmekdir. Watansöýüjilik Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduny goramak, ony mundan beýlägem has-da pugtalandyrmakdyr. Watansöýüjilik ene topragy, milli dili, däp-dessury söýmekdir. Ene topragy, milli dili, däp-dessury söýmek ýurduň il-gününi söýmekdir. Ýurduň il-gününi söýmek bolsa Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduňy söýmekdir.

Türkmenistan Garaşsyz bolansoň, milli goşun döredildi, ýurduň harby taglymaty yglan edildi. Ýurtda ilkinji harby institut açyldy. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň harby taglymatynyň maksady ata-Watanyň garaşsyzlygyny gorap saklamakdan, halkyň parahatçylykly zähmetini üpjün etmekden, daşary ýurtlar bilen agzybirligi saklap, parahatçylykly şertlerde özara peýdaly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Her bir adamda, esasanam ýaş ýigitlerde watansöýüjiligi kemala getirmekde biziň ata-babalarymyzyň miras goýup giden ahlak sypatlary uly ähmiýete eýedir. Taryhy mirasymyza ser salsak, goşunbaşy hökmünde uly edermenlik görkezen Oguz han

Türkmeniň, Görogly beg Türkmeniň, Muhammet Togrul beg Türkmeniň, Baýram han Türkmeniň, Keýmir kör Türkmeniň we beýleki türkmen serkerdeleriniň hyzmatyny taryh hiç mahal ýatdan çykarmaz. Taryhy şahslaryň gahrymançylykly edermenlikleri hakynda Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzyň ýaşlarynyň köpräk bilmegi Watany söýmekde ata-babalarymyzyň gahrymançylygyny nusga edinmegi häzirki döwürde örän möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki ýaşlaryň Watany ata-babalarymyzyň söýşi ýaly söýmegi, ýurdy goramak, pugtalandyrmak barada alyp barýan yzygiderli göreşini öwrenmek hem-de nusga edinmegi hökmandyr. Sebäbi Watan mukaddesdir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň aýdyşy ýaly: "Biziň her birimiz ata Watana gulluk etmelidiris. Prezidentden başlap, uludan-kiçä hemmämiz agzybirlikde Watanymyzyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna zähmet çekmelidiris, öz Watanymyzy başymyza täç etmelidiris"[1]. Yurt Garaşsyz hem baky Bitarap bolansoň, Watan bilen baglanyşykly ýüze çykan erkinlik, Milli galkynyş ýaly täze düşünjeleriň hersi uly mana, taryhy ähmiýete eýe boldy. Ol düşünjeler dünýä ýaň salan Garaşsyzlygynyň, baky Bitaraplyk ýaly düşünjeleriniň üstüni täze mazmun bilen doldurýar, bir bütewi düşünjä öwürýär. Çünki "Watan seniň köküň - damaryňdyr"[2]

Hakyky Watançy üçin diňe öz ýurduňy söýmek ýeterlik däldir. Beýleki döwletleriň halklary bilen hem doganlyk-dostlukly aragatnaşygy, hyzmatdaşlygy saklamak we ösdürmek ugrunda göreşmek ýokary ahlak medeniýetiniň bir görnüşidir, öz Watanyňa bolan söýgüniň bir nyşanydyr. Çünki beýleki döwletleriň halklary bilen doganlyk-dostlukly hyzmatdaşlyk öz Watanyňa bolan söýgüni pugtalandyrýar.

Soňky döwürde ahlak gatnaşygyna baha berlişiniň ölçegi ep-esli ösdi, ulanylyşynyň çägi giňeldi. Dünýägaraýşynyň giňelmegi, hünäre taýýarlygy-nyň kämilleşmegi, boş wagtyndan oňat peýdalanmagy, köpçülikde we maşgalada özüni oňat alyp barmagy ahlagyň her bir adama bildirýän talabydyr. Şu ýerde ýene-de bir zady bellemek möhümdir. Jemgyýetiň ahlak taýdan her bir şahsyýete bildirýän talaby adamyň içki ahlak medeniýetini, dogruçyllygyny, duýgudaşlygyny, ýürekdeşligini açyp görkezýär. Elbetde, bu mesele öz-özünden çözülmeýär. Ol maksada gönükdirilen terbiýeçilik işleriniň yzygiderli geçirilmegini talap edýär.

## ŞAHSYÝETIŇ AHLAK TAÝDAN TERBIÝELINIŞI

Garaşsyz hem baky Bitarap ýurtda şahsyýeti ahlak taýdan terbiýele-mekde täze talaplar bildirilýär. Täze ahlak medeniýetiň kemala gelmeginde Garaşsyz ýurduň taryhyna hem medeni mirasyna söýgi, Milli galkynyş hereketi, ykdysady garaşsyzlyk ugrundaky göreş, adam hakyndaky alada uly ähmiýete eýedir. Emma bu hereketler möwsümleýin däl-de, yzygiderli alnyp barylmalydyr. Munuň özi adamlaryň ahlak madeniýetiniň gitdigiçe baý-laşmagyna, täsiriniň artmagyna alyp barýar. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurt hakynda adamlar näçe köp bildikleriçe, olaryň ahlak medeniýeti şonça-da ýokarlanýar. Halk köpçüligi ýurduň esasy maksady, ahlak kada-kanunlary hakynda doly habarly bolmalydyr. Munuň üçin ýurdumyzyň hem dünýä medeniýetiniň gazananlaryndan peýdalanylmalydyr. Halk köpçüliginiň arasynda ahlak mowzugyndan diňe gürrüňleriň geçirilmegi, duşuşyklaryň gu-ralmagy, kitaplaryň ýaýradylmagy ýeterlik däldir.

Edebiýatdyr sungatdan, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşlerinden hem peýdalanmaly. Şahsyýetiň ahlak taýdan kämilleşmeginde sungatyň täsiri, ýagny joşgunlylyk taýdan täsiri uludyr. Sungatyň täsiri gündelik durmuşda öz hereketiň / makullaýjylyk ýa ýazgaryjylyk/ baha bermäge, netijede anyk nukdaýnazardan durmaga ýardam berýär.

Ýöne ähli işi ahlak medeniýetiniň wagyz edilmegine syrykdyrmak bolmaz. Haçan-da şahsyýetiň kämilleşmegi üçin zerur şertler döredilende, jemgyýetçilik tejribe onuň ahlak taýdan ösmegini höweslendirýär, ýaramaz gylyk-häsiýetiň ýüze çykmagynyň öňüni alýar. Adam zähmetiň dürli görnüşlerine çekilende, onuň işeňňirligi, özbaşdaklygy şonçada çalt ýokarlanýar, ahlak taýdan çalt kämilleşýär.

Ahlak medeniýetiniň emele gelşi ýeňil geçmeýär. Ol birtopar kynçylyklara, käte garşylyklara sezewar bolýar. Jemgyýetimize ýat bolan zatlara, ahlak kadalarynyň bozulmagyna garşy durýar. Häzirki zamanda adamlaryň ruhy taýdan ösüşiniň birsydyrgyn bolmazlygyna-da täze ahlak medeniýetiniň emele geliş ugurlarynyň kynçylykly taraplary sebäp bolýar. Sebäbi adamyň medeni duýgusy onuň ruhy ösüşiniň, hünäre taýýarlygynyň derejesinden yza galýar, ahlak kadalary tejribe işleri bilen berkidilmeýär.

Oba garanyňda şäher medeniýeti şahsyýetiň özüni alyp barşyna aýratyn talap bildirýär. Esasan-da adamyň içki kämilliginiň, öz-özüne gözegçiliginiň ähmiýeti güýçlenýär. Adam şäherde tanyş hem nätanyş bilen köp gürleşýär, dürli ýagdaýda iş salyşýar. Munuň özi şäherli her bir adamda gündelik duş gelýän ahlak çözgüdini çalt çözmegi talap edýär.

Jemgyýetiň bir görnüşinden beýleki görnüşine geçiş döwri ahlak medeniýetiň düýpli özgerişi bilen baglanyşyklydyr. Şu döwürde adamlaryň ahlak taýdan ösüşinde düýpli özgerişlikler bolup geçýär. Umuman adamzadyň medeni-ahlak ösüşi düýpli üýtgeşikliklere esaslandyrlandyr. Emma ahlak medeniýetiniň üýtgedilip guralmagy adamlaryň aňyna hem hereketine derrew täsir edip, birdenkä-de tamamlanmaýar. Ol gündelik ýaşaýyş durmuşynda ýuwaş-ýuwaşdan ornaşmak hem pugtalanmak bilen ösýär. Durmuşa ornaşan däp-dessurlar hem aňsatlyk bilen "ýitip" gitmeýär. Totalitar düzgüniň zabun döwründe maşgalada, mekdepde, zähmet çekilýän köpçülik ýerlerde, medeni guramalarda "terbiýeçilik işleri" näçe geçirilse-de, adamlaryň aňyndan "zyýanly" däp-dessurlaryň galyndysyny ýok etmek başartmandy ahyryn.

Sowet döwründe basgylanan ahlak medeniýetiniň ykbalyna ýurdumyzyň Garaşsyzlygy ýetişdi. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň ahlak medeniýetini taryhy mirasa aýawly garamaga we peýdalanmaga esaslandyryldy. Türkmen halkynyň bütin taryhynyň dowamynda gazanylan oňat ahlak däpleri, dessurlary, kadalary häzirki döwürde gündelik durmuşa omaşdyrylyp başlandy.

## DÜNÝÄGARAÝYŞ HEM AHLAK MEDENIÝETI.

Jemgyýetiň we şahsyýetiň ahlak medeniýeti dünýägaraýyş bilen berk baglanyşyklydyr. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň ahlak medeniýetini ylmy dünýägaraýyşsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däldir.

Şahsyýetiň alan bilimi duýgy-ahlak gatnaşyklary bilen berkidilmedik halatynda adamyň durmuş taýdan kämilleşmegini-de göz öňüne getirmek kyn.

Ylmy dünýägaraýyş adama daş-töweregindäki ýagdaýa göz ýetirmäge, ondan oňaýly hem oňaýsyz hereketleri aýyl-saýyl etmäge mümkinçilik berýär. Oňaýly zatlary işeňňir goldamak we oňaýsyz zatlara garşy göreşmek üçin olary diňe aýyl-saýyl edeniň-de ýeterlik däl. Oňaýsyz zatlara garşy göreşmegi-de başarmaly. Göreşmek, täsir etmek haçan-da bilim şahsyýetiň ynamyna öwrülen halatynda mümkindir. Adamyň ynamy bilim bilen berk baglanyşykly bolmalydyr. Şeýle halatda ynam hereketlendiriji, mejbur ediji güýje öwrülýär. Ynamyň kämilligi hem pugtalygy. Ylmy taýdan esaslandyrylyşy şahsyýetiň durmuş ähtibarlygyny kepillendirýär. Her bir çylşyrymly, kynçylykly ýagdaýda şahsyýete özleşdirilen taglym ynanjyna laýyklykda hereket etmäge mümkinçilik berýär. Dünýewi, hukuk, demokratik döwletde ylmy dünýägaraýyş şahsyýeti ahlak taýdan durnukly edip taýýarlamaga çalyşýar. Diýmek, taglym ynanjy şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Emma hemme wagta ahlak sypaty dünýägaraýyş bilen sazlaşykly utgaşmaýar. Şahsyýetiň durmuş psihologik taýdan ösüşiniň içki gapma-garşylyklardaky häsiýetlendirilişi-de seýrek bolmaýar. Ahlak abadançylygy adamy hereket etmäge çyslandyryp biler. Emma adamyň dünýägaraýşy örän çäkli bolan halatynda oňa güýç-kuwwaty durmuş ähmiýetli ugra gönükdirmek başartmaz we ýalňyşlyklardan kepillendirmez.

Eger-de her bir iş usuly şahsyýetiň taglym-ahlak kämilligine esaslanmasa kynçylyklar hem garşylyklar bilen çaknyşykda göwnisowama, ynamsyzlyk adamyň

dogumlylygyna täsir edýär. Şeýle ýagdaýyň öňüni almak üçin ahlak terbiýesiniň bütin dowamynda adama diňe özüni alyp barmagyň esaslary däl, eýsem guramaçylygy, maksada okgunlygy, erjelligi hem öwretmeli. Bolmasa üstünlik "öz-özünden" geler diýen tama bil baglap oturmak ýaly häsiýetiň ösmegi mümkin.

Dünýägaraýşyň täsir ediji güýji tejribe işinde ýüze çykýar. Göz öňünde tutulan maksadyň, durmuş maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegi, tejribä ornaşdyrylmagy, berlen sözüň iş ýüzüne geçirilmegi dünýägaraýşyň täsir ediji güýjüniň görkezisijidir. Şahsyýetiň taglym nukdaýnazarynyň durmuşa geçirilmegi we tejribede barlanylyp görülmegi ahlak medeniýetiniň kemala gelmeginde zerur şertdir.

## AHLAK MEDENIÝETI WE HAK-HUKUK

Jemgyýetçilik durmuşyny sazlaýan, hukuk bilen borjy birikdirýän, şahsyýetiň söz azatlygyna kepillendirýän, onuň jemgyýetiň öňündäki jogapkärçiligini artdyrýan dumuş adalatlylygynyň esaslarynyň gyşarnyksyz durmuşa geçirilişi demokratiýanyň giňeldilmegi, kanunçylygyň we hukuk tertibiniň pugtalandyrylmagy bilen üznüksiz baglanyşyklydyr.

Jemgyýetçilik pikirine daýanyp, adamlaryň hereketini ahlak taýdan sazlamakdan tapawutlylykda, hukuk ahlaksyz hereketleri, howply jenaýatçylyklary üçin kanunçylygyň dürli çärelerini ulanýar. Hukuk kanuny jemgyýetçilige we şahsyýetiň hususy ýaşaýşyna zyýan

ýetirýän hereketler üçin berk (ýuridiki) jogapkärçilik ýagdaýyny döredýär.

Hukuk goraýjy edaralar hukuk tertibini mundan beýläk-de pugtalandyrmak, ýurduň kanunçylygyny berk berjaý etmek, raýatlaryň namysyny hem mertebesini goramak, jenaýatçylyga garşy pugta göreş üçin zerur bolan ähli zatlary berjaý etmelidirler.

Biziň gurýan adalat jemgyýetimiz şahsyýetiň ahlak sagdynlygynyň pugtalandyrmagyny, ahlak hem hukuk kadalarynyň bozulmagyna garşy işeňňir göreş alyp barylmagyny ilkinji wezipeleriň biri hökmünde öňe sürýär. Ahlak bozulmasy bilen jenaýatçylykly hereketiň aratapawudy şeýle bir inçe welin, ony birbada tapawutlandyraýmagam aňsat düşenok. Ýöne welin ahlak kadalaryny bozan adamyň temmisiz galdyrylmagy onuň durmuş taýdan ownamagyna, şahsyýetiň pese düşüp, has-da ýaramazlaşmagyria, ahyrsoňunda kanuny bozmalaryna getirýär. Öz bähbidini ileri tutmak ýoluna düşülmegi zähmet siňdirilmedik girdeji bilen ýaşamaga ymtylyşa, mugthorluga, şahsy bähbit üçin wezipeden peýdalanmaga, döwlet emlägini dargytmaga eltýär. Şular ýaly oňaýsyz ýagdaýlar, şeýle hem ýowuz hereketler, ýaman niýete göz dikmeler, tebigy hem medeni ýagdaýlara jogapkärçiliksiz garaýyşlar - bularyň hemmesi ahlaksyzlyk duýgusyny döredýär. Şular ýaly hadysalaryň her biri jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarylmalydyr. Ýogsam bolmasa, şular ýaly ýagdaýlara parhsyz garalmagy ahlak taýdan düýpli ýitgilere getirip biler.

Durmuş-ahlak azgynlygynyň ýaýramagyna täsir edýän başga-da birnäçe sebäpler bar. Hojalyk mehanizminiň hereketindäki ýalňyşlyklar, ýerliçillige hem bitaraplaýynlyga ýol berilmegi özüne ýokary baha kesip

çäksiz ygtyýarlyklardan peýdalanmagy, durmuş adalatlygynyň düzgünleriniň bozulmagy, başynagoýberijilik, gözegçiligiň gowşadylmagy ahlaksyz hereketiň hem-de jenaýatyň ýüze çykmagyna getirýär.
Ilatyň ahlak-psihologik sagdynlygyna uly zelel ýetiren zatlaryň biri-de neşekeşlikdir. Neşekeşlik adamyň saglygyny berbat edýär, zähmet öndürijiliginiň peselmegine, hünärini kem-kemden ýitirmegine eltýär. Jenaýatçylyk, maşgala agzalalygy ahyrsoňunda adamyň ahlak taýdan ownamagyna getirýär. Şonuň üçin neşekeşlige garşy berk göreşilmegi jemgyýetiň ahlak ýagdaýyna amatly täsir edýär, maşgala gatnaşygyny pugtalandyrýar, boş wagtyny medeniýetli geçirmäge ýardam berýär.

Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň ýaşaýyş şerti bilen bir ýere sygyşmajak oňaýsyz hadysalara garşy yzygiderli göreşmeli. Bu möhüm işde ahlak taýdan täsir etjek wagyz-nesihat çärelerini, hukuk çäreleri bilen utgaşdyrmagyň-da zerurdygyny tejribe görkezýär.

## GÖZELLIK HEM AHLAK MEDENIÝETI

Adamyň ahlak taýdan kämilleşmegi onuň gözellik kanuny boýunça ýaşamaga hem işlemäge ukybynyň kämilleşmegine köp derejede baglydyr. Diňe bir çeper höwesjeňler toparyna gatnaşmak we sungatyň gazananlary bilen tanyşmak arkaly gözellik baýlygyny özleşdirmäge hem-de döretmäge işeňňir çemeleşmek ýeterlik däldir. Önümçilik hem durmuş ýagdaýynyň gözellik derejesini ýokarlandyrmak bilen birlikde, tebigat gözelliginiň goralmagy hakynda-da aladalanyp, gündelik ahlak hereketini yzygiderli ýola goýmaly.

Adam özüniň peýdaly hereketinde Watan hem halk, galyberse-de özüniň bähbidi üçin döredijilik güýjüni peýdalanýar. Munuň özi onuň ahlak keşbiniň kämilligini görkezýär.

Diňe bir ýokary derejedäki gözellik däl, eýsem ahlak medeniýetiniň-de kämilleşmeginde sungatyň orny uly. Ol jemgyýetçilik we şahsy durmuşyň çylşyrymly hadysalaryny çeper keşpde şekillendirýär, möhüm ahlak meselelerine jogap tapmaga kömek berýär. Çeper eserleriň gahrymanlary ýaşaýyş kynçylygyny ýeňip geçmegi öwredýär. Sungat eserleri asylly herekete, kämillige çagyrýar. Mundan başga-da eýermeli ahlak kadalarynyň nusgalaryny görkezýär. Sungat durmuşda gaýgy-gamy bile bölüşmegi, hasratly günde biri-biriňe duýgudaşlyk bildirmegi, niýetiňi düzüw tutmagy-da öwredýär. Umuman, ol şahsyýetiň häsiýetine güýçli täsir etmek bilen adamkärçiligi, hakykaty, aň-düşünjäniň, adam ukybynyň güýjüni teswirleýär.

Elbetde, sungat durmuş tejribesini çalşyp bilmez. Durmuş tejribesine garanyňda sungat ikinji derejelidir. Emma ol durmuş tejribesini täsirli keşpde göz öňüne getirmäge we her kim üçin hem onuň şahsy elýeterli bolmagyna ukyplydyr. Sungat oňat taglymlara, ahlak kadalaryna düşünmäge we özleşdirmäge, aň-düşünjäňi giňeltmäge-de kömek edýär.

Ahlak terbiýesinde edebiýata we sungata aýratyn orun degişlidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: "Medeniýetimiziň we sungatymyzyň dürli görnüşlerini çuňdan öwrenip, olary täze garaýyş, täze mazmun bilen doldurmak möhüm bolup durýar. Çünki medeniýetimiziň we sungatymyzyň ähli žanrlarynda Garaşyzlygymyzy, Türkmenistan döwletimiziň beýik ýeňişlerini wasp etmek

we halka ýetirmek, gazananlarymyzy sungatyň üsti bilen halkymyzyň milli buýsanjyna öwürmek biziň ruhy garaşsyzlygymyzy berkitmekde baş ýörelgelerimizdir"[1] diýip nygtady. Öňde goýlan bu wezipäni çözmekde ýazyjylara hem-de sungat işgärlerine uly orun degişlidir. Şonuň üçinem çeper eserleri döredýänlere ýokary talap bildirilýär. Durmuşyň şöhlelendirilişinde ýüzleýlige, çig-çarsylyga ýol berilmän goýazylyk, halkylylyk, millililik duýulmalydyr. Döredijilik işgärleri şu talaplardan ugur alyp işleýärler.

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýurdumyzyň döredijilik intelegen-siýasynyň... wekilleri bilen bolan duşuşyklarynyň birinde: "Siz öz eserleriňizde... ahlak arassalygyny, kalby päkligi, türkmen halkymyza mahsus bolan ähli gowy häsiýetleri we hereketleri adamlara ündemeli, wagyz-nesihat etmeli" diýip, edebiýat we sungat işgärlerine ýüzlendi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň täze bilim syýasatyny durmuşa geçirmek ýaş nesliň gözellik taýdan taýarlygyna-da bagly. Geçmiş mirasymyzda we häzirki döwürde toplanylan gymmatly tejribelere daýanyp, ýaşlaryň sungata bolan garaýşyny ösdürmeli. Gözellik taýdan terbiýäniň ahlak netijeliligini ýokarlandyrmakda her bir maşgala ojagynyň-da ähmiýeti uludyr. Saz sungaty barada söhbet etmek, çeper eserleri ara alyp maslahatlaşmak, tomaşa edilen oýunlar barada pikir alyşmak maşgala ojagynyň agzalaryny ysnyşdyrýar, olaryň edebiýata hem sungata bolan höwesini artdyrýar. Emma häzirki wagtda ene-atalaryň biliminiň, düşünjesiniň artýan mahalynda şeýle ýagdaýlaryň seýrekdigi bilen gynandyrman duranok.

Çeper höwesjeňler Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň milli medeniýetiniň bir bölegidir. Ony milli-medeni dessurlar bilen çuň arabaglanyşyk, tebigylylyk, labyzlylyk, dürli görnüşlerdir ugurlar, žanrlar tapawutlandyrýar. Çeper höwesjeňlikde giň köpçüligiň döredijilik ukyby ýüze çykýar. Çeper höwesjeňlige gatnaşmak adamda diňe ýokary gözellik lezzetiniň döremegine hemaýat bermän, eýsem onuň jemgyýetçilik işjeňliginiň artmagynyň derişdesi hökmünde-de ykrar edilýändigi äşgärdir. Umuman çeper höwesjeňler sungaty ýokary ahlagy kemala getirýän jemgyýetçilik ähmiýetli işleriň bir görnüşidir.

## ÖZARA ARAGATNAŞYGYŇ AHLAK MEDENIÝETI

Adam jemgyýetde ýaşaýar we onuň her bir hereketi beýleki adamlarda şöhlelenýär. Adamlar biri-biri bilen ysnyşmagy, täsiri, olaryň arasyndaky ruhy-tejribe baglanyşygy gönüden-göni özara aragatnaşykda ýüze çykýar. Özara aragatnaşygyň aýratynlygy başga bir adamyň hereketine, ýagdaýyna, pikirine gönüden-göni jogap hökmünde ýüze çykýar.

Aragatnaşyk arkaly adamlaryň arasynda dörän duýgy baglanyşyk dürli öwüşgine baýdyr. Aragatnaşyk guwanmak, begenmek, gaýgyny bölüşmek, duýgudaşlyk hem gynanç bildirmek, dözümsizlik, razylyk hem maslahat berilmegi, arkalaşmak, raýdaşlyk, şäriklik ýaly duýgur baglanyşygy öz içine alýar. Özara aragatnaşykda

duýgudaşlygyň şu giň toplumyny bildirmegi başarmak ahlak medeniýetiniň derejesini häsiýetlendirýär.
Her bir adam özara aragatnaşyga islegi başdan geçirýär. Eger şahsyýet bu wajyp talaby kanagatlandyrmasa, onda durmuş taýdan köp häsiýetini ýitirýär. Elbetde, özara aragatnaşykda şahsyýet üçin beýleki adamlaryň ruhy dünýäsi açylýar, medeni gymmaty bilen tanşylýar, netijede onuň dünýägaraýşy artýar, häsiýeti terbiýelenilýär. Şeýlelikde özara aragatnaşykda "hemme zady gurşap alýan" häsiýetleriň bardygyny, oňa jemgyýetiň hem şahsyýetiň ýaşaýyş şertiniň ähli görnüşiniň bütewlikde girýändigini tassyklamak bolýar. Özara aragatnaşyk jemgyýetçilik hem şahsy durmuşyň islendik ýagdaýynyň aýrylmaz bölegi bolup gatnaşýar, önümçilik, zähmet hem-de okuw akyl ýetiriş işlerini ugrukdyrýar, dolandyryş usulyny we iş gatnaşygyny häsiýetlendirýär. Ol maşgalada, çaga terbiýesinde, jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmakda, işden boş wagtyňy geçirmekde ýüze çykýar. Özara aragatnaşygyň çuňlugy hem maksatlylygy, onuň medeni gymmatlyklar bilen üpjün edilişi şahsyýetiň ruhy dünýäsiniň, ýaşaýyş keşbiniň möhüm häsiýetnamasydyr.

Edep-tertip kadalarynyň, özüni alyp barmagyň jrmgyýetde giň ýaýran düzgünleriniň bilinmegi, mylaýymlyk, hoşniýetlilik, hormat bildirmek, ünsli bolmak özara aragatnaşygyň ahlak medeniýetinde uly ähmiýete eýedir. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurduň edep-tertip kadasy ahlak gatnaşygynda demokratiýany-da, adamkärçiligi-de beýan edýär, olaryň üsti bilen hem hakyky adamkärçilik, şahsyýetiň mertebesini hormatlamak ýüze çykýar. Edep-tertip kadasynyň berjaý edilmegi ahlak medeniýetiniň möhüm alamatydyr.

Şunuň bilen birlikde, edep-tertip kadasynyň hem adamyň ýaşaýyş durmuşynyň ýönekeýje düzgünlerine ähmiýet bermek bilen aragatnaşyk medeniýetiniň şolardan-da has giňdigini göz öňünde tutmak gerek. Ol aragatnaşygyň şahsy usulyny hem tärini, duýgur täsiriniň ýagdaýyny, sözleýiş medeniýetini, iň esasy-da özara düşünişmegiň psihologiýasyny, beýleki adamyň ýagdaýyna akyl ýetirmegi, onuň sözüni, duýgusyny, hereketini, içki pikiriniň syryndan dogry many çykarmagy, gaýgy-gamyň "tolkuna" düşünmegi, ony diňlemegi başarmagy öz içine alýar. Aragatnaşyk ýagdaýynda özara düşünişmegiň dogry guralmagy adamlar arasynda häsiýet
gatnaşyklarynyň döreýşine hem baglydyr. Ynanmak ýa-da ynanmazlyk, göze ýakymly ýa-da göze ýakymsyz adam, duýgudaşlyk ýa-da ýazgarmaklyk -bularyň hemmesi aragatnaşyk ýagdaýynda döreýän ahlak gatnaşyklarynyň netijesidir.

Özara aragatnaşygyň ahlak medeniýetiniň düzümine dürli hünärleriň wekilleriniň, has takygy şahsyýetiň ýagdaýyna, esasan-da psihologiýa taýdan täsir etmek bilen ýakyn baglanyşykly bolmak hünärleriň, ýagny, wraç, pedagog, ýurist, klub işgärleriniň ahlak borjuny kesgitleýän hünär kadalarynyň düzgünleri-de girýär. Gulluk ahlak kadasy ýolbaşçynyň hem-de onuň tabynlygyndakylaryň özara aragatnaşyk düzgünlerini-de kesgitleýär.

Derdi anyk kesgitlemekde wrajyň keselli bilen gödek gepleşmegi onuň saglygyna hem ahlak-psihologik ýagdaýyny düzedip bolmajak zyýan ýetirjekdigi gümansyzdyr. Ýolbaşçylyk etmekdäki geleňsizligiň, çinownikçilik usullaryň men-menligiň, gödek ýazgarmagyň hem zyýany köp. Şonuň üçin-de Beýik

Saparmyrat Türkmenbaşy ýolbaşçynyň ahlak medeniýetine uly talap bildirýar. Ol: "Adamyň gaharyny getirmegi, onuň kalbynda ýigrenç döretmegi islendik köp zehinem oňaryp biler. Durmuşda hemişe-de sögmekden söýmek kyn, belent söýgüni adamlaryň kalbynda oýarmak kyn"[1] diýip, nygtamak bilen, her bir ýolbaşçynyň, her bir medeniýet işgäriniň bu kyn meseleden baş alyp çykmalydygyny möhüm wezipe hökmünde öňde goýdy.
Ahlak medeniýetiň pes derejesi yzgytsyzlykda, edepsizlikde, özüniň "duýgurly tolkunyny saklap bilmezlikde, adam mertebesiniň kemsidilmeginde, şübhelenmekde, hoşniýetliligiň ýoklugynda ýüze çykýar. Gündelik adam aragatnaşygynda ýürekdeşligiň, yhlaslylygyň kemterlik etmegi, şeýle-de perwaýsyzlyk hem az gabat gelenok. Şeýle ýagdaýyň adamlaryň diňe keýpini bozman, eýsem has çuň durmuş netijelerini hem döretmegi mümkin. Şunuň bilen birlikde, şeýle ýagdaýlar şahsyýetiň işe bolan garaýşyna-da, ýaşlary terbiýelemek meselesine-de täsir edýär.

Aragatnaşykda iki tarapyňda deň derejede gopmagy, seslenmegi biri-biriniň pikirine, duýgusyna täsir etmegi, özara gyzyklanmagy ahlak medeniýetiniň tapawutly aýratynlygydyr. Munuň özi diňe başga adama düşünmäge däl, eýsem onuň kynçylygyny bölüşmäge-de, özüňi onuň ýagdaýynda goýmaga-da, meselesini hut öz meseläň hökmünde görmäge-de islegi döredýär. Adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk hakynda gürrüň edeniňde, şu ýerde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: "Birek-biregi näçe sylap-hormatlap bilsek, birek-birege näçe mähir eçilip bilsek, şonça-da birek-biregiň mertebesini, hemmämiz bileleşip bolsa, tutuş türkmen halkynyň, onuň

## Gözellik aň

Adam diňe iýmek-içmek bilen kanagatlanmaýar. Ol ýüregiňi kalbyňy baýlaşdyrmak, başgaça aýdylanda, bütin ruhyň täzelemekdir. Kalbyňy gözelleşdiiýän çeper cdebiýatmyzyň, şekillendiriş sunagatymyzyň, aýdym-sazyň we şuňa meňzeşleriň ähmiýeti ulydyr. .
Adamlaryň aňynda durmuşyň şu şöhlclenmesini; jemgyýetçilik aňynyň sungat gömüşinde ýüze çykarmak has peýdalydyr.

Sungatyň jemgyýetçilik görnüşiniň iň uly tapawudy onuň durmuşyň keşbini bolşynda real görnüşde şöhlelendirýänligidir.
Sungatyň jemgyýetçilik wezipesini şahsyýeti rahy jähtden, gözelik babatýndan "kämilleşdirip görkezýär.
Kalby tamiz geljege ynamly nesli kemal getirmekde adamynyň buýsanç duýgusyny oýarmakda gözellige ymtyldyrmak ýaly derejä ýetirmek zerurdyr. Ýurtda bolup geçýän bu ykdysady we syýasy özgerişlikleri durmuşa ornaşdyrmakda şahsyýeti oňa ugrykdyrmak iň wajyp meseledir. Garaşsylyk syýasatynyň içinde Garaşsyzlyk syýasatynynň içinde şol talaplary ozaly bilen halkynyň aňyna ýetirmek zerurdyr.

Garaşsyzlyk gözeiligi sosialistik estetikadan we býurokratik medeni gaeraýyşlar ulgamyndan tapawutlylykda täze şertlere laýyklykda dünýäni milli ruhda duýýan we düşündirýän dünýä gözellik taglymatynda we taryhynda öz kanuny ornuny kesgitledýän, türkmen medeniýetini dünýäniň sungat !kartasynda! görnükli ýerde görkezmegi başarýan gözellik taglymatydyr.

Bu taglymatyň kemala gelmeginiň sebäpleri bar. Ol batyş ýagdaýyna düşen sowet gözellik taglymatynyň garaýyşlarynyň sosialistik realizm usuly diýilýäniň täze milli Garaşsyzlyk sungaty we täze çeper döredijilik täri bilen çalşyrylmagy, şeýle-de sungata, millete mahsus bolan gözellik çelgileri, öz ýolunyň talaby boýunça çemeleşmekj)ilen baglydyr.

Beyik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gözellik taglymaty ruhubelentlik häsiýetlidir.Ol taglymat ynsan aňyna Lapykeçligi, adamyň ganyny gazdyrýan pikirleri salmakdan gaça durýar. Çünki kynçyjyklary çişirmek, lapykeçlik adamyň ynamyny gaçyrýar, watanperwerlik duýgysyny unytdyrýar. Häzirki ýeňil bolmadyk döwürde garaşsyzlyk sungaty döredijilik işgärlerinden durmuşdaky oňat zatlary görmegi, adam aňyna gözelligi guýmagy talap edýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gözellik taglymatyj ata-babalarymyzyň goýup giden gözellik däplerini, sungat we edebiýat akabalaryny rniras edinýär; Geçen nesillerimiziň gözellik garaýyşlaryny diňe bir Kabul etmän, ony täze görnüşe getirýär we Garaşsyzlyk sungatyny ösdürmekde giňden peýdalanýar.

Bu gün şol asylly däpleij Garaşsyzlygyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň. umytlary bilen bitewileşip. Garaşsyzlyk sungatynyň belende göterilmegine hyzmat edýär.

Täze taglymat bütin Garaşsyzlyk sungat ulgamy-çeper edebiýat, teatr, kino, telewideniýe, radio, binaşynaslyk, heýkeltaraşlyk, şekillendiriş we sungatyň ähli beýleki görnüşler^ üçin, çeper döredijiliginiň, gözellik boýunça ylmy-barlag işleriniň ähgumurny ygtybarly täri, ugur alyş, çelgi usuly bolmalydyr.

Döwlet edebiýatyň we sungatyň ösmegi we kämilleşmegi, döredijilik işgärleriniň erkin, arkaýyn işläp, geljekki nesillere galar ýaly ýokary çeper^iJik eserleri döretmekleri üçin ähli mümkinçilikleri döredýär. "Men Prezident hökmünde, döwletiň we hökümetiň ýolbaşçysy hökmünde medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmek üçin elimden gelenini ederin... Döwlet döredijilik biien meşgullanýan, biziň halkymyzy ruhlandyiýan döredijilik adamsyny doly goldar, oňa kömek eder"[1], diýip, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy nygtaýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gözellik taglymaty ençeme ähmiýetli wezipeleri ýerine ýetirýär.Onuň e^asy^, ähmiýeti Garaşsyz Türkmenistanyň çeper döredijiligin^edebiýatynyň we sungatynyň pajarlap ösmegine, ilata gözelJik terbi>^ bermäge ýolbaşçylyk etmekdejiazary_esas, ugur alyş, daýanç nokady bolup hyzmat edýärj Ugidir. Onuň beýleki bir ähmiýetli rnilJi mede;iiýetiň we sungatyň dürli görnüşlerini täze mazmuna we garaýyşlai bilen doldmýanlygydyr. "Çünki medeniýetimiziň we sungatymyzyň ähli gömüşlerinde GaraşsyzJygymyzy,
bilýän düýpii sungat eserleriniň peycta büimagyna, iniiii öz-özüni bilmäge hemaýat eciýär,

Indi sungatymyzyň dürü pudaklarynda amala aşan giň gerimli Ösüşlere gysgajyk garap geçeliň.

Halk ruhynyň täzeçe galkynyşyny, onuň gaýratly durmuşynyň gözelliklerini inçelik bilen görkezýän garaşsyzlyk teatr sungaty görülip-eşidilmedik derejede gülläp ösdi. Teatrlarymyz biziň adamlarymyzyň häsiýetlerini, durmuş ýagdaýlaryny, gözelligini we betnyşanlygyny, beýikligini we pesligini, gynacly we gülkili ahwalyny ussat artistleriň sahnada janlandyryp, çeper söz, aýdym-saz, tans serişdeleri arkaly tomaşaçylary

garaşsyzlyk \ve bitarapiyk ruhynda terbiýelemäge uly goşant goşdular. Tcatrlar türkmeniň gahrymançylykly geçmişini, häzirki döredijilik durmuşyny Beýik Saparmyrat T'ürkmenbaşynyň taglymaty Mukaddes Ruhnamanyň hukdaý nazaryndan garaiýan ençenie täze eserleri döretdiler we sahnalaşdyrdylar. Teatrlaryň sahnalarynda miliilige aýratyn üns berilýär. Taryhy, watançylyk, ruhy-ahlak ugurlar öňe siirülýär. Altynasyry kemala getirýän häzirki zaman adamsynyň zähmetine, häsiýetine we durmuşyna degişli sahnalar aýratyn orny tutýar.Türkmen režissýorlary T.Mämmetweliýewiň "Gaia", "JelaletdirT, "Türkmenrarna" oýunlary soňky ýyllaryň naýbaşy sungat eserleri bolup, türkmen teatryny dünýä meşhur etdiler.Watançylygy görkczmekdt- K.Ballyýewiň "Peder tumary" ýaly oýunlaryny görkezmek bolar.

Zehinli türkmen kompozitorlary, sazandalary, aýdyinçyiary we çeper höwesjeňleri milli aýdym-saz sungatyny belent derejä galdyrdylar. Olaryň Halk, Watan, Beýik Türkmenbaşy baradaky döreden we ýerine ýetirýän eserleri halkymyzyň, Watanymyzyň, Beýik Serdarymyzyň mertebesini, at-abraýyny Älem-Jahana ýaýdylar. Ilhalar, halkyň ruhyny galkyndyrýan Watany, Beýik Serdarymyzy söýmäge we wepaly bolmaga, agzybirlige, halallyga çagyrýan aýdymdyr-sazlar täze adalat jemgyýetini kemala getirýän halkyň kalbyna ornaşyp, adamlarda täze gözelük. buýsanç duýgylaryny emele getirýärler.

Garaşsyzlyk sungatynyň ösüp, arşa çykan pudagy binagärlik pudagydyr. Garaşsyzlyk binagärlik sungaty düzümi boýimça raýatlyk, jemgyýetçilik önümçilik-tehniki we ybarathanaçylyk gurluşy görnüşlerine bölihiip, milli binagärlik mekdebiniň esasynda ösýär. Garaşsyzlyk

binagärçiliginiň aýra-tynlygy ozalky lenç edilen nusga boýunça sa'nan igiije, görnüksiz gapyrjak-lardan, köçeleri biri-birinden tapawutlandyryp bilmeýän gurluşykdan el çe-kip, milli binagärçilige esaslanyp köşgi-eýwaniy, çar bagly, üsti gümmezli, biri-birinden tapawutly owadan ymaratçylyk sungatyna geçilmegidir. Şundan ugur alynyp, dünýä derejesindäki desgalar, seýilgähler, çüwdürim-ler guruiýar. Baş arhitektor Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň başda durmagy bilen biziň binagärlerimiz görenleri aňk edýän >inaratiary gurdy-lar.Şol täsinlige ozaly bilen "Türkmenbaşy köşgi", Beýik Saparmyrat Türk-menbaşynyň Ruhyýet köşgi", "Bitariyk" we "Garaşsyzlyk" binalary,

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli muzeýi, bäş ýyldyzly gözel myhmanhanalar, edaralardyr kärhanalar, banklar, söwda merkezleri we beýleki binalar girýärler.

Esssan-da paýtagt Aşgabat şäherimiz gözelleşýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Aşgbady Merkezi Aziýanyň iň owadan şäherine öwürmek tagallasy üstünlikli amala aşýar. Çägi boýunça ozalky Aşgabatdan ençeme esse giňelen paýtagtyň gurluşy howa we seýismiki şertleriň talabyna laýyk edilip gurulýar. Onuň täze salynýan görmäge göz gerek ymaratlary we seýilgähleri aşyklar şäherine görk berýär, ak şähere guwanç we buýsanç duýgylaryny döredýär.

Garaşsyzlyk aňyýeti öz ajaýyp beýanyny landyşaft binagärliginde tapdy. Äpet gök köşgi ýadyňa salýan şäheriň raerkezi bag-seýilgähi uly meýdany tutýar. Seýilgähdäki gül aýmançalary, täsin daragtlar, pyýada ýodajyklar, "gök halylar" çemenlikleri, ýokardan aşak inýän, aşakdan asmana pürkýän onlarça reňkli suw

çüwdürimleri, täsin serhowuzlar, mermer güldanlar, dynç alyş ýerleri, dürli ýerlerde oturdylan heýkeller toplumy görenleri haýrana getirýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň paýhasly, Oguz han Türkmeniň, Gorkut ata Türkmeniň, Soltan Alp-Arslanyň, Baýram hanyň, Magtymgulynyň we beýleki türkmen şahsyýetleriniň döredilen heýkelleri öz dabaralylygy, guwançlylygy bilen tapawutlanýar. Garaşsyz ýurdumyzyň çeper edebiýaty-da pajarlap ösýär. Biziň şahyrlarymyz we ýazyjylarymyz jemgyýetçilik pikirini özüne çekip bilýän il halar eserleri, halkyň ruhy galkynyşy, eziz Watany söýmäge, agzybirlige, halallyga, adalatlylyga çagyrýan eserleriň birnäçesini döretdiler.Olara K.Ballyýewiň we O.Ödäýewiň bilelikde döreden "Prezidentnama" romany we beýleki ençeme goşgy we kyssa eserleri degişlidir.

Halkyň çeper isleginiň ösmegine garaşsyzlyk zamanynyň amaly-haşam sungaty uly täsir edýär. Sowet, totalitar düzgüni döwründe amaly-haşam sungaty ýitip barýardy, senetçileriň we hunärmentçileriň sarpasy tutulmaýardy. Öz gözbaşyny gadymy Altyndepe medeniýetinden alyp gaýdýan amaly-haşam sungatyna çynlakaý sarpa goýulmagynyň gerekdigini, garaşsyzlyk medeniýetini kemala getirmekde onuň ähmiýetini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy nygtap şeýle diýýär: "Mundan beýläk Türkmenistanyň senetçileriniň we hünärmentleriniň sarpalary belent tutular.Çünki Garaşsyz döwletiraizi gurmagymyz bilen biziň öňümizde örboýuna galan wezipäni-täze türkmen medeniýetini kemala getirmek wezipesini gadymy amaly-haşam sungatymyzy, el hünärimizi doly dikeltmezden, göz öňüne getirmek kyn"'.

Zähmetkeşlerde sungata bolan islegdir arzuwy kemala getirýän, olarda çeperçilik başlangyçlaryny oýarýan we işeňňirleşdirýän zehinleri ýüze çykarýan, gözellik terbiýe berýän çeper sungaty giňden ýaýradýan däp bolup gelýän çeper höwesjeňlik sungaty hem gülläp ösdi.

Garaşsyzlyk döwrüniň çeper höwesjeňlik sungaty mazmuny, gömüşi boýunça düýpden üýtgedi we aňy kämilleşdirmegiň iň ähmiýetli serişdeleriniň biri boldy. Esasy görnüşi diňe bir folklordan ybarat bolan bir kysymly ozalky çeper höwesjeňler toparlaryndan tapawutly garaşsyzlyk höwesjeňler: roparlary boýunça-oba, şäher, çagalar, talyplar, zenanlar, esgerler; žanrlary babatynda bolsa aýdym-saz, tans, teatr, wäşiler we beýleki bölümlere bölünýär. "Saýrak jüýjeler", "Merjen däneler" çagalar; "Zenan kalby", "Şasenem joralaryny çagyrýar" zenanlar; "Asyk Aýdyň pir", "Ýaňlan Diýarym" ýaly bäsleşikler we festiwallar täze garaşsyzlyk döwrüniň medeniýet önümleridir.Garaşsyzlyk zamanynyň çeper höwesjeňlik snngatynyň beýleki bir aýratynlygy onuň halkara meýdanyna çykmagydyr. Dürli folklore toparlary halkara ýaryşlaryna (festiwallara) gatnaşyp, türkmen aýdym-saz, tans medeniýetini dünýä ýaýradýarlar.

Sungatyň bu görnuşi uly çeperçilik we terbiýeçilik ähmiýete eýedir. Ol özüne gatnaşýanlarda gözellik gymmatlyklary döretmäge has-da çeper aňy kämilleşdirmäge ýardam berýär. Ol şahsyýeti kämilleşdirýär, gözellik tarapdan terbiýeleýär, zehinleri äşgär edýär, özüni tanadyp dile düşen zehinleri ösen sungata goşýar.

Garaşsyzlyk çeper sungatynda iňňän uly üştünliklere eýe boldy. Emma döwJet, jemgyýet edebiýat we sungat işgärlerinden okyjylary, diňleýjileri, tomaşaçylary

gyzyklandyrjak köp zatlara garaşýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy häzirki şertlerde her bir päk ýürekli, watany söýýän edebiýat we sungat i.şgäri özüniň döredijiligi bilen garaşsyzlyga, adamlaryň täzeçe pikirlenişiniň, aňyýetiniň täzelenmegine kömegi barada oýlanmaly diýýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy edebiýat we sungat işgärleri bilen ýygy-ýygydan geçirýän her bir duşuşygynda hut şu mesele barada duýdurýar: Türkmenistanyň ýazyjy-şahyrlary Beýik Garaşsyzlygymyzyň gözbaşynda durmak bilen, onuň her bir ädiminiň rowaçlanmagyna ruhy goldaw berip geldiler. Häzirki geçiş döwründe olaryň Garaşsyzlyk barada, onuň gadamlary barada, jebislik, agzybirlik, dostluk-doganlyk barada poemalar, powestler, çuňňur mazmunly goşgylar, pýessalar döretmegini durmuş talap edýär"[1]

Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman buržuaz "köpçülikleýin medeniýeti" metbugatyň, radionyň, telewideniýäniň, kinonyň, magnit we wideo ýazgylarynyň üsti bilen zorluga, güýje, wejera, şowinizme ýugurlan ýaramaz hilli önümleri ýaýradýarlar. Ol önümler ösýän döwletleriň ilatynyň ahlagyna, däp-dessurlaryna, durmuş täsirine bilkastlaýyn dakyljak bolunýar. Günbatar "köpçülikleýin medeniýetiniň" şu täsirinden halkymyzy, ylaýta-da ýaş ösdürimlerimizi daşlaşdyrmak we milli häsiýetimize, ruhymyza, däp-dessurlarymyza aralaşyp, olara zeper ýetirmäge synanyşýan eserlere ýol bermezligi baradaky çäreler görülmelidir.

"Köpçülikleýin medeniýeti" şeýle hüjümli şertlerinde Garaşsyzlyk sungat we edebiýat ýokary çeperçilikli dramaturgiýa, milli sungata, halk, nusgawy (klassyk), Garaşsyzlyk gözellik taglymatyna çynlakaý üns bermelidir.

## Gadymy Müsür medeniýeti:

1. Syýasy-jemgyýetçilik gurluşy
2. Müsür medeniýeti we onuň esasy **aýaratynlyklary**
3. Gadymy müsürleriň dini garaýyşlary
4. Ylym, edebiýat we sungat

Ilkinji soragda **mugallym** gadymy Müsüriň syýasy-jemgyýetçilik **ýagdaýyna,** jugrafiki ýerleşine gysgajyk syn berip geçýär. Şonda gadymy Müsüriň dünýäde ilkinji döwlet, ilkinji imperiýa bolandygy aýdylýar. Däbe görä alymlar gadymy Müsür üç taryhyny döwüre bölýärler:

**1. Irki patyşalyga, orta patyşalyga we giçki patyşalyga**

Müsürin Afrika kontinentinde tutýan ýeri, ýerleşiş çägi Nil derýasynyň ykdysady, hojalyk ähmiýeti düşündirilmeli:

Müsür medeniýetiniň esasy alarnaty diýen ikinji soragda onuň ölüme garşy närazlyk bildirmekden ybarat bolandygy degerli mysallar we maglumatlar arkaly **suratlandyrylmaly.** O dünýä, bu dünýä baky ýaşarnaga hyjuw, ölmezlige göreş müsürlileriň bütin dünýägaraýşyny kesgitläpdir, ähli dini garaýyşlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçipdir, gadymymüsür medeniýetini kemala getiripdir.lrki patyşalyk eýýamynda faraonlar hudaýlaşdyrylypdyrlar, olara çäksiz häkimlik berilipdir. **Piramadalar-patyşa guburhanalary** faraonlaryň zemin hökümdarlarydygyny alamatlandyrypdyr. Piramideleryň häsiýetlendirişi . Gizedäki piramidalar toplumynyň-Heopsyň, Hefreniň, Mikeriniň we beýleki belli binaşynas binalary bolan Joseriň, Snofryň piraniidalarynyň üstünde durulyp geçmeli. Soňra orta patyşalyk eýýamynda piramidalaryň kiçi möçberde salynmalygynyň sebäbini,

täze patyşalyk eýýamynda **binaşynaslygyň** dünýewi görnüşe eýe bolandygyny talyplara düşündirmeli.
3-nji soragda gadymy Müsür dini ygtykatlary häsiýetlendirmeli, köphudaýlyk dini düşündirilmeli. Diniň üns merkezinde faraony janly hudaý edip görkezmek esasy wezipe hasaplanypdyr.

4-nji soragda gadymy Müsür ylmynyň, çeper edebiýatynyň we sungatynyň gazananlar>[f] aýdylmaly. Müsür **astronomlaiy** ýyldyzlaryň gündüzem barlygyny, ýöne günüň ony ýapýanygyny bildiripdirler. Matematikleri şaryň ýokarsyny hasaplap bilipdirler. Suw, kiçijik gün sagatlaryny ýasapdyrlar. Medesina, himiýa ylymlary **mumuýalaşdyrmagy** oňat **başarypdyrlar,** ýüregiň işleýşi, gan aýlanyşy, garyn-içege ýollary, bey.nin.in işleýşi baradaky bilimleri ele alypdyrlar. Müsür ylymynyň we medeniýetiniň aýratynlygy ylmy bilimleriň amaly häsiýetde bolandygydyr we esasan oba hojalagynda peýdalananlygydyr. Ylym teoretiki häsiýete eýe bolup bilmejekdi we amaly ýagdaýdan, talaplardan üzňeleşip bilmejekdi.

Amanhoten IV hökümdarlyk eden eýýamynda sungat dünýewi ruhda bolupdyr. Şol döwrüň görnükli eserleri faraonyň özi we onuň aýaly Nefertitiniň heýkel portretleridir. Çeper edebiýat dürli **žanarlarda:** patyň **patyşalaryň** we **akyldarlaryň** ogullaryna öwüt-nesihatlarynda, ertekilerde, powestlerde ýtize çykapdyr. Iň gömükli edebi esei' "Lapykeçiň öz ruhy bilen söhbetidir". Durmuşyň manysyna ynamy gaçan adam ölmek isleýär. Onuň ruhy özüňe kast etmezligi aýydýar, ýalançynyň lezzetlerinden doly **peýdalanmaga** çagyrýar.

Gadymy Grek medeniýeti.

4. Pese düşüş (krizis) eýýamyň (gülläp ösüş eýýamynyň) medeniýeti.

5. Pese düşüş (krizis) eýýamynda grek medeniýeti.

6. Ellinizm eýýamynyň medeniýeti.

Birinji soragyň düşündirilişini "antiki medeniýet" adalgasynyň ýagny b.e.ö. XII asyrda başlanyp, b.e.IV-V asyrlaryna çenli döwri öz içine alýan Gadymy Gresiýanyň we Gadymy Rimiň medeniýetleriniň aňlanylýandygy düşündirilmeli.

Soňra kritmiken medeniýetine geçip, onuň Gresiýanyň iň gadymy medeniýetdigi bellenilýär. Bu medeniýetiň merkezi Krit adasy we materikdäki grek Miken şäheri bolupdyr. Krit-miken medeniýeti b.e.ö.III-II asyrda emele gelipdir we b.e.ö.1200 ýyla çenli ýaşapdyr. Kritiň ähli durmuşy köşkleriň töwereginde geçipdir. Şu ýerde krit köşklerine, olaryň gurluşyna, wezipesine, sungat bezegine syn berilmelidir.

Kritiň durmuşynda diniň roly. Şundan soň krit medeniýetiniň ösüp arşa çykan eýýaminiň b.e.ö.XVI-XV as. birinji ýarymyna degişlidigi we ondan soňra onuň dargama uçrandygy baradaky düşündirişe başlanmaly. Siwilizasiýanyň merkezleriniň Gresiýanyň materik bölegine geçmegi, bu ýerde b.e.ö.1700 ý. kemala gelen miken (ýa-da aheý) medeniýetiniň gülläp ösüşi özleşdirilmeli. Krit-miken medeniýeti b.e.ö.XII-XI as. öz ýaşaýşyny bes edipdir.

Ikinji soragda Gresiýanyň taryhynyň Gomeriň ady bilen baglanşykly beýleki bir eýýamy barada gürrüň gitmeli. Bu döwrüň ähmiýetli gymmatlyklaryna b.e.ö.VIH as. Ýazylan Gomeriň "'lliada" we "Odisseýa" eserleriniň girýänligidir. Bu dünýä belli eserleriň mazmuny gysgajyk

görnüşde talyplara ýetirilmelidir. Gomer eýýamynyň maddy medeniýetiniň, gurluşyk işleriniň, dürli sungat eserleriniň esasy materýallary. Gomer eýýamynyň medeniýetiniň pese gaçyş eýýamy bolmagy.

Üçünji soragda arhaik medeniýeti häsiýetlendirilip, bu medeniýetiň öz içine b.e.ö.XIII-VI asyrlary alandygy bellenilmeli. Bu döwürde Gresiýada Beýik kolonizasiýa ýagdaýy geçýär. Arhaiki döwürde tire obşinasy gutaniykly dargaýar we antiki polis-şäher döwleti döräp başlaýar.
Arhaiki eýýamynyň dini we onuň politeistik häsiýetde bolmagy. Umumygrek we ýerli hudaýlar, olaryň birin-birini häsýetlendirilişi. Grekleriň hudaýlar, gahrymanlar, adamlar barada döreden mifleri we olaryň medeni ähmiýeti düşündirilmeli. Grek medeniyetinde ähraiýetli orunlaryň biriniň hudaýlaryň hatyrasyna gurnalýan oýunlara degişlidigi ünsden düşündirilmeli däldir. Ol oýunlaryň iň görnüklüleri: Olimpiýa, Pifi, Istmi oýunlary bolupdyr. Bularyň döreýiş seneleri, wezipesi we maksady aýdyňlaşdyrylmalydyr.

loniýa arhaiki eýýamynyň ösen welaýaty bolupdyr. Şonuň üçin hut şu ýerde antiki zamanyň ilkinji filosofiki mektebi "naturfilosofiýa" ugry döreýär. Şu mekdebi, onuň görnükli wekillerini mugallym talyplara düşündimielidir.
Edebiýaty. Bu döwürde çeper edebiýat ýatdan, dilden-epos, zähmet aýdymlary, basniýalary we ş.m. görnüşinde bolanlygy. Onuň görnükli wakilleri: Gesiod (b.e.ö. VIII-VII as.), onuň hudaýlaryň döreýşi baradaky "Teogoniýa" eseri, Arhion, Solon, Alkeý we beýleki poeziýa wekilleri barada durup geçmeli. Sungaty. Grek teatiynyň döremegi, binaşynaslyk, onuň dori hem ionik görnüşleri barada takyk gürrüň bermeli.

Dördüňji soragda grek-pers uruşlary, ol urşuň ýunanlar üçin ýeňişli (b.e.ö. 500-499 ý.)tamamlanandygyndan başlanmaly. Şu wakadan soň arhaik eýýamyň tamamlan, klassyky eýýamyň başlan döwri başlanýar.
Soňra mugallym klassyky döwürde ylyma we sungata pygta üns berilip başlanmagynyň üstünde durmaly, Demokrit we onuň atomistik filosofiki garaýş> r.;
Solistleriň we Sokratyň dünýägaraýşynyň beýanynyň açylyp görkezilmegini gazanmaly.
Şu döwürde edebiýat meselesiniň ýagdaýy yzarlanyp, onuň esasy žanrlary bolan tragediýa we komediýa, tragediýany esaslandyryjylar Eshil, Sofokl, dramany dörediji Ewripid, komediýany tapan Aristofan barasynda düşünje bermeli.

Grek taryhy, taryhçy Geredot, onuň taryh baradaky işleri we hyzmatlary barada maglurnatlary bermeli.
B.e.ö. V as. Grek heýkeltaraşlyk sungatynyň gülläp ösmegi. Fidiýa, Miron, Poliklet. Suratçylar we olaryň döredijiliginiň häsiýetlendirilişi. Şu döwürde Gresiýanyn öz ajap binaşynaslyk sungaty bilen bütin dünýä belli bolmagy. Dori, lonik, soňra bolsa Korinf binaşynaslyk görnüşleriniň ösmegi. Bina gurluşygynda Akropol, Parfenon beýleki ajap binalar ulgamlary.

Bäşinji soragda gürrüň b.e.ö.IV as. Grek taryhynyň polis taryhynyň agyr ýagdaýa (krizise) düşen zamanydygy düşündirilýär. Syýasy krizis, grek polislerinde syýasy durmuşyň pese düşmegi. Bu pese düşüşiň ýurduň ruhy durmuşynda beýanyny tapmagy: filosofiýada kinizmiň (bäş wekilleri Antisfen, Diogen Sinoply) peýda bolmagy. Polisiň krizisi döwründe iki ajaýyp antiki filosoflaryň, akyldarlaryň Eflatunyň we Arystunyň yaşamagy, olaryň ömri ýolunyň we dünýägaraýyşlarynyň teswiri.

Döwriň edebiýaty. Onda esasy ornuň prozanyň we tragediýanyň tutanlygy. Suhangörlik sungatynyň ösüp ýokary derejä ýetmegi. Onuň görnükli wekilleri Isokrat, Demosfen baradaky **maglumatlar.**

B.e.ö. IV as. Grek binaşynaslygy, onuň aýratynlyklaiy: amaly-haşam sungatyna köp üns berilip başlanmagy, korinf stiliniň has **gollanylmagy,** gurluşykda tegelek görnüşli çeper görnüşiň köp **ulanylmagy.**

Altynjy soragda Iskender **Zulkaýnaýyň** basypalyjy urşiai*y, onuň netijeleriniň "Dünýäde Hinden, Müsürden orta Aziýa çenli aralykda äpet **imperiýanyň** döredilenligi we ellinistik eýýamyň, Isgenderiň basyp alan ýurtlarynyň hemmesine grek medeniýetiniň ýaýraýyş eýýamynyň **başlanandygy"** güiTüňi bilen başlanýar.

Grek we ýerli medeniýetiň özara baýlaşrnagy netijesinde bitewi ellin medeniýetiniň kemala gelmegi. Ellinistik eýýarada klassyk eýýama häsiýetli bolan nazaryýet (teoriýa) bilen tajribäniň (praktikanyň), ylym bilen tehnikanyň arasyndaky üzňeligiň ýoly çykmagy.

Täze şäherleriň gurulmagy, deňiz ýollarynyň, harby tehnikanyň **ösmeginiň** takyk bilimleriň ösraegine ýardam bermegi Arhimed, Ewklid, Eratosfen, Aristarh Samosly.

Tebigy **ylymlaryň** ösmegi, olaiyň esasynda medesinanyň ösmegi, kitaphanalar, bilimleriň täze **pudagynyň-filologiýanyň** emele gelmegi.

Edebiýat. Filosofiýa, onuň bu döwürde ençeme aýartynlyklara eýe bolmagy: ekleksizm-(dürli **pikirleriň,** garaýyşlaiyň, mekdepleriň, **taglymatlaryň** essasyz **utgaşdyrylmagy);** iki täze filosofiki raekdebiň-epikurçylyk we stoisiszm mekteplerinin peýda bolmagy, olaryň dünýägaraýyşlarynyň düýp mazmuny. Ahlak (etikanyň) filosofiýada esasy bölek **hasaplanylmagy.**

**Gadymy Rim medeniýeti.**

1. Etrusk medeniýeti.
2. Patyşalyk zamanynyň Rim **medeniýeti.**
3. Respublika zamanynyň Rim medeniýeti.
4. Imperiýa **zamanynyň** Rim medeniýeti.

Mowzuk b.e.ö.IV as. dörän ellinistik döwletleriň uzak ýaşandyklaryndan, emma olaryň b.e.ö.II-I asyrlarda Rim tarapyndan basylyp alynandygy baradaky taglymatlary beýan etmekden başlamaly. Esasy bellenilmeli zadyň biri-de şu döwürden başlap antik medeniýetiniň merkeziniň italiýanyň serhedine, çägine geçýändigini kesgitlemekden ybaratdyr.

Etrusk medeniýeti diýen soragda Appenin ýarym adasynda gadymy siwilizasiýa diýilip etrusk medeniýetiniň hasaplanýandygy aýdylmaly. Arhiologik gazyp-agtaryş işleriniň netijesinde etrusk medeniýetiniň ýadygärlikleriniň üstüniň açylmagy. Etrusk medeniýetiniň ösmegine grek medeniýetiniň täsiri.

Ikinji soragda b.e.ö. 753 ýylyň, ýagny Rirn şäheriniň esaslandyrylan ýylynyň Rim imperiýasynyň taryhynyň başlanýan ýylydygy aýdylmaly. Rim şäherleri grek şäher-döwlet kysymynda döräpdirler. Soňra etrusklar zamanyndaky Rimiň ýagdaýy häsiýetlendirmeli. Rimliler greklerden gurluşyk, senetkärçilik tehnikasyny, hat-ýazuwy, Rim sifirleri (sanlary) diýilýänleri guşuň uçusy boýunça, haýwanlaryň içki goşlary boýunça pal atmagy rairas edip alypdyrlar.

Üçünji soragda rowaýat mysal getirilip, oňa görä Rimde etrusk agalygynyň b.e.ö. 510 ý. tamamlananlygy, ýagny gozgalaň turuzan halkyň etrusklaryň soňky patyşasy Tarkwiniýa Buýsançlynyň agdaryp Rim aristokratik

guleýeçilik respupblikasyny yglan edendikleriniň aýdylýandygyny ýatlamaly.

Rim medeniýetiniň ösmegini grekleriň Italiýanyň şäherlerini basyp almagy ýardam edendigini, ýagny rimlileriň has ösen grek medeniýetine çekilmegini çaltlandyrypdyr. Syhangörlük sungaty ösüpdir. Onuň ösmeginiň sebäbi: senatorlatyň senatda, derejeli adamlaryň halk ýygnaklarynda many-mazmunly, akyll-başly çykyş edip bilmek, sungatyny öwrenmegi, diňleýjini ynandyryp bilmek ukybynyň özleşdirmeginiň talaplarydyr.

Rim teatry, onuň b.e.ö. IV as. Işläp başlamagy.

Rim dini, oňa grek diniň uly täsirleri.

Rim edebiýaty we onuň emele gelmegine, ösmegine grek edebiýatynyň örän uly täsiri. OJ edebiýatyň görnükli wekilleri-Plawt, Terensiý, Lukressiý.

' Rim binaşynaslygy, oňa etrusk, esasan-da grek btnaşynaslyk sungatynyň güýçli täsiri.

Rim pelsepesi, oňa grek pelsepesiniň uly täsiri.

Dördünji soragda b.e.ö.31 ý Rim taiyhynyň täze taryhy sahypasynyň-imperiýa taryhy sahypasynyň açylanlygy baradaky maglumatlardan başlamaly. B.e.ö.I as. ahyry b.e.ö.II asyrynda-irki imperiýa zamanynda (prinsipiadyň zamanynda) rim döwleti äpet imperiýa öwrülýär.

Pelsepe. Pelsepäni öwrenmegiň we özleşdirmegiň merkezi bolup Afina galýar. Stoisizm, epikurizm ýaýrap başlaýar. Kiniki ýa-da kiniki pelsepäniň ýaýramagy, bu akymyň ykmanda pelsepeçileriň-kinikleriň jemgyýetiň aşaky gatlagynda hormatlanmagy.

Dinde täze däp-dessurlaryň peýda bolmagy imperatory, bütin Rim imperiýasyny goldaýan, oiia ahossarlyk we

hemaýat edýän aýal hudaýy Ramyny hormatlamak däp-dessurynyň döremegi.
Rimde ylym. Rirniň esasy ylym merkezleri-Rim, Aleksandriýa, Afiny, Karfagen we beýleki şäherler.
Sungat. B.e. I-II asyrlarynda bina edilen iki has belli bina ýadygärlikleri-kolizeý-antiki eýýamyň iň uly amfiteatry; Panteon-hudaýlar öýi. Imperiýa zamanynda portret heýkeltaraşlyk sungatynyň has ösmegi we ýaýramagy.
Hristian dininiň döremegi we onuň sebäpleri, medeni ähmiýeti.

## Arap-musulman medeniýeti.

1. • Arap-musulman döwletiniň emele gelmegi.
2. Gadymy arap medeniýeti.
3. Yslam dininiň döremegi we ýaýramagy.
4. Sinkretiki arap-musulman medeniýetiniň döremegi.
5. Arap-musulman pelsepesi.
6. Arap-musulman ahlakylyk, gözellik pikirleri, edebiýaty we sungaty. Mowzuk kiçijik girişden başlanyp, ozaly bilen "arap medeniýeti" adalgasy we
"araplar" düşünjesiniň aýdyňlaşdyrylmagy bilen başlanmaly. Bu düşünjeler ençeme ýüz ýyllyklaryň dowamynda öz ähmiýetini üýtgedip gelipdir. VII asyra çenli "araplar" diýlende Arap ýarym adasynyň Çarwa ilatyna, Günoita Arabystanyň oturymly ilatyna düşünipdirler.

Soňra arap ýaryra adasynyň çarwalarynyň ýakyn gündogaryň güýçli impenýalarynyň biri bolan Wizantiýa we Eýrana yzygiderli gysyş görkezip gelendigi aýdylmaly. ArapJar VII-VIII asyrlarda özleriniň uly möçberli basypalyjykly hereketine başlaýar, netijede imperiýa-halyfat döredilýär.

Emele gelen arap-musulman döwleti basylyp alynan ýerli ilatyň medeni durmuşyny birden we hemme ýerlerde üýtgedip bilmeýär.

Orta asyrlar arap medeniýeti halyfatyň hemme halklary tarapyndan döredilipdir. Ikinji soragda mugallym talyplara Injildäki, grek jurafiýaçylary, beýleki halkalryň hat-ýazuw ýadygärliklerdäki araplaryň gadym watany-Arap ýaiym adasy baradaky maglumatlarynyň üstünde durup geçýär. Araplaryň syýasy, ykdysady, ruhy durmuşy häsiýetlendirilmeli. Üçünji soragda 3-nji dünýä dinini, onuň döremegi, sebäpleri, köphudaýlyk aňynyň kem-kemden ýitip gitmegi düşündirilýär. Muhammet pygamber yslam dinini esaslandyryjydyr. Dört çaryýarlar. Gurhan. Hadysalar. Şerigat. Soňra irki musulman (omeýadlar) medeniýetiniň düşündirilmegine geçmeli. Muhammediň ölümi, ýokary häkimJigiň onuň orunbasarlarynyň-halyflaryň eline geçmegi.

Dördünji soragda VII asyryň ortalaryndan başlap halyfatyň abbasylar neberesiniň eline gelmegi barada aýdylyp, halyfatyň kem-kemden dargama başlamagy-ençeme özbaşdak musulman döwletleriniň emele gelmegi bilen tamamlandygy suratlandyrmaly. VIII asyryň ikinji ýarymynda Halyfatyň medeniýeti ýokary galyp başlaýar. Bütewi Halyfatda söwdanyň. Şäherleriň ösmegi.
Ellenistik medeniýetiň özleşdirilişi we onuň ýoilary: Hristian sholastikasynyň üsti arkaly musulman dini taglymatçylaryny gyzyklandyran meseleleriň-erk azatlygy, kysraat-täleý, hudaýyň mazmuny we alamatlary baradaky pikiiieriň döremegi, ähli ellinistik bilimler boýunça terjimeleriň ýola goýulmagy. Eflatyň we Arustunyň eserlerine aýratyn gyzyklanma döremegi. Medesinada esasy omuň Galene, onuň işleriniň terjimesine berilmegi,

onuň "Şipa otlary baradaky kitabynyň", "Galeniň 16 eseri'[1] diýen eserleriniň has ýaýramagy.

Bäşinji soragda orta asyr arap pelsepesiniň emele gelmeginiň sebäpleri: ellin filosofiýasynyň terjimeleri we teswirleri; gündogar akyldarlary tarapyndan işlenip-düzülen pelsepeýi taglymatlar, mutakallimler, sopular pelsepesi,

Iň soňky soragda arap edebiýetynyň we sungatynyň "Altyn Asyry"-gülläp Ösen zamany VIII-XII asyr barada durlup geçilmeli. Ösüş eýýamlary: "Täzeleniş eýýamy"(VIH-IX as.), "Gadymyýete dolanmak eýýamy" (X as.), "Edebi sintez döwri" (XI-XLIl as.)

Suratkeşlik. Dürli mysallar üsti arkaly hudaýyň, adamyň, janly-jandarlaryň suratlarynyň, keşbiniň çekilmeginiň gadaganlaşdyrylmagy görkezilip geçilmeli. Arap nagyş. amaly-haşam sungatynyň aýratynlyklary bellenmeli, kallegrafik sungata garalyp geçilmeli.

Arap edebiýaty barada giňişleýin durup geçmeli. Esasan onuň has ösen žanflarynyň biri bolan "adap-edip" žanry barada düýpli düşünje bermäge çalyşmaly. Adabda bolsa esasy ornuň adam idealyna-edermenlik, sabyrlalyk, salyhatlylyk, özüňe erk edip bilmek, adyllyk, sowatlylyk, akyllylyk ýaly ahlak-ruhy gymmatlyklaryň myrat-maksat edinilmegine, olara nusga kimin ýetmäge kämilleýiş serişdesi hökmünde garalmagyna talybyň ünsi çekilmelidir.

## Gadymy we orta asyrlar Eýran medeniýeti.

1. Jugrafiki ýerleşişi, syýasy-ykdysady we jemgyýetçilik ýagdaýy.
2. Gadymy we orta asyrlar Eýran medeniýeti.

Birinji soragda Eýranyň tutýan çägi, serhedi, hojalygy barada gürrüň gidip, ýurduň gadymy zamanlarda, soňraky

döwürlerde çarwalar we çomurlar mekany bolandygy, hojalygyň esasan emeli suwaryş ulgamyna esaslanandygy görkezmeli. Köp sanly uly şäherleriň, olarda söwdanyň, senetçiligiň ösendigi, ýurtda pul-haiyt gatnaşyklarynyň ösendigi, çylşyrymly salgyt ulgamynyň bolandygy bellenilmeii.

B.e.ö.VI as. Ortalarynda Eýranyň çäginde Ahemineler döwletiniň döremegi, onuň örän güýçli döwlet bolandygy, ol imperiýanyň gysga wagt içinde Babyly, Siriýany, Kiçi Aziýany, Müsüri, soňra Türkmenistanyň dag eteklerini basyp alandygy aýdylmaly. Kiriň we Dariniň basybalyjylary b.e.ö.530 ý. Tomarisiň ýolbaşçylygynda Kiriň ýeňilmegi. B.e.ö.552 ý. Fradanyň gozgalany we onuň netijeleri.

Gadyray Eýran medemýetiň kemala gelmeginde dürli halklaryň goşandy. Eýran medeniýetiniň goňşy medeniýetlerine, şol sanda türkrnen medeniýetine täsiri. Gadymy Eýranyň adamlarynyň dünýägaraýşy, oňa düşünmegiň ýollary. Eýranlylaryň dünýägaraýşynyň, olaryň binaşynaslyk, heýkeltaraşlyk, daşyň ýüzüne oýup nagyş salma, hasamly sungatyna, ruhanylarynyň mukaddes işlerine "siňmegi" sada we düşhükli teswirlenmeli.

Eýran kosmogoniýasy-dörtburçluk bilen tegelek halkynyň utgaşmagy. Gadymy Eýran mazdakitier dini we onuň esasy mazmuny.

Eýran sungaty. Ellinistik sungat bilen Eýran sungatynyň degşirilmesi geçirilip, olaryň tapawudy görkezilmeli. "Behistin ýadygäiiigi". Beýik Kiriň we Dariý I patyşalyk eden zamanynda Eyran sungatynyň has ösendigi ýörite bellenraäge raynasyp mesele bolmalydyr. Patyşa Dariniň işlerini we ideýalaryny bakylaşdyrmak

üçin b.e.ö. 520 ý. bütin bir dag gaýasynda oňulyp haşamlanan ýazgy edllipdir. 152 metr belentlikde ýasalan bu ýadygärlik dünýäde iň uly gaýa ýazgysydyr. Oňa Behistun ýazgylary diýilýär.

VI a. başlarynda Eýranda, Orta Aziýada mazdakçylyk hereketiniň döremegi. Onuň ýolbaşçysy Mazdak bolupdyr, manyheýçilige esaslanypdyr. Araplar basyp alşyndan soň yslam dini kabul edilip, onuň şagylar tarapy goldanylýar.

Filosofiýa: rasionalistik, akyl-paýhasa esaslanan pelsepeýi garaýyşlaryň emele gelmegi. Kalam ylymy. Sasanylar döwründe danadarlygyň has ösen gömüşi bolan "andaraz"-öwüt-nesihat pelsepesi giňişleýin düşündirilmelidir. "Hikmet", "hikmete amaly" pelsepe mazmuny aýdyňlaşdyrylmalydyr. Görnükli akyldarlary: el-Razy, el-Gazaly, Sodra Şirazy.

Eýran-bu kitap surat sungatydyr, pars miniaturasydyr, kalligrafiýa sungatydyr. Eýran bütin bir şahyrlar ulgamydyr-Firdowsi, Saady, Hafiz, Jamy.Eýran haly önüminde, binaşynaslykda özüni tanadan ýurtdyr.

Eýran amaly-haşam sungaty, onuň aýratynlyklary bilen talyplar mümkin gadar görkezme esbaplarynyň üsti arkaly tanyşdyrylmalydyr.

## Orta asyrlar Ýewropa medeniýeti.

1. Jemgyýetçilik ýagdaýy.
2. Orta asyrlar düşünjesi we eýýamyň umutny häsiýetlendirilişi.
3. Orta asyrlarda medeniýetiň ösüşi.

1-nji soragda Ýewropanyň çägi, tebigaty, sosial ýagdaýy barada aýdylyp esasy gürrüň sosial gatlaklar, olaryň ýagdaýy häsiýetlendirilmeli. Orta asyrlaryň esasy ilaty daýhanlardyr. Jemgyýet üç gatlaga-buthanaçylara,

daýhanlara, rysarlara (asylly, mert, edermen, belent duýguly adamlar) bölünipdir. Orta asyrlar sosial idealy (ideýa, garaýyş, kämillik, haýsam bolsa bir zadyň kämil nusgasy, arzuw edilýän zada, işe ýetmegiň ýokary maksady)-ruhanlaryň durmuşyna, esgerleriň gahrymançylygyna ýetmek. Jemgyvetde daýhanlaryň esgerilmedigi. Daýhanlaryň ýetmezçiliginiň dini tarapdan butparazlyga, köphudaýlyga uýmagyndan, medeni ýetmezçiligini nadanlygyndan we sowatsyzlygyndan, sosial ýetmezçiligini hukuksyzlygyndan görmekleri. Daýhan hukugy diňe boýun bolmak, gulak asmak, ümsümje gezmek bolupdyr,

2-nji soragda döwür takyklanyp, onuň öz içine V-XV a.1000 ýyly alýandygy ýatlamaly. Däp boýunça orta asyrlar "reaksion", "tümlik asyry", "klerikalizmiň ruhy siňen zamana" hasaplanýar. Müňlerçe ýyllaryň dowamynda adamzada baý maddy we ruhy medeniýeti beren jemgyýete, eýýama şeýle bahaq baha bermek, elbetde nädogrydyr.

Feodal önümçilik usulynyň häsiýetli aýratynlyklary: öndüriji güýçleriň pes dereje bolmagy, haýal ösmegi. Önümçilik güýjünde esasy orunda oba hojalygynyň durmagy. Tehnikanyň pes ösüşi, däp-desuryň güýji, natural hojalygyň höküm sürmegi; halk medeniýetiniň däp-dessurlary saklaýjylygy; medeniýetde diniň hökümi; dyngysyz uruşlar, epideniiýalar we olaryň ilaty horgaýşy;özge pikirleriň inkwizasiýa tarapyndan sem edilmegi.

3-nji soragda orta asyrlar medeniýeti barlanamly. Orta asyr medeniýeti düşünjesi-irki ösen, ýaşan döwürlere bölünýär. Her bir döwür tapawutly, her birinji öz ruhy durmuşy, medeniýeti bar.

Orta asyrlar "gatan", "tümlik" asyry däldir. Orta asyrlarda: maşynlar ulanylyp başlanýar; suw degirmenleri, tigirleri peýda bolýar; dolandyryş enjamy bolan rul tapylýar; kitap çap edilip başlanýar we ş.m.

Orta asyr medeniýeti köp bosgançylyk bolupdyr. Medeniýetde synag toparlar bir-birinden tapawutlanýanypdyrlar. Sowatly adamalar daýhanlara garanda başga mentalitetli bolupdyr. Daýhanlar üýgülmän, özgertmeň tarapyny tutmandyrlar.

Orta asyrlar üçin iki medeni çelgi häsiýetli bolupdyr: 1 .buthananyň, teologiýa ylym-biliminiň .2.halk karnawal, smehowoý (ýomaklar, şadyýan ülkili wakalar). Ýönekeý halkyft durmuşynda esasy ýerde halk aýdym-sazy, tans, folklor, halk batyrlary baradaky hekaýalar aýdymlar durupdyrlar. Halk medeniýetinde ykmanda, ondan ona gezip ýören artistler, sazandalar, şahyrlar, sirkçiler tapawutlanypdyrlar.

Medeni çelgi orta asyr adamsynyň aňynyň dürli görnüşlüligine getiripdir. Orta asyr adamasynyň dünýägaraýşy we onuň esasy alamatlar

l.Älem-jahana orta asyr adamsynyň gözi bilen garapdyrlar-Hudaý dünýäni dörediji güýç, adamynyň hudaýyň işine gatnaşraagy; 2) Hemme zat diňe hudaýa baglydyr; 3) Adäm nalajedeýin,gowşak günäli mahlukdyr.

V-X as. Ýewropada kitaplar peýda bolýar.Olaryň kagyzlary pergamentden-göle hamyndan edilip, ýuzlerçe haýwanlaryň we adamlaryň suraty çekilen miniatýuralardan durupdyr.

Orta asyr sungaty antik zamanyň sungaty bilen deňeşdirilende pese düşge döwri bolupdyr. Döredilen zatlarda, eserlerde nepislik,gözellik, inçelik galmandyr. Antikadan galan ýadygärlikler aglabasy ýatdan

çykarylypdyr meselem, antiki skulptura. Adamyň suratynyň berilişi hem sadaja, ýönekeý, gelşiksiz çeküipdir. Pese düşüş IX as. Ah.yry.na çenli dowarn edipdir.

Medeniýet ösen orta as.has ösýär. Olösüşe şäherleriň ulamagy, söwda we senetçilik merkezleriniň ösmegi ýardam edýär. Mecleni ösüşde täze hadysa bölüp, roman stilini döreden şäher medeniýeti çykyş edýär. Roman stili äpet göwrümli, galyň, berk täsin nagyşly daşdan salynan jaýlarda beýanyny tapypdyr.

. Ösen orta as. Sungatda esasy orun arhitektura degişli boplupdyr. Totiki stil. Şu döwürde bütin Ýewropa yürtlarynyň medeniýeti hrestiançylyk bilen kesgitlenipdir. Hristian dini taglymatlary Yewropanyň köp ýurtlarynda tassyklanýar. Hristian dininiň esasy-Isanyň direimegine, ölenleriň direlmegine, hudaýyň üç keşpliHgine ynanmak.

X-IX asyr. Yewropada mekdepler we uniwersitetler we olaryň häsiýetlendirilişi. Dini we dünýewi bilimler.

Edebiýat. Irki orta as. Yewropa edebiýatynda dilden, ýatdan aýdylýan poeziýa, Angliýa we Skandinawiýa häsiýetli bolan gahrymançylykly eposlaryň ýaýramagy.

Rysarçylyk edebiýatyň kemala gelmegi we onuň mazmuny "Roland hakynda aýdym'\ Germaniýada minnezingerler, Fransiýada kutuaz, tmbadurlar poeziýasy.

**X-XIII as. Fransiýa, Angliýa, Ttaliýa edebiýaty.**

Günbatar Yewropa ýurtlarynda teatr sungaty, binaşynaslyk, heýkeltaraşlyk şekillendiriş sungatyň üstünlikleri.

1 S.Mowzuk.Yewropada Galkynyş zamanynyň medeniýeti.

Leksiýanyň başynda XIV as. Ahyrynda XVII as. Başlarynda Ýewropada ilki bilen XIV as. Italiýada, soňra XV-XVI as. Beýleki Günbatar Ýewropa ýurtlarynda Galkynyş eýýamy. Galkynyş medeniýeti adyny alan irki buržuaz medeniýetiniň kemala gelip başlandygyn\Ti üstünde durup geçmeli. Bu medeniýetiň ösüp baiýan buržuaziýanyň bähbidini şöhlelendirend'_

Katolik buthanasy dünýägaraýşynyň, çäkli orta asyrlar sholostikasynyň tersine döredijilikli, durmuşy ykrar edýän **(xcfKHeyTBepxqjafomifii)** dünýägaraýaşy, dünýäni hakyky **suratlandyrýan** sungatyň ajap nusgalaryny döredýänligi bellemeli. Bu eýýam, medeniýeti beýik açyşlar we oýlap tapyşlar eýýamy, Gadymy ýunyň we Rim edebiýatyna, sungatyna islegi oýandyrýan eýýamdyr. Bu zamanyň belli ylym edebiýat, Dano Bruno, Mikelanželo, Rafael, Leonardo da Winçi we onlarça beýleki ruhy pälwanlardyr.

Soňra Galkynyş medeniýetiniň aşakdaky häsiýetli aýratynlyklaryna üns çekilmegi:

1. Pikir ugrukdurulyşynyň üýtgemegi.
2. **Ýewropa** medeniýetinde dünýewi äheňleriň güýçlenmegi
3. Jemgyýetçilik aňynyň kem-kemden ygtyýaryndan **başlamagy.** Galkynyşyň, onuň wekilleriniň üns merkezinde adam meselesiniň goýulmagy,

gumanistleriň "ideal adam" **mtaglymatynyň** mazmuny talyplara **maglumatlar** arkaly berilmelidir.

Galkynyş medeniýetiniň häsiýetli tarapynyň beýleki biri bolan durmuş eşretlerinden **lezzetlenmek** meselesidir.

Şulardan soň Galkynyş medeniýetiniň üç **eýýamynyň-Irki,** Ýokary, Giçki eýýamlarynyň häsiýetlendirilişine geçilmeli. Irki **Galkynyşyň** gömükli heýkeltaryşlar

Donatelo, **binaşynaslyk** BunelJeski we olaryň döredijiligi, **Ýokary** Galkyşda Italiýada ynsanperwerlik, gumanistik Leonardo da Winçi, Rafael we olaryň äleme belli ajaýyp işleri görkezilmeli, 40-nji ýyllardan asyryň ahyrlaiyna, XVII as. Ilkinji ýyllaryna çenli dowam zamanasy **häsiýetlendirmeli.**

Katolik garşylygy we onuň ynsanperwerlik herekete uran uly zarbasy we onuň tersin netijeleri.

XV asyrda **ynsanperwerlik** hereketiniň umumyýewropa hadysyna öwrülenligi, ýagny Italiýanyň çäginden çykyp, ähli Ýewropa ýurtlaryna aralaşmagy, ýaýramagy.

Indiki nobat Germaniýada, Şweýsariýada, Liderlandlarda, Angliýada, Ispaniýada, Fransiýada we beýleki **Ýewropa** ýurtlarynda ynsanperwerlik hereketiniň, Galkynyşyň gidişiniň aýartynlyklarynyň aýratyn milli gazananlarynyň liderleriniň bolanlygy düşündirmeli. Gumanistik hereketiň Germaniýada refomiasiýanyň, Liderlanlarda ritoriki **(suhangorlik)** jemgyýetleriniň, Angliýada Oksfort uniwersitetiniň ylmy-bilimi ýaýratmak işiniň üsti arkaly geçirilendigi mugallym talyplara aytmalydyr.

Mowzugyn many-mazmuny Beýik Saparmyrat **Türkmenbaşynyň** Ýewropa galkynyşy, Gündogar we Günbatar Galkynyşynyň mynasybiti, medeniýetiniň oňa täsirleri baradaky ähli işlerinifi, Mukaddes **Rühnamanyň** maglumatlaiy, garaýyşlary we usulyýeti esasynda we şolara baglylykda berilmeli.

**XX-XXI asyrlar medeniýeti we onuň köpdürlüigi.**

**1.** XX-XXI asyrlar häsiýetlendirilişi.

2. Medeniýetde raillilik we umumyadamzatlyk we olaryň özara gatnaşygy.

1-nji soragda XXI-XX asyrlar ösüşindäki esasy meýiller barada gürrüň etmeli. "Wagt ölçegi" düşünjesi esasynda ö\\Tenilýän döwrüň haýsy medeni gymmatlyklary saklaýar, haýsylaryny kabul etdi. Soňra şu taryhy şerterde ynsanperwerlik düzgünleriň we ideýalaryň giň möçberde ýaýrady. Häzirki zaman ynsanperwerlik garaýşynyň esasy many-mazmuny. Kosmizm-häzirki zaman medeniýetiniň ajaýyp hadysadyr. Noosfera medeniýeti we onuň düýp mazmuny. Tehnika we tehnologiki **bilimleriň** ösüşi. Medeniýet bilen giobolizasiýanyň raynasybiýeti.

2-nji soragda häzirki zaman medeniýetinde millik we umumyadamzatlyk meselesi düşündirilmeli. Soňra XX-XXI asyrlarda köpçülikleýin we elitar medeniýetleri häsýetlendirmeli. Buržuaz demokratiýasynyň **ykbaly-döwrüň** syýasy düzümi, milletçilige irraňionalizme meýliň güjemegi barada aýdylmaly.

Özüniň aýdyň düşündirilmegini talap edýän meseläniň biri-de milli medeniýetiň güýçli ösmegi netijesinde dünýä medeniýetiniň emele gelmegidir.

Şu mesele düşündirilenden soň milli medeniýet barada umumy maglumat berilip, onuň şu asyrlardaky alamatlary dürli maglumatlara esaslanyp berilmelidir.

Mugallym çylşyrymly sorag bolan milli medeniýetiň tipleriniň (gömüşleriniň) üstünde durup geçmelidir. Munuň üçin her bir ýurduň milli medeniň häsiýetlendirilmesi getirilmeli. Meselem, Amerikan, Latyn Amerikasy, Ýapon medeniýeti häsiýetlendirilse ýetirlikdir. Amerikan medeni däp-desurlary barada gürrüň gidende onuň medeni gymmatlyklary, adaty, durmuş täri, amerikan kinosy, Goliwud, amerikan we dünýä medeni gatnaşyklary barada aýtmaly.

Yapon medeni däp-dessurlary häsiýetlendirilende ýapon şahsy medeniýetiniň aýartynlyklaiy beýan edilýär. Ýapon ýaşaýyşy we durmuş täri barlanýar, ýapon medeniýetinift milli özboluşlylygy düşündirilýär.
Latyn Amerikanyň medeniýetine gezek gelende talyplaryň has gyzyklanýan maýýa we atsekler medeniýetine üns berilmelidir. Mowzugy häzirki zaman tehnologiýasy-robot tehnikasy, informatika, internet, biotehnologiýa, döwrüň edebiýaty we sungaty düşündirilmeli.

# III. EDEBIÝAT

**Esasy:**

1.Gurbanguly Berdimuhamedow “Garaşsyzlyga guwanmak Watany söýmek bagtdyr”-Aşgabat. 2007

2. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”-Aşgabat. 2007

3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”-Aşgabat. 2007

4. Gurbanguly Berdimuhamedow “Ösüşiň täze belentliklerine tarap” Saýlanan eserler I tom.-Aşgabat. 5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat: 2001.

6.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama II kitap, Aşgabat:2004.

**Goşmaça:**

1.Kulturologiýa “Istoriýa mirowoý kultury” Moskwa. 1995.

2.Kulturologiýa XX wek. Sank-Peterburg. 1987.

3.Kulturologiýa “Istoriýa mirowoý kultury”. Uçebnik dlýa WUZ-ow. Moskwa 1987.

4. Kulturologiýa “Osnowa teorii istorii” Sank-Peterburg. 1996.

**III.**

1.Türkmen edebiýatynyň taryhy I tom. Aşgabat 1975. II tom. 1976 ý.

2. Magtymguly. Aşgabat. 1991 ý.

3. Seýdi. Aşgabat. 1991 ý.

4. Mollanepes. Aşgabat, 1991 ý.

5. Rejebow S. Hudožnik, sungat, estetika. Aşgabat. 1990 ý